# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

## ÖZ ÇÖLÜŇIZDE GÜÝÇ WE MAKSAT EDINIŇ



JON BIWER

Mähriban okyjym!

Biz synaglara we kynçylyklara uçranymyzda, Hudaýyň wadalaryny aňsatlyk bilen göz öňümizden ýitirip bilýäris. Men şu kitaby sizi ruhlandyrmak üçin ýazdym, sebäbi her bir durmuş tapgyrynyň, hatda çölüň-de öz maksady bar.

Biz çölden geçenimizde, Hudaý biziň üçin niýetlän meýlini amala aşyrmaga taýynlap, ýüregimizi ýumşadýar we häsiýetimizi emele getirýär. Göräýmege, Hudaý dymyp, Onuň huzury bizden uzak ýaly bolup görünýär, emma Ol bizi ýalňyz goýan däldir; Hudaý sizde Öz işini amal edýär. Siz şu kitabyň sahypalarynda çölden üstünlikli geçen ýagdaýyňyzda öňegidişligiň bolýandygyny görersiňiz.

Bu kitap siziň üçin sowgat. Bu kitabyň ruhlandyrmasyna mätäç bolan beýleki imanlylar bilen ony batyrgaýlyk bilen paýlaşyň. Şeýle-de, öz durmuşyňyzy özgerdip biljek beýleki köp resurslary ene diliňizde öwrenmek we indirmek üçin, CloudLibrary.org saýtyna giriň.

Men Onuň güýjüni we ygtyýarlygyny köpden-köp alyp, rehim-şepagatdan dolup, Onuň sesini eşitmäge ukyply halda çölden çykmagyňyz üçin dileg edýärin. Men altynyň otda arassalanyşy ýaly, siziň-de arassalanyş wagtyňyzyň sap altyny emele getirmegi üçin dileg edýärin.

Onuň wadalaryny saklaň we öz ýoluňyzy üstünlikli tamamlaň!

Goý, Hudaý size Öz ýalkanyşlaryny eçilsin!

Jon





Jon Biwer
JohnBevere@ymail.com

CloudLibrary.org

MESSENGER
INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

ÖZ ÇÖLÜŇIZDE
GÜÝÇ WE
MAKSAT EDINIŇ

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

ÖZ ÇÖLÜŇIZDE
GÜÝÇ WE
MAKSAT EDINIŇ



JON BIWER

God Where Are You?! by John Bevere, Turkmen
© 2019 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Originally published in English as God Where Are You?!
Additional resources in Turkmen by John Bevere are available
for free download at: www.CloudLibrary.org
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

“Hudaý, Sen nirede?!”, Jon Biwer, türkmen dilinde
© 2019 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Ilkibaşda iňlis dilinde “God Where Are You?!” ady bilen neşir edilen.
Jon Biweriň türkmen dilindäki goşmaça maglumat serişdelerini
www.CloudLibrary.org salgysyndan mugt indirip bilersiňiz.
Awtor bilen şu elektron salgysy boýunça habarlaşyp
bilersiňiz: JohnBevere@ymail.com

# MAZMUNY


SÖZBAŞY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . vii

GIRIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 1

1 “SEN NIREDE?” . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5

2 OŇAT JEMAGATDA . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17

3 GEREK BOLAN ÇÖL . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27

4 ÖZARA GATNAŞYK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37

5 TÄZE ŞERAP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51

6 GÖKLER BAÝRAGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67

7 HUDAÝÝŇ AJAÝYP ÝOLY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79

8 YMYKLY GURUŇ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95

9 GÜÝÇ TÜRGENLEŞIGI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111

10 ÇÖLDÄKI SUW . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 125

11 REBBE ÝOL TAÝÝARLAŇ . . . . . . . . . . . . . . . . . 139

12 ÇÖLDÄKI ÝEŇIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155

MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR . . . . . . . .175

GOŞUNDY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .181

# SÖZBAŞY

*“Reb Siona, onuň ähli harabalaryna teselli berer, onuň çölüni Erem deý eder, Rebbiň bagy deý eder onuň sährasyny; şatlyk we begenç, şükür we aýdym sesi eşidiler ondan”.*

**– Işaýa 51:3**

Men Işaýa pygamberiň kitabyny halaýaryn – ol meniň Köne Ähtdäki iň halaýan pygamberim. Işaýa pygamber bu aýadynda Hudaýyň çölümizi pajarlap gülleýän bag-bakja öwürmegi tüýs ýürekden isleýändigi babatda bizi ynandyrmak üçin, allegoriýalary ulanýar. Onuň sözleri çöl ýeriň gurak topragynyň hakykatda biziň özgerişliklerimize itergi berýändigini görkezýär. Biz özümizdäki zatlaryň bary elimizden alnanda, näme boljakdygy barada aýanlyklary alýarys. Atamyz bizi wada beren ýerine eltmek üçin, bizi taýýarlanma möwsüminden geçirýär.

Men sustupeslik çölünden geçenimde, ýanýoldaşymyň ýanynda bolmak miýesser etdi; şol döwürde çölüň sustupeslik ürgün çägeleri üstümizi basaýjak-basaýjak bolýardy. Men ýanýoldaşymyň dileg edişini, oýlanyşyny we “Hudaý, Sen nirede?!” diýip çagyryşyny görýärdim.

Biz köplenç ýarygijä çenli oturyp, öz-özümizden nämäni ýalňyş edendigimizi soraýardyk. Belki, biz haýsydyr bir säwlige ýol berendiris? Belki, biz haýsydyr bir ýalňyşlyk goýberip, ony düzetmek heniz giç däldir?

Jon eşitmek we jogaplary agtarmak üçin, her gün säherde – heniz gün dogmanka öýden çykýardy. Ol her gün hut şol gün oňa aýdyňlygy we özgerişlikleri getirer diýip umyt edýärdi. Men onuň gelerine garaşyp gözüm ýolda galýardy. Onuň dolanyp gelýän wagtynda ogullarymyz eýýäm oýanýardylar. Men:

- Hudaýdan, heý, bir zatlar eşitdiňmi? – diýip pyşyrdap soraýardym.

Jon başyny ýaýkaýardy. Şonda köňlüm gaýga batyp, umydym ümür kimin dargaýardy.

Biz, belki, akylymyzdan azaşandyrys? Biz hakykatdan-da Hudaýdan eşitdimikäk? Eýsem bu hakykatdymy? Eger Hudaý bizi şu ýere getiren bolsa, onda Ol näme üçin bu çöllüň jümmüşinde dymýarka?

Hawa, men çölde zeýrenýärdim.

Wah, men şol döwürde şindi bilýän zatlarymy bilsem bolmaýarmy! Şonda men bu möwsümden parahat ýürek we imandan doly ädimler bilen geçerdim. Men özümiň päklenme we taýýarlyk tapgyryndan geçýändigime aň ýetirerdim.

Şeýle nukdaýnazardan men şu kitaby gollanma we köp ýagdaýda sowgat diýip hasaplaýaryn. Şu möwsümiň sapaklaryny kabul ediň, olar size gelejekde oňat ýardam bererler.

Ruhdan düşmäň! Siz ýalňyz dälsiňiz!

- Liza Biwer,

*“Nýu-Ýork Taýmsyň”* pikirine görä bestsellerleriň awtory.

“Messenjer Inreneşenel” hyzmatyny esaslandyryjalyryň biri.

# GIRIŞ

Bu kitap meniň çölde geçiren wagtymy, şeýle-de başga köp adamlaryň şeýle başdangeçirmelerini beýan edýär. Men Hudaýyň özüm üçin niýetlän zatlaryň ählisine heniz "ýetemok" we alamok. Emma Hudaýdaky çakylygyňyza ymtylmaga güýji we gaýraty şu kitabyň sahypalaryndan tapmagyňyz üçin dileg edýärin.

Men bu kitap hemme soraglara jogap berýän we hemme zady öz içine alýan derňew diýip hasaplamok. Bu mowzukdan ýazylyp biläýjek zatlaryň ençemesi bar. Ýöne açyk ýürekden paýlaşýan bu wakam çöl möwsüminiň esasy tapgyrlaryny öz içine alýar. Bu kitabyň maksady Mukaddes Ruha  ýol bermek arkaly bu habary durmuşyňyzda ulanyp bileriňiz ýaly, şeýle mowzugy dykgatyňyza ýetirmekden ybarat.

Bu kitapda çölüň *nämedigi* we *näme däldigi* barada – onuň maksatlary we peýdasy barada aýdylýar. Men şu kitapdaky mysallar we öwütler arkaly çöl möwsüminden danalyk bilen geçmegiňiz üçin dileg edýärin.

Kitaby okanyňyzda durmuşymdaky mysallaryň köpüsiniň hyzmatymyň ilkinji iki wezipesinde işlän döwrüme degişlidigini görersiňiz. Ilkinji wezipämde men Tehas ştatynyň Dallas şäherinde öz çopanyma we onuň myhmanlaryna dört ýarym ýyllap hyzmat etdim. Meniň çöl möwsümim şu hyzmatda bolan döwrümiň soňky on sekiz aýynda bolupdy. Çölüň ikinji möwsümi Floridadaky ýygnaklaryň birinde iki ýarym ýylyň dowamynda ýaşlaryň çopany bolan döwrüme düşdi. Şu wezipede başdan geçiren çöllümi Dallasdaky çöl möwsümi bilen deňeşdireniňde, soňkusy edil gezelenç kimin görünýärdi. Haýran galmaly zat – bu dartgynly çöl möwsümi hem şu wezipämiň soňky on sekiz aýyny gurşapdy.

Durmuşymda başga-da çöl möwsümleri boldumy?  Hawa, boldy. Ýöne bu möwsümleriň gelen döwürlerinde men olaryň näme aňladýandygyna eýýäm has oňat düşünýärdim. Netijede, men ozalkym ýaly: "Hudaý, näme bolýar?" ýa-da "Hudaý, Sen nirede?!" diýip gaý-

ta-gaýta gygyrmaýardym. Ozalky möwsümleriň dowamynda men köp zatlary öwrenipdim, şoňa görä-de, çölde nämeleriň bolýandygyny we olara nähili garamalydygyny bilýärdim.

Men şeýle möwsümleri başdan geçiren aýaldyr erkekleriň ençemesi bilen gürrüňdeş boldum. Şeýle gürrüňleriň dowamynda men adatça aljyraňňylyk we lapykeçlik barada eşidýärdim. Köp adamlar nämeleriň bolýandygyna hiç düşünip bilmeýärdiler. Ýaňy-ýakynda aýalym Liza bilen çöl barada iki sany audiogepleşigi ýazgy etdik, olara gelen seslenmeler öňde-soňda alan seslenmelerimizden has köp boldy. Bu ýagdaý ilkibaşda “Çöldäki ýeňiş” ady bilen çap edilen ilkinji kitabyma gaýtadan garamaga mejbur etdi.

Men bu kitaby takmynan otuz ýyl mundan ozal ýazypdym. Men ony ünsli okanymda, onuň 1980-nji ýylyň ahyrlaryna, 1990-njy ýyllaryň başyna degişli pygamberlikdigine aň ýetirdim. Şoňa görä-de, redaktor ikimiz bimöhlet hakykaty saýlap alyp, onuň üstüni soňky otuz ýylyň dowamynda alan aýanlyklarymyz bilen dolduryp, bu kitaby gaýtadan ýazdyk. Şunlukda, bu üsti doldurylan we gaýtadan gözden geçirilen kitap däl-de, täze habardyr. Men eliňizdäki şu kitabyň hiç bir möhleti bolmadyk habardygyna ynanýaryn, onuň adamlara şu gün we gelejekdäki nesillerde bu wajyp möwsümden geçmäge kömek eder diýip umyt edýärin.

“Her zadyň öz möwriti bar, gögüň astynda her zadyň öz wagty bar” diýip ýazylgy (Wagyz kitaby). Biziň durmuşymyzda dürli möwsümler bar, her möwsümiň-de öz maksady bar. Dogry hereket etmek üçin, her möwsümiň maksadyna düşünmek wajypdyr. Kimdir biriniň gyş kombinezonynda snoubordda typmak üçin enjamlary dakynyp, asma ýoldan dagyň ýokarsyna çykyp, ýere düşen badyna ýüzin ýykylyşyna syn etmek gyzykly bolardy. Name üçin? Sebäbi bu tomus wagty – garyň ýok wagty bolup geçýär! Onuň hereketleri gyş möwsüminde oňa peýdaly bolardy, emma şindiki möwsümde olar weýran edijidir.

Meni şu kitapdaky maksadym – gyrkmalaryň, kesmeleriň we berkitmeleriň şeýle wajyp möwsümi baradaky danalagy paýlaşmak. Siz meniň öz hyzmatym barada örän köp aýdýandygymy görersiňiz.

Biziň hemmämiz dürli çäklere – telekeçilige, bilim, saglyk ulgamlaryna döwlet dolandyrylyşygyna we şuňa meňzeş çäklere çagyrylan. Meniň çakylygym – bäş bölekden ybarat hyzmat, ol meniň wakalarymda beýan edilýär. Ýöne bu esaslar Hudaýyň sizi çagyran islendik çäklerinde hem ulanyp bolýandyr. Telekeçilik çäklerinde işleýän adamlara hem edil hoş habarçylaryň öz çakylyklaryna taýýarlyk görşi ýaly, taýýarlyk gerek. Bu durmuşyň ähli çäkleri babatda hem şeýledir.

Yene-de biz zat – men bu kitaba “Çölden nädip geçmeli?” atly goşmaça tekstleri goşdum. Olar käbir oýlanmalardan we makullama sözlerinden ybarat bolup, çölde geçirjek wagtyňyzy mümkin boldugyndan has netijeli etmäge ýardam berer. Bu habar size aýdyňlyk getirer we meniň ozal bilmezlikden ejir çekişim ýaly ejir çekmersiňiz diýip umyt edýärin. Mundan başga-da, bu habar bize hakyky kanagatlanmany berýän Biribara dyngysyz ymtylmaga höweslendirer diýip umyt edýärin.

Hormatlamak bilen,
Jon Biwer
Ýanwar, 2019

1

# “SEN NIREDE?”

*“Biz gurakçylygy we idegsizligimizi zeýrenmän geçirenimizde, Hudaýa bolan söýgimizi görkezýäris; emma Ol Öz merhemetli huzury bilen bize gelende, Ol bize bolan söýgüsini äşgär edýändir”.*

**- Madam Gýuýon/ Žanna-Mariýa Buwye de la Mott Gýuýon**

*“Gündogara gitsem, Hudaý ol ýerde ýok,*
*günbatara gitsem, Ony tapyp bilmeýärin.*
*Demirgazykda işleýär, Ony gözüm saýgaryp bilenok,*
*günorta öwrülýär, Ony görüp bilmeýärin”.*

**- Eýýup 23:8-9**

Men hemmelere gaharlanýardym. Men munuň hatda sebäbini-de bilmeýärdim.

Hemme zat tersine bolýan ýalydy.

Biziň nowbaharymyz Edison on sekiz aýlykdy, men oňa çydamaýardym.

Men öz aýalym Liza gygyrýardym.

Meniň öz çopanymdan göwnüm geçipdi.

Men öz işdeş ýoldaşlaryma gaharlanýardym.

Eger dogrymdan gelsem, men Hudaýdan-da göwnüm geçip, Ondan öýkeledim. Men: "Edýäniň näme?" diýip zeýrenýärdim.

"Sen näme üçin meniň durmuşymda hereket edeňok?"

"Seniň maňa wada eden zatlaryň nirede?"

"Näme üçin hemme zat bolmalysy ýaly däl?"

"Sen näme üçin meniň bilen gürleşmeýärsiň?"

Men öwran-öwran iňirdeýärdim we: "Sen nirede?" diýip, Ondan nägile bolýardym.

Siz haçan hem bolsa Rebbiň göräýmäge şeýle golaý bolan wagtyny – Onuň adyny pyşyrdan badyňyza Onuň jogap berýän wagtyny başdan geçiripmidiňiz?

Emma Oňa yzly-yzyna habar iberýändigiňize garamazdan, asla jogabyň bolmaýan wagty ýetip geldi. Ol durmuşyňyzdan bütinleý ýiten ýalydy. Belki, siz edil şu pursat şeýle ýagdaýdasyňyz. Belki, siz hem

edil meniň ozal: "Hudaý, Sen nirede?!" diýip ümsümlige gygyrasyňyz gelýändir.

Men çöldedim, ýöne muny heniz bilmeýärdim. Men Tehas ştatynyň Dallas şäherinde ýaşaýardym. Men özümi Isa Mesihiň göreldeli şägirdi we Hudaý tarapyndan unudylan kişi hasaplaýardym. Men ýaş mesihidim we bu meniň hakyky çöle ilkinji gezek düşüp görşümdi diýip pikir edýärin.

Ozal meniň bar etmeli zadym – Rebbi çagyrmakdy, Ol maňa bada-bat jogap berýärdi. Men Onuň ujypsyzja haýyşlaryma hem bada-bat jogap berşi ýadymda. Onuň huzury şeýle ýakyn, aýdyň we güýçlüdi. Şonuň üçin hem men nämeleriň bolup geçýändigine hiç düşünip bilemokdym. Men dyza çöküp, her gün: "Hudaýym, näme bolýar? Sen menden edil millionlarça kilometr uzaklykda ýaly bolup görünýäň!" diýip ýalbarýardym.

Men durmuşyma öwran-öwran syn salyp: "Men nähili elhenç günä etdimkäm?" diýip soraýardym.

Hawa, ýer ýüzündäki islendik adam ýaly men hem wagtal-wagtal günä edýärdim, ýöne şobada toba edip, Isa Mesihiň berýän bagyşlamasyny dileýärdim. Meniň bilşime görä, durmuşymda uzakwagtlaýyn we bilkastdan eden günäm ýokdy.

Şol gurkaçylyk döwründe men her gün: "Ýa Hudaý, Sen näme üçin indi meniň bilen gürleşeňok?" diýip soraýardym.

Mukaddes Kitabyň iň görnükli gahrymanlaryň biri bolan Eýýup bilen meni deňeşdirip bolar öýdemok. Ýöne meniň öz ýagdaýyma garaýşym Eýýubyň öz ýagdaýyna garaýşyna meňzeýärdi. Onuň birwagtlar maňa düşnüksiz bolup görnen sözleri indi mana eýe bolup başlady. Eýýubyň käbir sözleri meniň çöldäki ýalňyzlygymy beýan edýän ýalydy:

> Gündogara gitsem, Hudaý ol ýerde ýok,
> günbatara gitsem, Ony tapyp bilmeýärin.
> Demirgazykda işleýär, Ony gözüm saýgaryp bilenok,
> günorta öwrülýär, Ony görüp bilmeýärin.
> (Eýýup 23:8-9)

Men dilegimi dowam etdirýärdim, emma gökler edil mis ýalydy.

Şonda Reb maňa mesihilik durmuşynyň çaganyň ösüşine meňzeýändigini görkezdi. Men ruhy bäbekdim, ýöne eýýäm täze tapgyra geçýärdim. Şol döwürde men munuň ajaýyp tebigy nusgasyny görýärdim. Edison takmynan on sekiz aýlykdy. Liza ajaýyp ejedi, Edison hyklap başlan badyna onuň ýanyna baryp köşeşdirýärdi. Ol şol pursadyň özünde ejesiniň gujagyna dolýardy, onuň kömeginden we emdirmesinden lezzet alýardy.

Ýöne Edison hem her bir çaga ýaly kämillige ýetmek üçin ösüp ulalmalydy. Biziň dört oglumyz bar. Olaryň her biri üçin nahary öz elleri bilen iýmeli pursady ýetip gelýärdi. Wah, şonda başlanýan bulaşyklygy bir görsediňiz! Siz maňa düşünýänsiňiz diýip pikir edýän. Olar naharyny iýjek bolup, onuň ýarysyny oturgyja we ýere gaçyrýardylar.

Mundan beýläk çagalary naharlamaýanlygyňyz üçin olaryň keýpi gaçýardy. Emma muňa garamazdan, siz muny bes edýäňiz, sebäbi siz jogapkär ene-atasyňyz. Biziň ogullarymyz naharlaryny daş-töweregine zyňanda, çemçäni ellerinden alyp, özümiz naharlaýasymyz gelýärdi. Ýöne biz munuň olaryň ösüşine zyýan berjekdigini bilýärdik. Biz çagalarymyza ösmäge mümkinçilik berýärdik. Biz olaryň hiç birini on sekiz ýaşa çenli çemçeden iýdiresimiz gelenokdy!

Bäbekler ulalyp başlaýarlar. Olary ösüşe höweslendirmek üçin, edilýän kömegiň derejesi üýtgeýär. Biz ruhy taýdan ösüp, kämillige ýetip bilerimiz ýaly, Hudaý biz babatda hem şeýleräk hereket edýär. Biz ruhy taýdan doglup, Hudaýyň Ruhundan dolanymyzda, Ol ilkibaşda çagyran badymyza Öz huzuryny aýan edýär. Ýöne soňra – diňe süýt bilen iýmitlenmegi bes edýäris diýip umyt edýärin (Ýewreýler 5:12) – ösüp, kämillige ýetip bilerimiz ýaly, Ol her bir çagyryşymyza bada-bat jogap bermeýän döwürlerinden geçmegimize ýol berýär.

Hudaý maňa ruhy kämillige ýetiş ýagdaýynyň ynsanyň bäbeklikden kämillige ýetmek üçin geçmeli ýagdaýyna meňzeýändigini düşünmäge kömek edende, men bu barada oýlanyp, öz-özümden şuny soramaga başladym: “Eýsem men ýalňyşaýdymmykam? Meniň şindi geçýänlerim Rebbiň ter-

biýesi bolmasa näme? Ruhy taýdan has kämilleşmäge we Isa Mesihe hyzmat etmäge taýyn bolmak üçin çöle äkidilen bolmagym mümkin zatmy?

Şonda men Isa Mesih babatda hut şeýle edilendigi ýadyma düşdi. Ýahýa Isa Mesihi suwa çümdirip, Atasy Ony öwenden soň, Ol Mukaddes Ruh arkaly çöle äkidilýär. Isa Mesih üçin bu käýinç däldi, Ol asla günä etmändi.

Şunlukda, gahara we öz-özüme ýüregim awama gurşalmak bilen, ahyrda: “Şu çöldäki gaýgy-gam göwnüme şeýle görünýän bolaýmasyn?” diýip pikir etdim.

## Çöle akyl ýetirmek

Eger biz Isa Mesihe meňzemekçi bolsak, biziň häsiýetimiz ösmelidir. Çöl – bu Hudaýyň munuň üçin belli bir derejede saýlan ýeri bolup durýandyr. Biz şol ýerdekäk, köplenç Hudaý bizden ençeme kilometr uzaklykda, Onuň wadalary bolsa gury söz ýaly bolup görünýär. Ýöne bu hakykat däl-de, ýöne bir duýgudyr. Hakykatda welin Ol hemişe ýakyndyr, sebäbi Ol bizi asla ýeke goýmajakdygyny we terk etmejekdigini söz berdi (Ýewreýlere 13:5).

Çöl – bu öz arzuwlaryňyzdan we Onuň birwagtlar size beren wadalaryndan (siz by babatda ynamlydyňyz) ters ugra barýan ýaly görünýän döwür. Siz çölde ruhy ösüşi we ýaýbaňlanmany duýmaýaňyz. Size öňe däl-de, yza hereket edýän ýaly, Onuň huzury artman, gaýtam kemelýän ýaly bolup görünmegi mümkin. Sizde hatda söýülmeýän we äsgerilmeýän ýaly duýgularyň döremegi ähtimäl, ýöne bu beýle däl.

Aslynda çöl – bu Isa Mesihiň hakyky eýerijileriniň ählisiniň düşjek ýeri. Siz ol ýere düşeniňizde özüňizi gaty ýalňyz duýup bilersiňiz. Hakykat şeýle: çöl Hudaýyň her bir perzendi üçin gerekdir. Isa Mesihiň sagdyn we kämil şägirdi bolmak üçin, bu çölden birnäçe gezek geçmeli bolmalygyňyz-da mümkin.

Size bu gurakçylyk ýerinden geçmek üçin iň gysga ýoly ýa-da daşyndan aýlanyp geçilýän ýoly kartadan saýlap bilersiňiz diýip örän aýdasym

gelýär, ýöne şeýle ýol asla ýok. Ýöne bu oňatdyr, sebäbi öz wada berlen topragymyza ýetmekçi bolsak, çölden geçilýän ýol, ýagny bu möwsümi ýa-da wagty kabul edişimiz diýseň gerekdir.

## Çöl näme zat?

Bagtymyza, biziň köpimiz gurakçylyk ýerde – suwuň az we kölegäni tapyp bolmaýan hakyky çölde ýaşamaly däl. Hakyky çölde gündiz yssy, agşam sowuk bolýar, biz ýalňyz, suwsaýarys, ajygýarys. Mundan başga-da, biz azaşan we ol ýerden nädip çykmalydygyny hem bilemzok. Biziň durmuşymyzda şeýle ýagdaý, belki, bolan däldir, ýöne gurakçylyk duýgularyny welin hemmeler başdan geçirendir. Men şu kitapda çöldäki syýahatlarymyzyň açary wakalarynyň birnäçesini gürrüň bererin, olaryň ýekejesi-de aňsat bolmandy.

Oňat habar şundan ybarat: eger biz Hudaýa gulak asmaga taýyn bolsak, çöl otrisatel wagt bolmaly däl. Men munuň geň eşidilýändigini bilýärin, ýöne çölüň maksady örän položitel. Onuň maksady – öwretmek, päklemek, berkitmek we Onuň Ruhunyň bizi has netijeli etjek täze hereketine taýynlamak.

Köp adamlar çöle düşende, bilmezden howsala düşüp, paýhassyz ädimleri edýärler. Olar düşünmän, agtaryp başlaýarlar we nädogry işleri edýärler. Muňa mysal hökmünde işde düýpgöter özgerişlikleri etmek ýa-da başga ýygnaga geçmek ýaly hereketler bolup bilýär. Olar durmuşlaryny düýpgöter üýtgetseler, bagtly bolup, ozalky adat bolan durmuşlaryny gaýtararlar diýip pikir edýärler. Mysal üçin, durmuşa çykmadyklar we öýlenmedikler gatnaşygyň kesilmesinden dörän agyrydan soň oýlanmazdan täze gatnaşyklary başlap bilýärler.

Eger siz Hudaýyň özüňizi näme üçin şeýle çöle ýerleşdirendigine aň ýetirmän, çykalga agtaryp başlasaňyz, bilmezden bu wagtyň soňuny yza süýşerersiňiz. Siz şu zerarly has köp kynçylyklara, lapykeçlige we hatda ýeňlişlere duçar bolup bilersiňiz, sebäbi Hudaýyň näme üçin we nirä alyp barýandygyna düşünmeýärsiňiz.

Kyrk ýyllap çölde gezen ysraýyllar babatda hem hem şeýle bolupdy. Olar bolup geçýän zatlara düşünmänsoňlar, tutuş nesil Wada edilen topragy miras almaga ýaramsyz boldy. Nähili gynandyryjy zat! Hudaý olary çöle synamak, öwretmek we Özüniň wada eden topragyny – öz täze watanlaryny eýelärleri ýaly güýçli urşujy etmek üçin äkitdi. Muňa derek ysraýyllar ýalňyşyp, çöli özlerine berlen jeza saýdylar; sebäbi olar elmydama zeýrenýärdiler, iňirdiýärdiler we höweslere ýykgyn bolýardylar.

Çölden çykyp, Wada berlen topragy eýelemäge wagt geldi. Emma içalylar gelip, gören zatlaryny aýdanlarynda, halk hüňürdeýänleriň we zeýrenýänleriň erbet gepine gulak gabartdy. Hudaýyň wadalary we güýji bir tarapdan, ynsanyň düşünşi we gowşaklygy başga tarapdan – olar Hudaýa däl-de, adama ynanmaklygy saýlap aldylar. Olar ýeňlişe sezewar bolup, bal bilen süýdüň akýan topraklaryny alyp bilmejekdigi baradaky ýalana ynandylar. Olar Hudaýyň tebigatyny we häsiýetini bilmeýändikleri zerarly erbet hereket etdiler.

Hudaý muňa giňişleýin jogap berdi, onuň gysgaça manysy: “Bolýar, göwnüňiziň islänini ediberiň” diýen pikirden ybaratdy. Çölde bir ýyllyk syýahat hökmünde meýilleşdirilen ýöriş bütin ömre çekdi.

Seresap boluň! Sizem, menem iş sanawymyzda şeýle kararyň agzalmagyny islämzok! Ýöne resul Pawlusyň ýazyşy ýaly, biz olaryň ýalňyşlaryndan degişli netijeleri çykaryp, öwrenip bilýäris: *“Bularyň bary başgalara sapak bolsun diýip, ata-babalarymyzyň başyndan indi. Bu zamanyň ahyrky günlerinde ýaşaýanlara, ýagny bize duýduryş hökmünde ýazyldy” (1 Korintoslylar 10:11).*

Eger biz çöle düşen badymyza ony saýgarmagy öwrensek, onda dişlerimizi gyjap zeýrenmäge derek şükürler ederis, sebäbi bu çölüň aňyrsynda kämilligiň, ýalkanyşlaryň, mümkinçilikleriň we berjaý bolan sözleriň, “wadalar topragynyň” ýatandygyny bileris. Netijede, bu kynçylyklar döwri örän bir kyn görünmez we Ýakubyň hatyndaky şeýle sözleri bilen ylalaşyp bileris:

“Eý, doganlar, her hili synaglara duçar bolanyňyzda, muny uly

şatlyk hasap ediň... Her bir işde ahyryna çenli çydaň, şonda kem-siz-kössüz, berk we kämil bolarsyňyz” (Ýakup 1:2, 4)

Çöl meniň ymykly çolaşandygymy aňladýarmy?

Gowy sorag.

Biziň köpimiz çöle düşenimizde: “Men näme ýalňyş etdimkäm? Men Hudaýy nämede närazy etdimkäm?” diýip soraýarys. Munuň sebäbi –

## Çölden nädip geçmeli

**#1 Öz düşen wagtyňyza aň ýetirjek boluň**

Biziň köpimiz çöle düşenimizde, aňka-taňka bolýarys. Hudaý şeýle oňat we biz Onuň ýalkanyşlaryna, huzuryna we wadalaryna öwrenişýäris. Biz şeýle abadanlygyň soňlanjakdygyny hiç oslamaýarys. Emma günleriň birinde nämedir bir zatlaryň üýtgändigine aň ýetirýäris. Şonuň üçin-de, howsala düşmäge derek, dörän ýagdaýa gaýtadan nazar salmak wajypdyr. Siz nämelerden geçýändigiňize düşünmelisiňiz, sebäbi eger siz haýsy möwsümde we ýerde ýerleşýändigiňize düşünmeseňiz, muňa seslenişiňiz, garaýşyňyz nädogry bolar.

Muny Floridanyň günorta klimatyndan demirgazyk Kanadynyň klimatyna geçiş bilen deňeşdirse bolar. Gyş düşüp, gradusnigiň görkezijisi noldan aşak düşende, bolýan ýeriňizde daşary içmeksiz çykyp bolmaýandygyny bilmek peýdalydyr.

Çöl babatda hem şeýledir. Eger siz çöldedigiňizi görkezýän aýratyn nyşanlara üns bermeseňiz, uly sustupeslige duçar bolarsyňyz, hatda bahasy agyr bolan ýalňyş hereketleri etmegiňiz-de ahmal. Biz Köne Ähtde Ysakaryň ogullarynyň “döwre görä Ysraýylyň näme etmelidigini bilýändigi” barada okaýarys (Ýyl ýazgylarynyň birinji kitaby 12:32).

Siz çöle düşendigiňize düşüneniňizde, näme etmelidigini hem bilersiňiz.

çölüň maksadyna we manysyna düşünmezlik.

Mukaddes Ýazgylar tutuş taryhyň dowamynda köp erkekler we aýallar çölüň Hudaýyň çakylygyna taýynlyk görülmeli ýeridigine aň ýetirýärdiler. Şoňa görä-de, çöl Hudaýyň ret etmesi däl-de, Onuň taýynlaýan ýeri bolup durýandyr.

Men çöle nädogry çözgütler sebäpli düşüp bolýandygyny elbetde bilýärin. Hakykat şundan ybarat: biz Isa Mesihe her näçe meňzeýänem bolsak, günä bilen söweşmeli, biz günä çynlakaý çolaşyp bilýäris. Şonuň üçin-de, nädogry çözgüdiň ýeke-täk biri ýa-da şowly bolmadyk çözgütleriň birnäçesi bizi çynlakaý kynçylyklara eltip biler.

Emma biziň ejizliklerimize düşünýän geçirimli Hudaýymyzyň we Beýik Baş Ruhanymyzyň bardygy hem hakykatdyr. Şonuň üçin-de, çynlykaý kynçylyklardan çykmak üçin ýa-da özümiz sebäpli düşen çölümizden çykmak üçin söýýän Atamyzyň ýanyna gelip, şeýle diýmeli: “Eý, Atam, men ______________ etmek bilen günä etdim (boş ýeri dolduryň). Ýalbarýaryn, meni bagyşla. Men bu günäm üçin toba edýärin we edil şu pursatdan başlap Seniň merhemetiň kömegi arkaly başgaça ýaşaryn”.

Men size şuny diýmekçi bolýan: eger siz çöle öz etmişleriňiz zerarly düşenem bolsaňyz, Reb bilen öz gatnaşygyňyzy düzediň, Onuň öwretjek bolýan boýan zatlaryny soňuna çenli tamamlamaga ygtyýar ediň we çölden çaltrak çykmak üçin öňe ýöräň. Wagtyny bolsa, elbetde, Onuň Özi çözýär. Mezmurçy şeýle ýazýar: “Ömrümiň günleri Seniň eliňde” (Zebur 30:16).

Şu zatlaryň baryny hasaba almak bilen, siz ähtimäl çöldesiňiz, sebäbi Hudaý edil şu wagt sizi hut şu ýerde göresi gelýär. Siz bu kynçylyklar ýerinde köp ýalňyşanyňyz üçin düşmediňiz. Men bilýärin, bu belli bir derejede ýagdaýy has hem çylşyrymlaşdyrýar. Şu kitaby ýazmagymyň esasy sebäplerimiň biri – Hudaýyň çöli nähili görşüni we ruhy taýdan ösüp, Isa Mesihe meňzäp bileriňiz ýaly (!) ony näderejede ulanmak isleýändigini size düşündirmek.

Biz şuňa hem aýdyň düşünmeli: Hudaý sizi çöle şeýtanyň hile-pirimlerine taşlap, sizi unutmak üçin getirenok. Müsürden çykan ikinji nesle

Wada berlen Topraga gadam basmaga ygtyýar edilmezden ozal Hudaý olara şuny ýatlatdy:

> “Hudaýyňyz Rebbiň kyrk ýyllap şu çölden sizi alyp gelen uzak ýoluny unutmaň. Ol siziň ýüregiňizde näme bardygyny, Onuň buýruklaryny ýerine ýetirýändigiňizi ýa-da ýerine ýetirmeýändigiňizi bilmek üçin, sizi Özüne boýun egdirip synaga saldy” (Kanun taglymaty 8:2).

Şunlukda, ysraýyllar örän ýalňyşyp, öz paýhassyzlygy, näşükürligi we Hudaýa garşy pitne turzanlygy zerarly çölde örän köp wagtlyk galan hem bolsalar, Hudaý munuň baryny bähbide öwürmekçidi. Ol hemişe şeýle edýär, menem muňa gaty begenýän! Siz hem begenýäňizmi?

Çöle nädogry düşünmeli däl. Çöle düşendigimiz sebäpli Reb biziň bilen işlemegini bes edenok. Ol bizi çölüň içinden alyp gidýär; biz Onsuz çölden hiç haçan geçip bilmeris. Galyberse-de, biz Onuň bizi ulanmak islän wagtyna çenli tekjä goýlan zat däl. Biziň rehimli Atamyz beýle etmeýär. Tersine, şu ýerde we wagtda Ol gudratly güýji bilen hereket edýär.

Siz, belki: “Agaçlar sebäpli tokaýy göreňok” diýen jümläni eşidensiňiz. Çöl babatda hem şeýle diýse bolar: Hudaýyň işiniň edil ortasynda ýerleşýärkäňiz, Onuň edýänlerini görmek gaty kyn bolýar.

Biz şu wajyp hakykaty aýdyň görkezmeli: çöl – bu ýeňliş ýeri däl, hiç bolmanda, Hudaýa tabyn bolýanýanlar üçin ýeňliş ýeri däl. Isa Mesih, açlykdan ýaňa halys ysgyndan düşüp, ýanynda Öz janyny ynanyp, goldaw berip biläýjek bir kişi-de ýokka, hiç bir fiziki amatlyklaryň ýa-da gudratlaryň bolmadyk ýerinde kyrk günläp çölde şeýtanyň hüjümine duçar boldy. Şonda Isa Mesih ony Hudaýyň Sözi bilen ýeňdi! Çöl – bu Hudaýyň perzentleriniň ýeňliş wagty däl: *“Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly ýörişine bizi elmydama şärik edýär...” (2 Korintoslylar 2:14).*

Ysraýyl halky çölde bolanlarynda ýerli halklar olaryň üstüne çozýardylar. Hudaý her gezek ysraýyllara olar bilen söweşmegi

buýurýardy, ysraýyllar-da amorlary (Çölde 21:21-25), midýanlary (Çölde 31:1-11), Başan ýurdunyň halkyny (Çölde 21:33-35) ýeňdiler. Eger Hudaý olaryň ýeňlişini isleýän bolsady, onda olara goranmagy buýurmazdy. Çöl ýeňliş üçin niýetlenen ýer bolmasa-da, ysraýyllaryň köpüsi wada berlen Topraga girmän, çölde öldüler. Bu Hudaýyň erki däl-de, olaryň bitabynlygynyň gözgyny netijesidi.

Siz çölüň sebäbiniň Hudaýyň närazylygynyň ýa-da jezasynyň ýeri däldigi babatda indi göz ýetirensiňiz diýip umyt baglaýaryn. Şeýle-de çöl – bu Hudaýyň sizi taşlap, unudýan ýeri däl. Bu ýer biziň ýere ýazylyp, öz ýeňlişimizi kabul edýän ýerimiz hem däldir!

## Hudaý bir oňat zady niýetländir!

Çöl – bu alamatlary, ýalkanyşlary, bolelinligi we gudratlary agtarmagyň wagty däl-de, Hudaýyň ýüregini agtarmagyň wagty, sebäbi hut şu ýagdaý sizde häsiýeti we güýji ösdürer. Bu öz görnüşleriňi saklamak wagty. Eger şeýle bolmasa, ýüregiňizde Hudaýyň aýdyň aýanlygynyň bolmadyk ýagdaýynda çöl möwsümi lapykeçlige we nägililege eltip biler.

Eger siz durmuşdaky ornuňyza düşünseňiz, öz gelejegiňizi görüp başlarsyňyz. Şonda siz Hudaýyň galtaşmasyny hatda duýmasaňyz-da, Onuň elini görersini. Bu Oňa bolan söýgiňiziň kämilleşýän wagty; siz indi “Ol meniň üçin nämeleri edip bilýär?” diýip soramagy bes edip, oňa derek: “Ol meniň üçin nämeleri isleýär?” diýip sorap başlaýarsyňyz.

Geçen sahypalaryň birinde men gadymýetiň mukaddesi Eýýubyň Hudaýyň öz durmuşyndan edýänlerine düşünmeýänligi sebäpli beýan eden lapykeçligini agzapdym. Ol nirä gitse-de, Hudaýy tapyp bilmändi! Eger Eýýubyň gözleg-agtaryşy şunuň bilen tamamlanan bolsa, bu bizi gaty gynandyrardy. Emma Eýýup ruhdan düşmedi, ýeň bermedi we umyt bilen imandan doly şeýle sözleri orta atdy:

> “Emma Ol meniň ýöreýän ýolumy bilýär, meni synaga salanda,
> altyn deý päk çykaryn” (Eýýup 23:10).

Nähili ajaýyp ylham! Hudaýyň bizi nirä alyp barýandygyna her näçe düşünjek bolsak-da, ýoly Ol bilýär. Biz Oňa bütinleý bil baglap bilýäris, sebäbi resul Pawlus şeýle ýazýar: *“Sizde ýagşy işi başlan Hudaýyň muny Isa Mesihiň geljek gününe çenli bitirjekdigine ynanýaryn” (Filipililer 1:6).*

Biz hem munuň hakykatdygyny, hatda çölde hem hakykatdygyny bilýäris.

2

# OŇAT JEMAGATDA

*“Garşy durmaklygyň tupanlaryna uçranlarynda, mesihiler has owadan derejä galyp bilýärler. Olar dag gerişlerinde ösýän daragtlar – tupanlaryň uran, emma iň berk agajy bolan daragtlar kimindir”.*

**– Billi Grem**

*Isa Mukaddes Ruhdan dolup, Iordan derýasyndan yzyna dolandy. Mukaddes Ruh Ony çöle alyp gitdi.*

**– Luka 4:1**



Çöle hoş geldiňiz! Şeýle şatlykly sözler sizi geňirgendirdi gerek? Biz adatça ruhy çöldäki wagtyň oňat boljakdygyny oslamzok, ýöne siz söýgüli Atamyzyň şeýle ýerler barada oňat pikir edýändigini we indi oňat ýoldaşyňyzyň bardygyny bilmelisiňiz.

Eger siz iman ýoluňyzda çöle asla düşmezlik has oňat bolardy diýip pikir edýän bolsaňyz, men bu garaýşyňyzy üýtgetmegi berk maslahat berýärin. Sebäbi çölde biz san-sajaksyz mukaddesleriň yzlaryny, şol sanda Hudaýyň Oglunyň yzlaryny hem tapýarys. Olar bu ýerde ep-esli wagt bolupdylar.

Başga sözler bilen aýtsak, biz çöle gidenimizde, gowy ýoldaşlar bilen gidýäris, biz ýalňyz däl.

Tanymal mukaddesleriň atlaryny agzanymda, meni sizi haýran galdyrmaga synanyşýanlygymda aýyplamaweriň, ýöne çölüň ýaşaýjylaryň sanawy hakykatdan-da haýrana goýýar.

Men Eýýup pygamberiň adyny eýýäm agzapdym. Mukaddes Ýazgylary bu adamy *“Ol ähli gündogarlylaryň arasynda iň abraýlysydy” (Eýýup 1:3)* diýip suratlandyrýar. Ol ähli zadyny: mülküni, çagalaryny, saglygyny, aýalynyň goldawyny ýitirdi. Ajaýyp, dogruçyl adam bolmak bilen, Eýýup öz dostlary tarapyndan gizlin günälerde aýyplandy. Eýýup öz çölünde şeýle bir sustupesdi welin, ol hatda asla dogulmadyk bolsa has gowy bolardy diýip aýtdy.

Çölde siz Ybraýymyň gezen ýerlerinden ýöreýärsiňiz. Hudaý amatly

durmuş şertlerinde ýaşap ýören bu baý adama Ur ýurdundan çykyp, hemme zadyny taşlap, wada berlen täze topraga tarap gadam goýmagy buýurdy. Ybraýymyň ýanynda Sara bardy, ol onuň yzyna ädimme-ädim eýerdi. Olaryň syýahatynyň köp bölegi çölde geçdi.

Musa pygamber çöle beletdi. Ol faraonyň köşgünde şazada kimin ösüp kemala gelipdi. Emma müsürlini öldürenden soň, çöle düşýär. Ol şol ýerde kyrk ýyllap goýun bakýar we hut şol ýerde Hudaý oňa görünýär:

> “Şol wagtlar Musa gaýynatasy Midýan ruhanysy Ýitronyň sürüsini bakýardy. Bir gün ol sürüsini çölüň içi bilen sürüp, Hudaý dagy Horebe geldi. Oňa çalynyň ortarasynda alawly ot bolup, Rebbiň bir perişdesi göründi. Musa çalynyň ýanýandygyna garamazdan, onuň hiç otda ýanyp gutarmaýandygyny gördi. Musa: ‘Bu geň zady ýakynrak baryp göreýin-le, näme üçin çaly otda ýanmaýarka?’ diýdi. Reb Musanyň ýakynlaşyp gelýändigini görende, çalynyň içinden oňa: ‘Musa! Musa!’ diýip seslendi. Musa: ‘Men bärde’ diýip jogap berdi” (Müsürden çykyş 3:1-4).

Soňra bolsa, bize mälim bolşy ýaly, Musa Müsüre dolanyp, öz halkyny Müsürden... elbetde, çöle çykarýar.

Siz çölde Ýusuby hem görýärsiňiz. Ol kakasynyň iň söýgüli ogludy. Doganlary ony çukura taşlaýarlar; ol soňra gulçulyga satylyp, Müsüre äkidilýär. Şol ýerde, zyndanda, Hudaý Özüni Ýusuba aýan edýär we ol patyşanyň baş sakysy bilen nan bişirijisiniň düýşlerini ýorýar. Bu ýagdaý ony hut faraonyň düýşlerini ýormaga taýynlaýar.

Dawut pygamber hem şol ýerdedi. Şamuwel oňa indiki patyşa boljakdygyny aýdýar. Şondan soň Dawut gowaklarda ýaşap, çölde sergezdan gezip, patyşalyga taýynlanyp başlaýar. Hudaý şol ýerde Dawuda onuň Çopany, Güýji, Galkany we Galasy hökmünde Özüni aýan edýär.

Ýahýa Çokundyryjy beýik pygamber bolmaga çagyrylypdy; onuň kakasy bu barada aýanlyk alandygyny aýdypdy. Ýöne Hudaý Özüni Ýahýa Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdepde däl-de, hut çölde aýan edipdi. Şol döwürde ol Ýahudyýanyň çölünde ýaşaýardy, düýe ýüňüden

dokalan eşikleri geýip, çekirtgeler bilen iýmitlenýärdi. Luka 3:2-3-de şeýle ýazylan: “...Zekarýanyň ogly Ýahýa Hudaýyň sözi aýan boldy. Ol çölde ýaşaýardy. Ýahýa Iordan derýasynyň töweregindäki ähli ýerlere aýlanyp, adamlara günäleriniň bagyşlanmagy üçin toba edip, suwa çümdürilmeklerini wagyz edýärdi”.

Hudaý resul Pawlusa Öz aýanlyklyryny hut Arabystan çölünde aýan edýär. Bu aýanlyklar soňra Täze Ähtiň aglaba bölegini düzer. Resul Pawlus Hudaýyň maksady barada şeýle ýazýar: “Hoş Habary keseki milletlere wagyz etmegim üçin, maňa Öz Ogluny aýan etmegi makul bildi. Şonda men hiç kime geňeşmedim ýa-da menden öň resul bolanlary görmek üçin hatda Iýerusalime-de gitmedim. Men Arabystana gitdim...” (Galatýalylar 1:16-17).

Resul Ýohanna Isa Mesihiň Aýanlygyny alanda nirededi?

> “Isa Mesihiň şägirdi hökmünde görgülere, Hudaýyň Şalygyna we çydamlylyga şärikdeşiňiz bolan men Ýohanna doganyňyz Patmos diýen adadadym. Men Hoş Habary wagyz edip, Isa Mesih hakda şaýatlyk edenim sebäpli bu ada sürgün edilipdim” (Aýanlyk 1:9).

Patmos adasy idegsiz bir adady. Bu ýeri çöl gam-gussasy üçin iň ýaramly ýerdi.

Esasy zat – size Isa Mesihiň hemra bolmagy. Ol Öz Atasyndan ilortalaýyn ak patasyny alyp, Mukaddes Ruhy kabul edip, iblisiň synaglaryna garşy durmak üçin täsin usulda çöle äkidilýär.

Men köplenç şeýle bolýanyna üns berdim: Hudaý gelejekde biz arkaly etjek beýik işlerini bize görkezýär, soňra bolsa bizi taýynlamak üçin gönüden-göni çöle äkidýär.

Eger çöl beýik mukaddesler we Rebbimiz Isa Mesih üçin zerur bolan bolsa, onda şol ýerde birnäçe wagt bolmak meniň üçin hem erbet bolmazdy diýen pikiri kabul edip bilýän. Ýöne, dogrusy, men ýoluň has aňsat bolanyny islärdim. Çöl – bu Hudaýyň synaýan, tabyn edýän, berkidýän we päkleýän ýeridir. Ol biziň häsiýetimizi hut şu ýerde Öz

göwnüne ýaraýan tärde özgerdýär. Bu ýer gelejekde Onuň şalygynda netijeli işlemäge taýýarlanylýan ýerdir.

Çölde bolup geçýän iň ajaýyp zatlary biri – bu ýerde Hudaýyň Özüni täzeçe aýan edýänligi! Işaýa pygamber şeýle ýazýar: “Reb Siona, onuň ähli harabalaryna teselli berer, onuň çölüni Erem deý eder,

Rebbiň bagy deý eder onuň sährasyny; şatlyk we begenç, şükür we aýdym sesi eşidiler ondan” (Işaýa 51:3).

Erem bagy Hudaýyň Özüni Adamata aýan edýän we onuň bilen gürleşýän ýeridi.

Çölde bolan wagtyňyz sizde Hudaýa bolan açlyk we teşnelik döreýär. Siz köp zada mätäçsiňiz we ünsüňizi Oňa gönükdirýärsiňiz. Şonuň üçin-de, şeýle şertlerde Hudaý size Özüni aýan etmekçi bolan wagtynda, durmuşdaky ähli zatdan ýüz öwrüp, Oňa tarap aňsat öwrülersiňiz. Eger biz Hudaýyň çakylygyna seslensek, çöle düşeris. Çünki Hudaý hut çölde Özüni täzeçe aýan edýär. Işaýa pygamberiň kitabynda şeýle ýazylan: *“Hakykatdan-da, Özüni gizleýän Hudaý Sensiň, eý, Ysraýyl Hudaýy, eý, Halasgär!” (45:15).* Ol Özi bilen ýakyn gatnaşygyň şatlygyna has-da teşne etmek üçin, muny Özüni tüýs ýürekden isleýänler babatda edýär. Hudaý Özüne teşne bolmadyklardan gizlenýär.

Ol Özüne adaty ýa-da bolmalysy ýaly zat hökmünde garamaga asla ýol bermez.

## Hudaýa bolan açlyk

Hudaý Özüni bütin ýürekden agtarýanlara aýan eder.

Ýadyňyzdamy, Hudaý ysraýyllary çöle tabyn etmek we ajykdyrmak üçin çykarandygyny aýdypdy. Ýöne Nun ogly Ýeşuwa ýaly Hudaýa ajykmaga derek, halk Rebbiň olardan aýran zatlaryny küýseýärdi. Ol Özüni Musa aýan edişi ýaly halka hem aýan etmäge gelende, olar muny islemediler. Aslynda, olary Ony ret etdiler. Kanun taglymatynda biz şuny okaýarys:

## Çölden nädip geçmeli

**#2 Siz özüňizi her nähili ýalňyz duýýan bolsaňyz-da, Hudaý siziň bilendir**

Çölüň esasy düzüjileriniň biri – Hudaýyň bütinleý ýok ýaly bolup duýulmagy! Onuň huzuryna şeýle mätäç bolan wagtyňyzda Ol sizden onlarça million kilometr uzaklykda ýaly görünýär.
Siz Hudaýyň huzurynyň iki dürli görnüşi barada bilmelisiňiz. Onuň birinjisi Mukaddes Kitabyň şu aýadyna esaslanýar: ”Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin” (Ýewreýlere 13:5). Bu Hudaýyň ähli ýere ýetişmeklik häsiýeti. Bu Dawut pygamberiň şu aýdýanlary barada:

> ”Göklere galsam, ol ýerde Sen bar!
> Ölüler dünýäsine insem, ol ýerde Sen bar!” (Zebur 138:8).

Eger siz Hudaýa we Onuň Sözüne ynanýan bolsaňyz, onda nämeleriň bolup geçýändigine we duýýandygyňyza garamazdan,

“Dag lowlap ýanýarka, Rebbiň garaňkylygyň içinden gelýän sesini eşideniňizde, ähli tirebaşylaryňyzdyr ýaşulularyňyz ýanyma gelip, maňa şeýle diýdiňiz: ‘Ine, Hudaýymyz Reb bize Öz şöhratyny we beýikligini görkezdi. Biz Onuň ot içinden çykýan sesini eşitdik. Bu gün biz Hudaý ynsan bilen gepleşse-de, ynsanyň diri galyp biljek ekendigini gördük. Näme üçin biz bu gün ölmeli? Çünki bu beýik ot bizi ýandyrar. Emma Hudaýymyz Rebbiň sesini mundan artyk eşitsek biz öleris. Çünki ot içinden gepleýän diri Hudaýyň sesini eşidip, adamzat arasynda biz ýaly ölmän galan barmy? Seniň özüň golaý bar-da, Hudaýymyz Rebbiň aýtjak zatlarynyň hemmesini diňle. Soňra Hudaýymyz Rebbiň aýdanlarynyň hemmesini bize ýetir. Biz saňa gulak asarys we berjaý ederis”
(Kanun taglymaty 5:23-27).

Hudaýyň siziň bilendigi hakykatdyr.

Hudaýyň huzurynyň başga görnüşi (biziň ählimiz ony halaýarys we ol mesihilik durmuşyň bir bölegi bolup durýar) – Onuň mese-mälim huzurydyr. “Mese-mälim” görünmezlikden görülýänlige, eşidilmezlikden eşidilmäge, nämälimlikden mälimlige getirmekligi aňladýar. Bu ýüze çykanda, Hudaý fiziki duýgularymyza Özüni mälim edýär. Şeýle duşuşykdan – sežde wagty, tokaýdaky gezelenç ýa-da gündeki işler wagty, san-sajaksyz tärde ýüze çykýan duşuşykdan lezzet almak diýseň ajaýyp zat.

Şunlukda, eger siz çölde ruhy taýdan aç we teşne bolsaňyz, Hudaý ýöne gelip sizi Öz ajaýyp, kalby joşdurýan huzury bilen ýalkamaýar. Köşeşiň-de, Onuň wadalaryna daýanyň, olaryň iň esasysy – “Seni ýalňyz goýmaryn we taşlamaryn”. Biz Onuň mese-mälim huzurynyň aýan bolmadyk ýagdaýynda-da Olara şatlanýan bolsak, bu Oňa bolan üýtgewsiz söýgimizi has-da güýçli jar edýär.

Şunlukda, Hudaý çölde Musa edişi ýaly, olara hem Özün aýan etmekçi bolýar. Ýöne olar yza tesip, Musadan şuny haýyş etdiler: “Sen git-de, Reb bilen gürleş, Onuň diýýänlerini bize aýt we biz ony ederis”.

Gynansak-da, olar Hudaýy *tanamadylar*, olar diňe Ol *barada bildiler*. Hut şu sebäpdenem olar Onuň tabşyryklaryna laýyklykda hereket edip bilmediler. Ony tanamansoňlar, özlerine wada berlen topragy görmän, çölde öldüler.

Hudaý Ýahýany, Musany, Dawudy, Ýusuby, Pawlusy we başgalary çöle getirişi ýaly bizi hem çöle getirende, bu biziň Ony ýa-da ýitiren amatlyklarymyzy küýseýändigimizi barlamak üçin synag bolar. Ýakup şeýle ýazýar:

> “Diläniňizde-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi ýaman niýet bilen, öz nebsiňizi doýurmak üçin dileýärsiňiz. Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr. Siz Mukaddes Ýazgylardaky Hudaýyň bize beren ynsanlyk ruhy örän gabanjaňdyr diýlen sözler boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi? Emma Hudaý bize has beýik merhemet berýär. Şoňa görä Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: ‘Hudaý tekepbirlere garşydyr, emma pespäl adamlara merhemet edýändir’. Şonuň üçin Hudaýa tabyn boluň! Iblise garşylyk görkeziň, şonda ol sizden gaçar. Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. ‘Eý, günäkärler, eliňizi günäden tämizläň. Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň’’ (Ýakup 4:3-8).

Biz Hudaýy tüýs ýürekden agtaryp, Oňa ýakynlaşanymyzda, Ol hem bize ýakynlaşar. Ysraýylyň ogullaryny Hudaýyň islegleri däl-de, öz islegleri (höwesleri) gyzyklandyrýardy. Olar zynahordylar; olar bu dünýäniň ýörelgelerine eýerip alynýan amatlyklary we howpsuzlygy agtarýardylar. Olar baýlyk bilen üpjünçiligiň müsürlileri we olaryň goşunyny halas edip bilmändigini tiz unutdylar.

Hudaý Oňa ýakynlaşmak üçin iki zady etmelidigimizi aýdýar. Birinjisi – öz ellerimizi päklemeli. 2 Korintoslylar 7:1-de şeýle ýazylan: “Eý, söýgüli doganlarym, Hudaý bize, ine, şeýle wadalary beripdir! Şonuň üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň”. Günä bizi Hudaýdan aýyrýar: *“Ýazyklaryňyz Hudaýyňyz bilen araňyza aýralyk saldy, sesiňizi eşitmez ýaly, günäleriňiz Onuň ýüzüni sizden gizledi” (Işaýa 59:2).*

Ikinjisi – biz ýüreklerimizi päklemeli. Munuň açary sözleri Ýakubyň hatynda aýdylýar: “Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň” (4:8). Ikigöwünli adamlar Ruh bilen bedeniň arasynda ikirjeňlenýärler. Olaryň pikirleri we duýgulary Hudaýa gönükdirilen däldir. Koloseliler hatynda şeýle ýazylan: *“Şeýlelikde, Mesih bilen direlendigiňize görä, göklerdäki zatlary agtaryň. Mesih gökde Hudaýyň sagynda oturandyr. Pikiriňizi dünýewi zatlara däl-de, gökdäki zatlara gönükdiriň” (3:1-2).*

Siz öz pikirleriňiziň we duýgularyňyzyň gönükdirilen zatlaryny yhlas bilen agtarýarsyňyz. Bu ýerde açary söz – gönükdirmek. Mysal üçin, aýal saçyny timarlanda, her bir gyl himiki taýdan özgerdilýär. Onuň saçy buýra-buýra bolýar, sebäbi saçyň her bir çogdamjygy şeýle tärde timarlanýar. Siz şol çogdamjygy çekip, dogrulap bilýäňiz, ýöne ony goýberen badyňyza ol yza çekilip, timar berlen şekiline dolanar.

Adamlar ýygnaga gatnaşyp bilýär, öwgi toparynda aýdym aýdyp bilýär we mesihilik işine gatnaşyp bilýär, ýöne olar “mesihilik” işini etmeýän wagtlary olaryň pikirleri nirede ýerleşýär? Olar nirä gönükdirilen bolsa, şol ýerde. Şeýle adam ýygnagyň jaýyndan ýa-da mesihilik gurşawyndan çykan badyna onuň pikirleri edil timarlanan saç çogdamjygy ýaly öz gönükdirilen ýerine dolanyp barýar.

Men tutuş ýurdumyzyň çäklerinde ýerleşýän ýygnaklaryň köp adamlary bilen gürrüňdeş boldum. Olar öwgi nagmalaryny aýdýarlar, wagyz wagty bellikleri edýärler we hatda öz wagtlaryny ýygnakdaky dürli hyzmatlara bagyş edýärler. Elbetde, bularyň bary erbet däl, ýöne, ýygnak duşuşyklary we meýletin hyzmatyň arasyndaky wagtda bu adamlaryň edýän gürrüňleriniň ählisi pul, professional sport, egin-eşik, iýmit, telefonlaryndaky söýgüli zatlary we bu dünýäniň beýleki zatlary baradadyr. Olar bu zatlar barada gürrüň edenlerinde, ýüzleri ýagtylyp gidýär, ýöne olar Mukaddes Kitaby okamagy, dileg etmegi, wagyz etmegi, adamlara hyzmat etmegi we hatda ýygnaga gatnamagy borç hasaplaýarlar.

Erkek aýala aşyk bolup, onuň bilen adaglananda, nika taýýnlyk görende, ony söýgülisi barada oýlanmaga we ol barada gürrüň bermäge mejbur etmek gerek däl. Söýgülisi hemişe onuň aňynda, ol onuň adyny agzanda, sesi üýtgeýär. Sebäbi onuň söýgüsi, ýüregi oňa gönükdirilen. Ol başga aýallar barada pikir edenok. Ol aşyk!

Dawut pygamber Zebur 15:8-de şeýle ýazýar: “Reb elmydama gözlerimiň öňünde”. Onuň pikirleri ikiýana çapanok. Onuň ýüregi päkdi. Onuň ýüreginde Rebbi söýşi ýaly söýýän başga zatlary ýokdy. Onuň Rebbe bolan söýgüsi dünýäniň berýän amatlyklarynyň ählisinden üstündi. Isa Mesihden has köp zadymyz, göwnümize Ondan has köp ýaraýan

zatlarymyz ýa-da Ondan has köp bil baglaýan zatlarymyz butdur. Dawut pygamber şeýle ýazýar: *“Rebbiň dagyna kim çykyp biler? Mukaddes öýünde kim durup biler? Elleri päk, ýüregi-de ak, köňlüni galplyga gönükdirmeýän, hile bilen kasam etmeýän ynsan” (Zebur 23:3-4).*

Hiç kimi we hiç zady Isa Mesihden artyk söýmeýän, hiç kimi we hiç zady Isa Mesihden ileri tutmaýan, hiç kime we hiç zady Ondan köp ynanmaýan adam päk ýürekli adamdyr. Isa Mesih Matta 10:37-de şeýle diýýär: “Atasyny, enesini Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gyzyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir”.

Çöl wagty, geliň ysraýyllar ýaly bolmaly. Olar dünýewi zatlary juda söýensoňlar, Hudaýy tanamak mümkinçiligini sypdyrdylar.

Işaýa 35:1-2-de şeýle ýazylan:

“Çöl-beýewan we gury ýer şatlanar,
çöl guwanyp, nerkes kimin güllär.
Gül-pürçük bolar ol,
şatlykdan, guwançdan ýaňa nagma aýdar.
Liwanyň gözelligi,
Karmeliň, Şaronyň görki berler oňa.
Olar Rebbiň şöhratyny,
Hudaýymyzyň şan-şöhratyny görerler”.

Hudaýyň şöhraty hut çölde aýan bolýar.

Geliň, biziň döwrümize çenli ýaşan mukaddesleriň jemagatyny goşulalyň. Geliň, Dawut, Musa, Pawlus, Ýusup we Hudaýyň beýleki beýik erkeleridir zenanlary ýaly Hudaýa arassa ellerimiz we päk ýüregimiz bilen ýakynlaşalyň!

3

# GEREK BOLAN ÇÖL

*“Öz gaýgy-gamlaryňyzy ýada salyň. Rebbiň sizi çöl bilen äkidişi, her gün azyk we egin-eşik bilen üpjün edişi barada oýlanyň. Hudaýyň siziň erbet terbiýäňize çydaýşy, zeýrenmeleriňize we “Müsüriň lezzetlerine” bolan ähli höwesleriňe geçirimlilik edişi barada oýlanyň. Ähli külpetleriňizde Hudaýyň merhemetiniň siz üçin ýeterlik bolandygy barada oýlanyň”.*

**- Çarlz Sperjen**

*“...Hudaýyňyz Rebbiň ... şu çölden sizi ýöredip, ...ýüregiňizde näme bardygyny, Onuň buýruklaryny ýerine ýetirýändigiňizi ýa-da ýerine ýetirmeýändigiňizi bilmek üçin, sizi Özüne boýun egdirip synaga saldy”.*

**- Kanun taglymaty 8:2**



Men çöle ilkinji gezek düşenimde bu meniň üçin uly sarsgyn boldy. Dogrymy aýtsam, Isa Mesihe eýeren ilkinji ýyllarym toýdan soňraky dowamly bal aýyna meňzeýärdi. Liza ikimiz Tehas ştanyň Dallas şäherinde ornaşdyk. Birnäçe wagtlap inžener bolup işlänimden soň, ýygnagymyzdaky hyzmat etmek wezipesini aldym. Meniň işim çopanyma we onuň aýalyna hyzmat etmek, biziň uly ýygnagymyza çykyş eymäge gelýän wagyzçylary garşylamakdan ybaratdy. Men şeýle begenýärdim! Men ýedi gat asmana çykandyryn öýdýärdim. Men dünýädäki Hoş Habaryň iň beýik hyzmatçylaryny garşylaýardym, sebäbi ýygnagymyz Amerikadaky iň tanymal ýygnaklaryň biridi.

Bu beýik milli we halkara öňbaşçylary howa menziline gelenlerinde, men öňlerinden çykýardym we ýygnaga ýa-da ýaşajak ýerlerine äkidýärdim. Olar bizde myhmançylykda bolanlarynda, men olary gatnadýardym we olar bilen bir saçak başynda oturýardym. Bu hyzmatdaky ilkinji ýyllarym ajaýypdy we durmuşdan doludy.

Ýöne soňra durmuşymda kynçylyklar başlandy. Örän uly kynçylyklar. Men şol döwürde çöle ugraýanymy bilemokdym, sebäbi Hudaý maňa muny äşgär etmändi. Bu Hudaýyň bizi terbiýeleýän ýeri. Bu biziň häsiýetimiziň ösüp, imanymyzyň berkeýän ýeri. Bu çöl – *gerek çöl*.

Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: siz bütin ömrüňize gul bolup, azatlygy ýaňy alan ysraýylly diýeliň. Siz ýaňy-ýakynda gorkunç, ýöne tolgundyryjy wakanyň şaýady bolduňyz: siz joşgunly suwlaryň serpigip, emele gelen iki diwaryň arasyndan geçdiňiz. Yzyňyza seredeniňizde

bolsa, şol sizi goran diwarlaryň duşmanlaryňyzyň üstüni örtendigini gördüňiz. Size ezýet berenler müdimilik ýok edildi! Siz Hudaýyň ýeňişli gutulyşyny görüp, begençden ýaňa toý tutup, tans etdiňiz. Siz Hudaýyň sizlikdigini duýup, özüňizi ýeňilmezek duýduňyz. Siz Onuň güýji we sadyklygy babatda asla şübhelenmezligi karar etdiňiz.

Ýöne indi hemme zat başgaça. Birnäçe gün geçdi; siz ýadadaňyz, suwsadyňyz, yssy ýakyp barýar. Siz wada berlen Topragyň bosagasynda duraňzok; muňa derek siz ýylandyr içýandan doly çölde maksatsyz enteýäňiz. Siz indi tans edeňzok we Rebbe deňizde gark edilen at bilen söweşijiler barada aýdym aýdaňzok. Siz öz ýolbaşçyňyza: *“Bizi Müsürden näme üçin çykardyň? Bizi, çagalarymyzy, mallarymyzy suwsuzlykdan öldürmek üçinmi?”* diýip zeýrenýäňiz.

Indi bolsa, geliň, siz barada gürrüň edeliň. Siz dogrudan-da Hudaý aljyraňňylyk bilen ümsümligiň höküm sürýän çöl-beýewanynda sizi maksatsyz entetmek üçin  gudratly güýji bilen duşmandan azat edendigine ynanýaňyzmy? Elbetde ýok! Ýöne özüňize wada berlen ýere ýetmek üçin siz çölden geçmeli.

Reb Ysraýylyň ogullaryny çöle äkitdi; Ol şeýdip bizi hem äkidýär. Sizi ol ýere şeýtan däl-de, Hudaý äkitdi. Bu gurakçylyk ýeri üçin Onuň maksady adatdan daşary meýli bar. Ol bizi ilki boýun egdirýär, soňra bolsa synaýar. Ol muny öz ýüreklerimiziň *hakyky* tebigatyny bilmegimiz üçin edýär.

Ol bizi nädip boýun egdirýär? *“Ol sizi Özüne boýun egdirip aç goýdy we manna bilen sizi naharlady” (Kanun taglymaty 8:3).* Ol ysraýyllary boýun egdirmek üçin aç goýdy. Munuň yzýanyndan bolsa Onuň olary manna bilen naharlandygy barada ýazylgy. Bu gapma-garşylyk ýaly görünýär. Ol olary manna bilen naharlap, nädip aç goýduka?

Manna – bu iň oňat iýmit; ol perişdeleriň iýmiti! Ylýas pygamber şondan bişirilen külçäniň iki sanysyny iýip, kyrk günlük ýoly geçmäge kuwwatlandy. Ysraýyllarda bolsa bu iýmit bolelindi. Olar çöregiň täzeje paýyny her säherde hepdäniň alty güni asmandan alýardylar, altynjy güni alnan manna bolsa täsin şekilde ýedinji gün üçin hem zaýalanman saklanyp galýardy. Hudaý olara manna gününden soň olar ýekeje gün-de

iýmitsiz galmady. Bu olar tä wada berlen Topragyň serhet araçägindäki düşelgä düşýänçäler dowam etdi.

Onda Hudaý näme üçin: *"Men sizi aç goýdum"* diýýärkä? Ol haýsy açlyk barada diýýärka? Muňa düşünmek üçin, olaryň nähili ýagdaýda bolandygyny göz öňüne getirip görüň. Mysal üçin, siziň ertirligiňize külçe bar diýeli, agşamlyk naharyňyzam şol külçe – diňe külçe bar. Mesgesiz, pisse ýagsyz, želesiz, şöhlatsyz ýa-da balyksyz; diňe çörek. Olar şeýdip diňe birnäçe gün ýa hepde iýmitlenmediler, olar kyrk ýyllap şeýle iýmitlendiler!

Men ýaşlar çopanykam, biz elli alty ýaş adamy Trinidada sekiz günlük missionerlik syýahatyna alyp gitdik. Trinidaddaky ýygnak bize nahar taýynlady, olar diýseň sahydy. Ýöne biz her gün towuk etini iýdik. Olar ony dürli görnüşde bişirýärdiler we tüwi, gök önümleri bilen berýärdiler, ýöne saçakda her gün diňe towuk eti bolýardy.

Sekiz günläp towuk etini iýenimizden soň biz haýsydyr ýene bir zatlara ajygýanymyzy duýduk. Biz öýe dolanyp gelenimizden soň, toparymyzdan bir ýaş oglan ejesinden günortanlyga nähili nahar bişirilendigini sorapdy. Ejesi: Towuk" diýen badyna ýaňky oglan gygyryp, ondan gamburger alyp bermegini sorady.

Trinidadda biz bary-ýogy sekiz günden gizlinlikde zeýrenip başlapdyk; kyrk ýyly göz öňüňize getirip bilýäňizmi? Dört ýyl däl, tutuş *kyrk ýyl* şol bir iýmit! Indi biz Hudaýyň olary nädip aç goýandygyny bilýäris. Ol olara islän zatlaryny däl-de, diri we sagdyn galmaklary üçin dogrudan-da gerek bolan zatlaryny berýärdi.

Olaryň ýagdaýynda ýene haýsy zat açlyk duýgusyny – özlerinde bolmadyk zada höwesi döredýärdi? Biz şu wakany okanymyzda, egin-eşikleriniň ýyrtylmandygyny we köwüşleriniň dargamandygyny täsin fakt saýyp bileris; maşgala býujetini, gör, nähili tygşatlap bolardy! Ýöne siz şol bir eşigi kyrk ýyllap geýip bilermidiňiz? Bu şeýle ýürekgysganç ahyryn! Söwda merkezlerine gitmezlik, döwrebap eşikleri onlaýn satyn almazlyk. Kyrk ýyllap şol bir goňur aýakgapda gezmek!

Hawa, olaryň esasy mätäçlikleriniň – yssydan we sowukdan goranmagyň öwezi doldurylýardy, ýöne olaryň isleýän zatlarynyň köpüsi ýokdy.

Onsoňam çölüň günüň-günündäki şol bir görnüşi barada oýlanyp görüň, birnäçe hepdeläp däl, kyrk ýyllap şol bir görnüş! Biz her gün çöle – şol bir kaktuslara, gamyşlara, takyrlara seredip, asuda akarlardan, gür tokaýlyklardan, ajaýyp üzümçilikden, owadan köllerden mahrum bolmagy islärmidik?

Olarda islän zatlary däl-de, gerek zatlary bardy. Şu nukdaýnazardan, geliň, şu aýady ýene-de bir gezek okalyň:

> "Ol sizi Özüne boýun egdirip aç goýdy we... manna bilen sizi naharlady. Ol muny ynsanyň diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem, Rebbiň agzyndan çykýan her bir sözi bilen hem ýaşap biljekdigine düşünsin diýip etdi" (Kanun taglymaty 8:3).

Hudaý olaryň tenleriniň isleglerini we ymtylyşlaryny berjaý edýän zatlaryň baryny ýoklamak üçin olary aç goýdy, ýöne esasy mätäçlikleriniň öwezini doldy. Bu açlyk-da olary synap gördi: Hudaý olaryň öz taşlan zatlaryna derek Özüni küýsäp-küýsemejeklerini göresi geldi. Olar Ony agtararmyka ýa-da tenleriniň küýseýän zatlaryny? Olar dogruçyllyga ajygarmy ýa-da amatly şertlere we lezzetlere? Gynansak-da, ysraýyllaryň ýürekleri olaryň açlygyny doýrup, teşneligini gandyryp biljek Ýeke-täge tarap däldi, şonuň üçin-de, olar bu synagdan geçip bilmediler.

> "Ysraýyllaryň arasyndaky gelmişeklerden ýygnananlaryň açgözlügi artdy. Hatda ysraýyllar hem sojaşyp, şeýle eňreýärdiler: 'Wah, indi et iýmäge-de zar bolduk. Müsürde mugtja iýýän balyklarymyz, hyýarlarymyz, gawunlarymyz, soganlarymyz, düýp soganlarymyz, sarymsaklarymyz ýat boldy-la. Mannadan başga görýän zadymyz bolmansoň, ysgyn-mydarymyz galmady" (Çölde 11:4-6).

Olar Müsürde galdyran zatlaryny ýatlaýardylar. Hatda eziji gulçulykdaky durmuş-da olara Hudaýyň äkiden şol gurak topragyndan gowy görünýärdi. Olar et barada zeýrenip, nalap başladylar. Hudaý hem olaryň nalasyny eşitdi:

## Çölden nädip geçmeli

**#3 Ýagdaýy öz eliňize almak meýline garşy duruň**

Özbaşdak we işjanly bolanlarymyz üçin çölde iň uly synaglaryň biri – haýsydyr bir zatlary etmäge synanyşmak. Reb bizi taşlap, onlarça kilometr uzaklykda ýaly bolup görnende, Onuň şalygy üçin hatda ujypsyzja zatlary etjek bolup şowsuzlyga uçranymyzda, sagatlap edýän dileglerimiziň netijesinde bolsa diňe çişen dyzlar bolanda, lapykeçlikden ýaňa hiç bolmanda bir zatlar ýaly bolar her zady etmäge synanyşýarys. Bu erbet pikir. Aslynda, çölde köp zatlat bolup geçmeýär; ol ýerde biraz suw we şol bir iýmit bar. Şeýle gurakçylykda biz durmuşyň edýän zatlarymyzdan ýa-da özümizdäki zatlardan has uly zatdygyny öwrenýäris. Durmuşyň manysy Hudaýy ýakyndan tanamak we Onuň isleglerini günde berjaý etmek.

Meniň çöllerimiň birinde her gün maňa hepde, her hepde bolsa bir aý bolup göründi, sebäbi mende görnüş, ot

“Olar (eti, ýagny bedene guşlary) gerk-gäbe iýip doýdular, sebäbi
Ol olaryň küýsän zadyny berdi...”
Ol olaryň dileglerini bitirdi, emma üstlerine gyrgyn iberdi”
(Zebur 77:29; 105:15).

Olar öz islän zatlaryny aldylar, ýöne bu olara örän gymmada düşdi. Olar bu et bilen öz janlaryna bitmeýän ýara aldylar. Olar bu ýara ýa-da ejizlikleri üçin durnuky bolup, öz synaglaryndan geçip bilmediler; netijede bolsa wada berlen Topraga girip bilmediler. Olaryň günäsi et dilemekleri däl-de, bu dilegiň özüdi. Bu dileg olaryň ýürekleriniň Hudaý, Onuň äkidişi we aladasy babatdaky näşükürliligini görkezýärdi. Bu dileg Müsürde galan ýaşaýyşlaryna bolan güýçli höweslerini mälim edýärdi. Olar şol ýaşaýşyň

we ymtylyş ýok diýen ýalydy. Ýöne men şonda-da öz ýolumy dowam etmelidim. Men ýöremelidim we ýüregimde bolan Hudaýyň Sözünden kuwwatlanmalydym, iň oňat tärde hyzmat etmelidim, ýygnaklara barmalydym, takatsyzlykdan ýaňa döreýän oýlanyşyksyz hereketlerden saklanmalydym. Men özümiň hut Hudaýyň meni görmek isleýän ýerimdedigimi mydama özüme ýatladyp gezýärdim. Ol wagtyny biderek sowranokdy, Ol Öz wadalaryny berjaý etmekçi bolýardy.

Onsoňam, çöl – bu öz-özüňi öňe sürmegiň ýeri däl. Ýadyňyzda bolsun: siz päklenýärsiňiz we taýýarlanýarsyňyz, şonuň üçin-de, günäniň her dürli aldawyna düşmän, oňa garşy durup bileriňiz ýaly, yhlasly bolmalysyňyz.

Rebbiň çölde çekýän ýolunda bolanyňyzda, hemişe Onuň ýanyndan ýöräň. Ol göwnüňize örän haýal ýöreýän ýaly bolup görnen ýagdaýlarynda Ondan ozup öňe geçmekden saklanyň!

diňe ýakymly taraplaryny ýatlap, özleriniň gul bolandyklaryny unudýardylar.

Bu biziň hemmämiz üçin aýňaldyjy sapakdyr. Eger biz wada Berýäniň Özüne däl-de, diňe berlen wadalara ymtylýan bolsak, onda durmuşymyzyň çöllerini geçmäge gerek bolan güýç bolmaz. Şonda biz geçmişdäki oňat günleri ýatlap başlarys; aslynda bolsa şol günler oňat hem däldi, olar gulçulyk günleridi.

Reb Hudaýy size *berjek zatlary* ýa-da siziň üçin *edip işleri* üçin agtarmak bir zat, Ony hut Öz *hatyrasy* üçin agtarmak bütinleý başga zat. Birinji wariant betnebisdir; şeýle niýet iň oňat ýagdaýynda sizi Hudaý bilen kämil bolmadyk gatnaşyklara eltip biler. Ýöne Hudaýy Onuň hut Özi üçin agtarmaklyk ýakyn we güýçli gatnaşyklary ýola goýar. Şeýle gatnaşyklary biziň hemmämiz isleýändiris.

## Mukaddes ýetmezçilik

Biziň edil garaşyşymyz ýaly, gurak çöldäki durmuşyň resurs ýetmezçiligi bar. Şeýle wagtda siz duýgy, beden we maddy taýdan isleýän zatlaryňyzy däl-de, diňe gerek zatlaryňyzy alýarsyňyz. Hudaý siziň esasy mätäçlikleriňiz barada alada etmäge wada berdi; şoňa görä-de, çölde Ol ähli zady bolelin däl-de, günde gerek çöregi berýär.

Biz Amerikada adamlar abadançylykda ýaşanlarynda, olar saýlama doňuz etini iýýäris diýip aýdýarys. Çölde doňuz eti bütinleý ýok. Bu ýagdaý mahrum bolmaklygyň dürli görnüşlerini öz içine alyp bilýär. Şeýle wagtda siziň isleýän jemgyýetçilik durmuşyňyz däl-de, hut size geregi bolar. Çölde Hudaý size ruhy taýdan nämeleriň gerekdigini bilýär; bu siziň gerek hasaplaýan zadyňyz-da bolup bilýär! Şeýle ýagdaýlarda Ol siziň mätäçlikleriňiziň öwezini dolýar we islegleriňizi hökman berjaý edip durmaýar.

Çölüň maksady – bizi päklemek we berkitmek. Biz Onuň üpjünçiligine däl-de, Onuň ýüregine ymtylmalydyrys. Şonda bolelinlik döwri gelende, biz bu bolelinligi Reb Hudaýymyzyň Öz ähtini berkarar etmek üçin berýändigini unutmarys (Kanun taglymaty 8:2-18).

Düýpli bir mesele bar – biziň mätäçlikler we islegler baradaky düşünjämiz hakykatdakydan tapawutlanýar. Biz öz isleglerimizi mätäçlik diýip atlandyrýarys, aslynda welin bu beýle däl! Belki, biziň köpimize heniz-de Pawlusyň şeýle sözler arkaly näme diýjek bolýandygyna düşünmek gerek:

> “Men muny nämedir bir zada mätäç bolanym üçin aýtmaýaryn. Sebäbi her ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy (hiç alada etmezlik ýa gaýgy etmezlik derejesindäki kanagatlylygy) öwrenendirin. Men mätäçligiň-de, bolelinligiň-de nämedigini bilýärin. Men doklukda ýa açlykda, bolelinlikde ýa mätäçlikde ýaşasam-da, garaz, her ýagdaýda we her halda kanagatly bolmagyň tärini öwrendim. Maňa kuwwat berýän Isa Mesih arkaly ähli zady başarýaryn” (Filipililere 4:11-13, AMPC).

Pawlus Isa Mesihiň güýji bilen gurakçylyk döwründe-de, bolelinlik döwründe-de deň derejede kanagatly bolmagy öwrendi. Meniň göwnüme, biz Günbatar ýygnagynda kanagatly bolmagy öwretmän gitdik; bu ýerde, gynansak-da, bolelinlikde ýaşaýanlaryň köpüsi mätäçlikde ýaşaýanlardan has kanagatly däl. Eger biz öz pikirimizçe hakly zadymyza eýe bolmasak, özümizi mahrum edilen hasaplaýarys. Biz adamyň häsiýetiniň we imanynyň gadyryny bilmäge derek, oňa ruhy derejesi, emlägi, üstünligi ýa-da jemgyýetçilik derejesi boýunça baha berýäris.

Ysraýyll Müsürden uly emläk – müsürlilerden alnan altyn-kümüşden ýasalan zatlar we owadan eşikler bilen çykdy. Olar bu gymmatbaha zatlary çölde but ýasanmaga ulandylar we şol butlaryň öňünde tans oýnamak üçin owadan eşikleri geýdiler. Bu emlägiň dogruçyllykdan habar bermänligi aýdyň zat. Olaryň arasynda diňe iki sanysy dogruçylyk häsiýetine eýe bolup, wada berlen topraga girip, ony eýelediler. Wada berlen Topraga diňe Nun ogly Ýeşuwa bilen Kaleb girdi, sebäbi olaryň ruhy başgady – olar Hudaýa doly tabyndylar (Çölde 14:24).

Biziň gymmatlyklar baradaky düşünjämiz ýoýulan. Biz birek-birege aslynda kimdigimize görä däl-de, emlägimize görä baha berýäris.

Başga bir tarapdan, köplenç, mesihiler maliýe bolelinlige ýetenlerinde ýa-da ýolbaşçy we abraýly wezipeleri eýelänlerinde, muňa islän zatlaryny etmäge Hudaý tarapyndan hakly edilen hökmünde garaýarlar! Olar pullaryny öz isleglerine harçlap, islän zatlaryny satyn alýarlar ýa-da wezipesiniň abraýyny öz şahsy bähbitleri üçin ulanýarlar. Şeýle edýän adamlar, kada bolşy ýaly, gurakçylyk döwründäki synaglaryň hötdesinden gelip bilmändir. Hakykatda welin, maddy ýalkanyşlar we uly ygtyýarlylyk Hudaýyň maksatlaryna we ugrukdyrmasyna eýermek üçin, bizi Hudaýa has-da köp garaşly bolmaga eltmelidir.

Isa Mesihiň Öz hyzmatyna nähili garandygy barada oýlanyp görüň. Onuň şahsy bähbitlerine eýermek niýeti ýokdy. Ol günämizi, kesellerimizi we ölüm jezamyzy Öz üstüne aldy. Ol hiç bir günä etmese-de, biziň abadançylygymyzy Özüniňkiden has wajyp saýdy. Onuň durmuşynyň we hyzmatynyň maksady betnebislik däl-de, Özüni

gurban etmeklikdi. Ol Özüni ret etmek bilen peşgeşleriň iň beýigini – baky durmuşy berdi.

Hudaý şeýle häsiýet kämilligini çöldekäk ösdürýär. Çöl – bu Ruhuň miwesiniň ýetişýän ýeri. Biz Ony bilmegiň güýçli höwesinden hereket edenimizde, Ol kimin hereket etmegi öwrenýäris.

# 4

# ÖZARA GATNAŞYK

*“Içki durmuş rejelenenden badyna köp kynçylyklaryň öz-özünden ýitirim bolşuna haýran galaýmaly”.*

**– E. U. Tozer**

*“Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň”.*

**– Ýohanna 14:15 (NET)**

Bize çöle ýöriş etdirmek bilen Hudaý hut Özi üçin näme agtarýarka? Biz özümiz üçin bähbitli bolan taraplaryna garap geçdik, muny indiki sahypalarda hem dowam ederis. Ýöne bu ýörişde Hudaý üçin haýsydyr bir zatlar barmy? Elbetde bar. Ol biziň gatnaşyk derejämizi ýokarlandyrasy gelýär. Gynansak-da, biziň köpimiz Hudaý bilen gatnaşygymyzy öz şahsy maksatlarymyz üçin ulanmaga ýykgyn edýäris we Oňa bolan söýgimiziň gowşamagyna ýol berýäris.

Men Liza bilen adaglanan döwrümde oňa jan-tenden aşykdym. Men ol barada dyngysyz pikir edýärdim. Men onuň bilen köpden-köp wagt geçirmek üçin elimden gelenini aýamaýardym. Eger oňa bir zat gerek bolsa, işlidigime garamazdan, maşynyma tarap ylgap, oňa gerek zadyny ýetirýärdim.

Bir gezek onuň ene-atasynyň öýünde takmynan bäş sagat bile oturanymyz ýadymda. Men olardan göwünsizlik bilen gaýtdym. Men öýe gelen badyma telefon jyňňardady. Bu Lizady. Ol özüniň näzik we mylaýym sesi bilen: “Ezizim, sen penjegiňi bizde galdyrypsyň” diýdi.

Bu meniň gulagyma ajaýyp mukam bolup eşidildi. Men ikirjiňlenmän: “Onda men hökman yzyma baryp, ony alaýmaly” diýip jogap berdim.

Men şeýle-de etdim we biz ýene üç-dört sagady bile geçirdik. Bu diýseň ajaýyp gündi.

Şol günlerde eger ol ýarygije jaň edip: “Ezizim, men doňdurma iýesim gelýär” diýen bolsady, men begenç bilen: “On minutdan seniňkä ýetýän! Haýsy tagamlysyny elteýin?” diýerdim. Men onuň bilen bolmak üçin

wagt we bahana gözleýärdim. Öz güýçli söýgim sebäpli men onuň islän zadyny berjaý etmäge özümi bagtly saýýardym. Men bularyň baryny öz söýgimi *subut etmek* üçin däl-de, ony *söýýänligim* üçin edýärdim.

Meni ol barada gürlemäge mejbur etmeli däldi... men diňlemäge isleg bildirenleriň barynyň ýanynda ony öwýärdim. Eger kimdir biri bilen söhbetdeşligimiziň arasynda dymyşlyk emele gelse, men mowzugy ýeňillik bilen çalşyp, Liza we geljekki toýumyz barada gürrüň edip başlaýardym. Men aşykdym!

Emma nikalaşanymyzdan birnäçe ýyl soň meniň ünsüm sport, dostlarym bilen gatnaşmak we esasan hem hyzmata gönükdirildi. Men indi onuň bilen wagt geçiresim ýa-da onuň üçin haýsydyr bir zatlary edesim gelenokdy. Men Liza barada köp pikirlenmeýärdim. Men oňa sowgatlary diňe Roždestwoda, ýyl senelerinde we doglan günlerinde edýärdim, galyberse-de, men muny göwünsizlik bilen edýärdim. Bir gezek men oňa hatda Walentiniň gününde sowgat almagy-da unudypdym. Bu onuň göwnüne degdi. Meniň ötünç soramakdan başga çykalgam ýokdy. Iň gynançly ýerem, öz kämilsizligim zerarly nikamyzyň möwsümleriniň alamatlaryna düşünmeýärdim. Biziň gatnaşyklarymyz dartgynlaşyp başlady; meniň ilkinji söýgim kem-kemden ölýärdi!

Men Hudaýyň ünsümi ahyrda bu meselä gönükdirip, ýüregimi özgerdeni üçin Oňa diýseň minnetdar. Ol maňa nähili egoiste öwrülendigimi görkezdi. Hudaý Öz rehimdarlygy bilen söýgimiziň oduny tutaşdyryp, nikamyza şypa berdi.

Şuňa meňzeş bir ýagdaý Hudaý bilen gatnaşygymyzda hem bolup bilýär. Isa Mesihe eýerýänleriň köpüsi amatly durmuşyň ýa-da tapgyryň belli bir derejesine ýetenlerinde, ýetilen sepgitleri saklajak bolup, ondan artyga ymtylmagy bes edýärler. Olar Hudaýy mundan artyk küýsemeýärler. Olar özlerini başgalar bilen deňeşdirmek ýa-da ýeterlik diýip hasaplaýan derejesiniň esasynda öz ruhy ülňülerini kesgitleýärler. Olar Hudaýy Şahs hökmünde köpden-köp bilmäge indi ymtylmaýarlar. Olar indi Hudaýy Ony tanamak üçin däl-de, ýalkanyşlary üçin agtarýarlar. Adamlar Hudaýdan özlerine tarap öwrülip, ýüreklerinde azaşýarlar.

Olaryň mesihiler bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürmegi, Ýygnakdaky abraýyny we ýagdaýyny bina etmegi mümkin, ýöne olar indi özlerine ýaşaýşy Berýäne tarap ymtylmaýarlar.

Biz Hudaýy ýakyn gatnaşyklary saklamak üçin däl-de, Ondan bähbitleri we ýalkanyşlary almak üçin agtaranymyzda, aňsat azaşýarys. Geliň, dogrymyzdan geleliň: biz wagty dilegde geçirýändigimiz üçin özümizi öwýäris, ýöne muňa Onuň nukdaýnazaryndan garasak, Ony ulanjak bolanýandygymyza düşünerdik. Mätäçlik döwründe biz Hudaýy ýardamyň gözbaşyna öwrüp, peseldýäris. Ýöne Ol bizi juda söýensoň, bu aldawda goýmaz. Ol Isa Mesihi agtaranlaryň köpüsi üçin edenlerini biziň üçin hem eder:

> “Ertesi gün kölüň beýleki kenarynda galan mähelle...Isanyň-da, Onuň şägirtleriniň-de ol ýerde ýokdugyny görende gaýyklara münüp, Isany gözlemäge Kapernauma tarap gitdi. Ony kölüň aňry tarapyndan tapyp: ‘Mugallym, bu ýere haçan geldiň?’ diýip soradylar. Isa olara: ‘Men size dogrusyny aýdýaryn, siz Meni gudrat göreniňiz üçin däl-de, çörek iýip doýanyňyz üçin agtarýarsyňyz’ diýdi” (Ýohanna 6:22-26).

Isa Mesih biziň hereketlerimiziň asyl niýetini bilýär. Mähelle Ony gözläp gelende, olaryň gudratlary we alamatlary görüp, olara düşünmäge däl-de, başga ýalkanyşy (mugt nahary) agtaryp gelendigini saýgardy. Alamatlar gönükdirýär ýa-da maglumat berýär; ol ünsi özüne çekmeýär. Isa Mesih bu mähelläniň Ony aýan edýän alamatlar sebäpli däl-de, öz garynlaryny doýurmak üçin Oňa eýerendigini bilýärdi.

Size mätäç bolup ýa-da sizden haýsydyr bir zat gerek bolanda jaň edýän tanşyňyz barmy? Ýa mundan-da beteri, siz bilen dostlaşjak bolup, soňra-da sizden diňe haýsydyr bir zady – tanyşlaryňyzy, puluňyzy, maddy gymmatlyklaryňyzy almakçy bolan adam bilen gatnaşyp görüpmidiňiz? Şeýle adam siz barada alada etmeýärdi, sizi söýmeýärdi; ol sizi diňe öz bähbidi üçin ulanypdy. Ulanylan bolmak şeýle *agyryly* bolýar!

Şeýle egoistik gatnaşyklar biziň jemgyýetimize, şeýle-de Isa Mesihiň

tenine aralaşdy. Ýygnakda köp adamlar nägile; olaryň Isa Mesihe bolan söýgüsi sowady. Olar Rebbe Ony joşgunly söýýändikleri üçin däl-de, şahsy bähbitleri üçin hyzmat edýärler. Şonuň üçin-de, Hudaý olaryň isleglerini berjaý edýärkä, olar bagtly we ruhubelent. Ýöne kynçylyklar gelip, durmuş agyrlaşanda, ýürekleriniň asyl niýetleri äşgär bolýar.

Adam ähli ünsüni özünde jemlese, nägilelikden sowa geçip bolmaz. Näme üçin? Sebäbi biziň ählimiz ahyrsoňy kynçylyklara we bulam-bujarlyga uçrarys. Onsoň şonda egoizmden möwç alýan nägilelik başlanar. Kynçylyklar näçe dowam etse, nägililek hem şonça dowam eder. Biz muny ysraýyllaryň durmuşyndan görýäris. Reb olary faraonyň golastyndaky müsür gulçulygynyň jebir-jepalaryndan boşadanda, adamlar begendiler:

> “Soňra Harunyň aýal dogany Merýem pygamber eline depregini aldy. Hemme aýallar hem depreklerini çalyp, tans edip, onuň yzyna düşdüler. Merýem olara şu aýdymy aýtdy: ‘Rebbe nagma aýdyň. Ol şöhratly ýeňiş gazandy. Aty çapyksuwary bilen deňze gapgardy’” (Müsürden çykyş 15:20-21).

Ysraýyllaryň begenjiniň çeni-çaky ýokdy. Olar Hudaýyň özlerini gulçulykdan boşadan häsiýetlerine – Onuň belentligine, gudratly güýjüne we ýagşylygyna diýseň haýran galdylar. Emma bary-ýogy üç günden – olar Sur çölüniň ajy suwlaryna ýetenlerinde: “Biz näme içmeli?” diýip zeýrenmäge başladylar (Müsürden çykyş 15:24). Olaryň zeýrençleri biderekdi. Ýaňy-ýakynda Gyzyl deňzi ikä bölen Hudaý, heý-de, olara agyz suwuny bermezmi? Mundan üç gün ozal gahryman lider Musa öňküligini ýitirdimi näme?

Hudaý ajy suwy dogrudan-da süýji suwa öwürdi. Ýöne bu gudrat hem tizara unudyldy. Adamlar birnäçe günden ýene-de, ýöne bu gezek iýmit sebäpli nägile bolup zeýrendiler. Olar: “Hudaý boşatmazdan öňki durmuşymyz gowudy” diýip hüňürdeýärdiler. Dogrudanmy? Eýsem arkalarynda gözegçileriň gamçysyny duýup, kerpiç ýasanlary gowy boldumyka?

> “Olar şeýle diýdiler: ‘Biz Rebbiň elinden Müsürde ölen bolsak gowy bolardy. Biz ol ýerde etli gazanlar ataryp, doýýançak nahar iýerdik. Siz bolsa bu tutuş jemagaty açlykdan öldürmek üçin çöle getiripsiňiz’” (Müsürden çykyş 16:2-3).

Kyn, gurakçylyk döwründe nägilelik başlanda, ol adatça liderlere, maşgala agzalaryna, duşmanlara we hatda hökümete gönükdirilen bolýar. Biziň köpimiz (gorkudan ýaňa) Hudaý betbagtlyklarymyzyň gözbaşy boldy diýip aýdyp bilmeris. Edil şeýle tärde ysraýyllar hem Musa bilen Haruna zeýrenýärdiler, aslynda welin *“Reb bizi aldady!”* diýip pikir edýärdiler. Musa muňa aýdyň düşünýärdi we olara aç-açan: “Siziň igençleriňiz bize däl-de, Rebbe garşydyr” diýdi (Müsürden çykyş 16:8).

Çöl ýüregimiziň asyl niýetini açyp görkezýär; ol bu niýetleriň diňe özüňi bilmeklikmi ýa-da janaýamazlykdygyny mälim edýär. Mukaddes Ruhdan ýüregiňizde aslynda nämeleriň bolup geçýändigini we niýetleriňiziň nähilidigini açyp görkezmegini soraň. Sizi çölde zeýrenmäge mejbur edip, haýsy gatnaşyklar we haýsy häsiýetler sizi “Müsür” gulçulygyňyzda saklaýar? Gelejekde üstünlikli bolmak üçin, Onuň söýgi bilen berýän terbiýesi üçin dogruçyl we açyk bolmak şeýle wajypdyr.

Biziň her birimiz üçin bolan oňat habar şudur: hiç bir zat bize toba edip, ýüregimiziň ýagdaýyny üýtgetmäge päsgel berip bilmez. Biz göz-açyp ýumasy salymda zeýrenmegi bes edip, Hudaýy gözbaş hökmünde ulanmaga derek, Onuň bilen gatnaşygy ýola goýup bilýäris.

Şunlukda, Hudaý bize bolan söýgüsi sebäpli bizi çöle ugradyp bilýär.

## Hudaý formuladan uly

Hudaý ysraýyllaryň maksady däldi; şonuň üçin-de olar Onuň ýörel-gelerini saýgaryp bilmediler. Olar Hudaýyň beýik işlerinden ruhlanýardy-lar, ýöne Onuň gudratly güýjüniň aýan bolmadyk wagty Ondan aýrylyp gidýärdiler. Musa daga çykanda, olar Hudaýdan dänip, oýnap başladyar.

## Çölden nädip geçmeli

**#4 Meýilnamaňyzy anyklaň**

Meniň ir döwürdäki çöl gaýgylarymyň dowamynda položitel garaýşy saklamak kyn düşýärdi, sebäbi hiç zat özgermez öýdýärdim. Aslynda welin meni garaşmaklyk däl-de, şol garaşmaklygyň dowamynda duýýan agyrylarym gaýgylandyrýardy. Hudaý maňa ýurtlara aýlanyp wagyz etjekdigim baradaky arzuwy beripdi. Men şu arzuwyň hasyl bolmagyna päsgel berýän bir ýagdaýdan diýseň ýadapdym. Şonda Reb bu çöli meni arassalamak üçin ulanýandygyny aýtdy. Günleriň birinde bolsa, men bu çölüň näme üçin beýle uzandygyny sorap dileg edenimde, Reb maňa: “Men seniň kime ýa nämä hyzmat etmek isleýäniňi göresim gelýär. Sen Maňa hyzmat etjekmi ýa-da arzuwyňa?” diýip ýatlatdy.

Bu dogrudan-da meniň ünsümi çekdi! Men, ine, şu ikisinden haýsysynyň bardygyny anyklamak üçin, has köp oýlanyp, dileg etmelidim: men öz arzuwymy – Hoş Habary bütin dünýä wagyz etmek arzuwymy amal edesim gelýärmi? Ýa-da has oňat maksadym, ýagny Hudaýa doly bil baglap, Onuň meniň bilen gürleşjek we durmuşymda hereket etjek wagtyna garaşmak maksadym barmy? Şonda meniň isleglerim Onuň isleglerine gabat geler.

Şoňa görä-de, meniň size berjek maslahatym, ine, şeýle: Hudaýyň size beren ajaýyp arzuwynyň Onuň huzuryndaky durmuşdan we Ataňyzyň isleglerini berjaý etmekden has wajyp zada dönmegine ýol bermäň.

Olar gutulyşyň diňe bähbitleri bilen oňňut etdiler. Olar Hudaýa ýakynlaşmaga, Ony ýakyndan tanamaga ymtylmaýardylar.

Çölde günleriň birinde Hudaý Musa aşaga düşüp, adamlara özlerini päklemelidigi barada aýtmagy buýurdy. Sebäbi Ol Sinaý dagyna baryp,

Musa bilen gürleşişi ýaly, halk bilen hem gürleşmekçi boldy. Emma şol gün ýetip gelende we Reb Öz gudratly şöhratynda we şanlylygynyň äşgärliginde gelende, adamlar muňa çydap bilmediler:

> "Ähli ysraýyllar gök gürrüldisini, ýyldyrym çakyşyny we surnaýyň sesini eşidip, dagyň bolsa, tüsseleýändigini görüp, gorkudan ýaňa titreşdiler we uzakda durdular. Olar Musa: 'Bize sen geple, biz eşideris, ýöne, goý, Hudaý bize geplemesin, ýogsam, biz öleris' diýdiler" (Müsürden çykyş 20:18-19).

Olar Musa ýalbaryp, şeýle diýdiler: "Hudaý bilen bize derek sen gepleş we Onuň näme diýýänini bize aýt, biz hem aýdanlaryny ederis" (parafraz). Olar Hudaý bilen *ikitaraplaýyn gatnaşyk* etmezden, Ony peýdalanmak ýaly egeoistik isleglerini ýene-de äşgär etdiler. Belki, olaryň ýagşy niýetleri bolandyr – olar Hudaýyň Sözüni saklasy gelendir; ýöne Onuň bilen ýakyn gatnaşyk saklamazdan, olar Onuň yzyna doly eýerip bilmezdiler.

Ysraýyllar özara gatnaşyga derek ähli meseleleriniň çözgüdini alasy geldi, Hudaý hem jogap berip, olara On Tabşyrygy berdi. Ýöne bu hem meseläni çözmedi. Adamlar bu tabşyryklara eýerip bilmeýändigini nesilme-nesil subut etdi.

Şu günki nesil barada näme aýdyp bolar? Biziň näçämiz iň gowy niýetden Hudaýyň ýörelgelerini saklasymyz gelýär? Biz äht edýäris, söz berýäris we olary berjaý etmeýäris, biz muny tä bu "ýüküň" astynda maýrylýançak dowam edýäris, onsoň dilegde sesimizi zordan çykaryp bilýäris. Biz haýsydyr bir çopany, öz ýanýoldaşymyzy ýa-da söýgüli blogerimizi diňläp başlaýarys. Şeýdip, olaryň Hudaýy agtarmasyny haýsydyr bir tärde özümize degişli edip, Onuň bilen gatnaşygymyzy gowulandyrmaga umyt baglaýarys. Ysraýyllar ýaly, Hudaý bilen janly we şahsy gatnaşyklary saklamazdan, Onuň Sözüni, ýagny tabşyryklaryny saklasymyz gelýär. Isa Mesih Ýohanna 14:21-de şeýle diýýär: "Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni söýýändir. Meni söýýäni Atam-da

söýer. Men hem ony söýerin we Özümi oňa aýan ederin”.

Men şu aýady okanymda, Reb: “Jon, eger sen Meniň tabşyryklarymy saklasaň, Meni söýýändigiňi subut ederşiň” diýýärmikä diýip düşünýärdim. Ýöne günleriň birinde Reb şu aýady gaýtadan okamagy sorady. Men ony okap bolanymdan soň, Ol: “Sen heniz-de Meniň diýjek bolýanyma düşüneňok; bu aýady ýene bir gezek oka” diýdi. “Bolýar, Reb”. Bu men aýady dokuz-on gezek okaýançam dowam etdi.

Men ahyrda: “Ýa Reb, bilimsizligimi bagyşla, Seniň näme diýjek bolýanyňy görkezäý-dä!” diýip ýalbardym.

Ol: “Jon, Men seniň tabşyryklarymy saklamak bilen Meni söýýänligiňi subut edýäň diýemok”, - diýdi. “Seniň Meni söýüp-söýmeýänligiňi eýýäm bilýärin! Men eger adam Maňa jan-tenden aşyk bolsa, Meniň tabşyryklarymy saklamaga ukyply bolar diýip aýdýaryn”.

Men düşündim! Bu kanun däl-de, ikitaraplaýyn gatnaşyk. Men tabşyryga kanun hökmünde garaýardym, ýöne Ol maňa özara gatnaşygyň wajyplygyny aýan etdi.

- Hudaýy düzgünler we kararlar arkaly tanap bolmaýar.
- Hudaýy usullar arkaly tapyp bolmaýar.
- Mukaddes we Gudratygüýçli Hudaýy haýsydyr bir formula galybyna salyp bolmaýar.

Ýöne biziň köpimiz Reb barada hut şeýle pikir edýär. Biz Hudaý bilen gatnaşyklary kanunlar we formulalar bilen, mysal üçin, bagtly durmuşa eltýän ýedi ädim, gutulyşa eltýän dört ädim, üstünlikli gatnaşygyň bäş tarapy, jogap berlen dilegiň barlanan usuly ýaly “galyplar” bilen çalyşýarys. Biz Hudaý haýsydyr bir tärde wadalar gutusy bilen çäklendirilip, olary gerek wagty gezek-gezegine gutudan çykaryp bolýar öýdýäris. Eger adamlar Hudaý şeýdip ýakynlaşýan bolsalar, olaryň günäni ýeňip bilmeýändigine geň galmak gerekmi?

Hudaý öz-özüňi kämil etmegiň iň täze formulasy däl. Ol Diri Hudaý, Ol Öz perzentlerinde – sizde we mende ýaşaýar. Ol bizi tanamak isleýär, tutuş durmuşymyza we ähli işlerimize gatnaşasy gelýär! Onuň makady

– ýürekden söhbetdeş bolmak. Öz söýgimiziň sowamagyna ýol berýän ynsan häsiýetimiziň nazaryndan, Isa Mesihiň näme üçin şeýle diýýänine düşünseňiz gerek:

> “Emma sende oňlamaýan bir zadym bar: sen Meni ilkibaşda söýşüň ýaly söýmeýärsiň. Şonuň üçin, haýsy belentlikden ýykylanyňy ýadyňa sal! Toba et-de, ilkibaşda eden işleriňi amal et! Eger toba gelmeseň, ýanyňa baryp, çyradanyňy ýerinden aýraryn” (Aýanlyk 2:4-5).

Beýleki ysraýyllardan tapawutlylykda, Musa Hudaýa uzakdan sežde etmäge kanagat edenokdy. Ol Hudaýyň huzurynyň äşgärligini görende, yza çekilmedi. Ol öňe gitdi. Müsürden çykyş 20:21-de şeýle ýazylan: “Musa Hudaýyň bolýan tüm garaňkylygyna ýakynlaşanda, adamlar uzakda durdular”. Musa ygtyýarlygynyň we abraýynyň bardygyna, üç million adamdan ybarat halka öňbaşçylyk edýändigine we Köne Ähtiň iň ajaýyp gudratlaryna gatnaşan adamdygyna garamazdan, bu zatlaryň ony öz-özünden kanagatlandyryp bilmejekdigini bilýärdi. Şol ajaýyp gudratlary we alamatlary başdan geçirenden soň onuň eden dilegini okaň:

> “Eger men dogrudan-da, Seniň göwnüňden turan bolsam, maňa Öz ýollaryňy görkez. Şonda men Seni gowy tanap, nazaryňda ýene-de merhemet taparyn. Ýatdan çykarma, bu millet Seniň Öz halkyňdyr...eger Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi bu ýerden gitmeli etme...ýalbarýan, maňa şöhratyňy görkezäý” (Müsürden çykyş 33:13-18).

Hudaý Musa jomart teklip etdi: ýowuz çölüň ortarasynda Hudaý oňa ysraýyllary alyp, wada berlen Topraga äkitmegi buýurdy. Hudaý hatda olary şol topraga sag-aman aşyrjak bir güýçli perişdesini ibermegi-de teklip etdi. Ol Musa bu topragyň näderejede gowudygyny ýatlatdy; ol ýerde süýt bilen bal akýardy, owadan tebigaty, kölleri we baglary bardy.

Ýöne Hudaý Özüniň ol ýere gitmejekdigini aýtdy. Musa muny eşiden badyna, Hudaýyň jomart teklibini ret edýär. Bu “Seniň wadalaryňy alyp, Sensiz galanymdan, gowusy wadalaryňsyz Seniň huzuryňda galaýyn” diýdigi boldy. Musanyň Hudaýy şeýle küýsemegi Onuň göwnünden turandygyna ynanýaryn.

Musa ondan-da köp isleýärdi; şonuň üçin-de, batyrgaýlyk bilen şeýle diýýär: “Maňa Öz ýollaryňy görkez. Şonda men Seni gowy tanaryn” (Müsürden çykyş 33:13). Hudaýy tanamak üçin, biz Onuň ýollaryny bilmeli! Ol Öz ýollaryny Özünden diňe güýji we üpjünçiligi agtarýanlara däl-de, Ony tüýs ýürekden agtarýanlara görkezýär. Onuň ýüregini bilýän adamlar Onuň güýjünde gezerler: “...öz Hudaýyna wepaly halk berk durup, hereket eder” (Danyýel 11:32).

Men hyzmata  başlan badyma her gün irden bir sagatdan iki sagada çenli dilegde geçirýärdim. Meniň dileglerim şeýleräkdi: “Hudaý, adamlary halas etmek, syrkawlara şypa bermek we arwah-jynlary kowmak üçin meni ulan”. Men şeýleräk manyda dürli sözleri ulanyp, dileg etmegi dowam edýärdim. Men abraýly hyzmat barada Hudaýa ýalbarmak bilen, özümi örän janypkeş saýýardym.

Ýöne günleriň birinde Reb maňa şeýle gürledi: “Ogul, seniň dilegleriň egoistik we nyşandan sowa geçýär”. Men Onuň aýdanlaryna aňka-taňka boldum.

Ol: “Seni şularyň baryny etmäge näme höweslendirýär” – diýip sorady. – “Men senden dyngysyz: ‘...meni ulan’ diýip aýdýanyňy eşidýän. Dilegleriň merkezinde sen dursuň. Men seni janlary halas etmek, arwah-jynlary kowmak, syrkawlara şypa bermek üçin ýaradamok. Men seni ýakyn gatnaşyk üçin ýaratdym; seniň maksadyň-da, ine, şodur”.

Men gaty haýran galdym. Şonda Ol asla meniň unutmajak sözlerimi aýtdy: “Ýudas Isa Mesihiň ady bilen adamlary halas etdi, syrkawlara şypa berdi!” Dogrudan-da, Isa Mesih Onkileri iberende, Ol hemmesini, şol sanda Ýudasy – soňra Oňa hyýanat edeni hem iberdi. Men ünsümi nädogry zatlara gönükdiripdirin. Hudaýyň biz babatdaky maksady – Onuň gökler sylagy – Isa Mesihi tanamak (Filipililer 3:10).

Birnäçe ýyl geçenden soň Liza hem ýygnaga taýynlanýarka, takmynan şeýleräk zat diläpdi. Şol gün ol Reb bilen söhbetdeş boldy. Ol oňa: “Liza, Men adamlary *ulanmaýaryn*; Men olary mesh edýärin, şypa berýärin, özgerdýärin, olary Öz keşbime özgerdýärin, ýöne Men olary *ulanmaýaryn*” diýdi. Soňra sözüni dowam edip: “Liza, joralaňdan kimdir biri seni ulanyp görüpmidi?” diýip sorady.

“Hawa” diýip, ol jogap berdi.

“Sen özüňi nähili duýduň?” – diýip, Reb sorady.

“Men özüme hyýanat edilen ýaly duýdum!”

Reb sözüni dowam etdi: “Köp hyzmatçylar maňa olary ulanmagym üçin ýalbarypdylar: ‘Şypa bermek üçin, abraýly bolmak üçin, halas etmek üçin meni ulan’”. Men olaryň ýüregini edinmek umydy bilen olara jogap berýärdim, ýöne olar hyzmata köpden-köp ulaşyp gidýärdiler. Olar Meniň ýollarymy öwrenjek bolup azara galmaýardylar we netijede olara beren sylagymy öz imperiýasyny gurmak üçin ulandylar. Kynçylyklar gelende, olar Maňa ýalbardylar, ýöne şol döwürde dileglerine olaryň isleýşleri ýaly jogap bermämsoň, Menden öýkelediler. Olar özlerini ulanylan hasaplap, Maňa gaharlandylar. Olar Menden aýryldylar, sebäbi Meni tanamadylar”.

Siz diňe bir ymtylyşynyň – ärinden çaga edinip, ony ýakyndan tanamak islemeýän aýal barada näme pikir ederdiňiz? Ol onuň aýagyna ýykylyp: “Eý, ärim, saňa çaga dograrym ýaly, meni ulan! Ýalbarýaryn, maňa çaga ber ýa-da men ölerin!” diýip ýalbarýar. Bu akyla sygmajak zat bolup eşidilýär. Ýöne Hudaý bilen ýakyn gatnaşygymyz ýokka “bizi adamlary halas etmekde ulan” diýip ýalbaranymyzda, hut şeýle edýändiris. Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolsak, çagalar doglar – edil aýalyň äz äri bilen ýakyn bolşundakysy ýaly bolup geçýär.

Şunlukda, ysraýyllaryň gözlegleri we ymtylyşlary nädogrudy. Olar Ýaradany däl-de, ýaradylan zatlary gözlediler. Biz soňra nämeleriň bolup geçendigini bilýäris. Çöl olar üçin öňdäki kynçylyklaryň hötdesinden gelip bileleri ýaly paýhas we güýç berip, olaryň taýýarlyk ýeri bolmaga derek, ol hysyrdylar ýerine öwrüldi we ahyrda tutuş nesli ýuwutdy. Nähili ýitgi!

Çünki wada berlen Toprak şeýle ýakyndy!

Biziň üçin, gör, nähili sapak! Biz şöhratly ýakynlygyň şu ýolundaky çölümizi kabul etmäge taýýar bolmaly.

5

# TÄZE ŞERAP

*“Seniň ähli zady täzeleýän şerabyň üçin küýze bolalaýň”.*

**– Ýefrem Sirin**

*“Ýatlamaň öten zatlary,*
*köne zatlara üns bermäň.*
*Ine, Men bir täze zat edýärin,*
*ol häzir başlaýar, görmeýärmisiňiz?*
*Men çölde ýol,*
*sährada derýalar emele getirerin”.*

**– Işaýa 43:18-19**



Hudaýy ýakyndan tanamak üçin, biz özgerişlikleri höwes bilen kabul etmeli. Özgerişlikler üçin bolsa çölden gowy ýer bolmaz. Şu ýerde, hasylsyz we unudylan bolup görünýän ýerde, biz Onuň Ruhunyň täze hereketini göreris.

Köp adamlar: "Özgerişlikleri başdan geçirmek üçin, näme üçin agyr we gurak döwürlerden geçmeli?" diýip soraýarlar. Şu bapda biz muňa jogap berjek bolarys.

Men on sekiz aýyň dowamynda kyn çölden geçenimden biraz wagt soň Florida ştatynda Ýygnaklaryň birindäki ýaşlar hyzmatynyň ýolbaşçylygyna bellendim (bu mundan köp ýyl ozal bolupdy!). Şol döwürde bu ýygnak Birleşen Ştatlarda iň çalt ösýän ýygnaklaryň biridi. Şonuň üçin-de, men biraz ynamsyzrakdym, sebäbi ýaşlara çopan bolmakda tejribäm ýokdy. Ýöne bu ýere Hudaýyň iberendigini we, eger men Ony agtarsam, hemme zadyň oňat boljakdygyny bilýärdim.

Bu ýaşlar hyzmaty adat bolan görnüşde gurnalandy; ýaşlar her dürli gyzykly sapaklara gatnaşýardy. Gynandyrýan zat – bu ýaşlaryň köpüsi ruhy taýdan ösmeýärdi. Olaryň köpüsi idegsiz durmuşda ýaşaýardylar. Men bu hyzmata başlanymdan soň, Mukaddes Ruhuň maňa: "Sen toba etmek, mukaddeslik, tabynlyk we ygtyýarlyk barada wagyz etmelisiň" diýýänini duýdum. Men bular barada wagyz edip, öwredip başladym; hyzmatda düýpli özgerişlikler başlady.

Munuň netijelei örän haýrana goýdy. Birnäçe aýyň dowamynda ýaşlar topary üç esse ulaldy. Jenaýatçylyk, butparaz toparlarynyň

agzalary ýa-da Hudaýdan ýöne uzak bolan köp ýaşlar Isa Mesihi kabul edip başladylar. Ýaşlar toparyndaky ozal ýalňyşan ýaşlaryň köpüsi gaýtadan gyzygyp başladylar. Biziň ählimiz Hudaýyň köpden-köp huzuryndan lezzet alýardyk we Oňa bolan söýgüde ösýärdik. Hudaý bizi we yhlasymyzy gudratly ýalkaýardy.

Dallasdaky ilkinji çölümden çykanymdan soň, men durmuşymdaky çöl möwsümi hemişelik tamamlanan diýip hasaplaýardym. Men eýýäm öz çakylygyma girişip, Hoş Habary wagyz edýärdim. Men Isa Mesih çöle diňe bir gezek giden bolsa, men babatda hem şeýle bolar öýdýärdim. Wah, men neneň ýalňyşan ekenim! Men heniz-de päklenmeli, bekemeli we çöl möwsümi barada has köp bilmeli ekenim. Soňraky düşen çölümi ozalky on sekiz aýlyk wagtym bilen deňeşdirsek, ozalkym çaga oýnuna meňzeýär diýse-de bolar.

Mukaddes Ruh biziň liderlik toparymyza köp täze ideýalary berýärdi. Bu asmandan täze şerap berlende, çöl taýýarlygyndan soň "Hudaý tarapyndan iberilenimizde" bolýar. Ol bize Musa, Dawut, Ýusup ýaly peýdaly we netijeli bolmagyň ýollaryny görkezýär.

Biziň ýaşlar hyzmatymyzyň şol ösüşi dogrudan-da gudratlydy. Ýöne şol üstünlige garamazdan, men bir agyr ýüki duýýardym, ol ýerli toparymyza degişli däldi. Men bütin Merkezi Floridanyň ýaşlaryna ýetmelidigimizi duýýardym. Şunlukda, dileg wagty şeýle pikir kelläme geldi: "Ýaşlar hyzmatyny teleýaýlymdan görkezsek nähili bolarka?" Şol döwürde, 1980-nji ýyllaryň ortalarynda, bu adamlara ýetmegiň iň oňat usulydy. Internet, YouTube, sosial torlary, akylly telefonlar – garaz, şeýle zatlar ýokdy. Men ýerli güýçli teleýaýlymynyň dört million teletomaşaçylara ýetip bilýändigini bildim. Haýran galaýmaly, bu stansiýanyň şenbe güni agşam 22:00-da efir wagty boş eken. Men munuň ýaşlary "tutmak" üçin gowy wagtdygyny bilýärdim.

Men bu pikirimi baş çopanymyz bilen paýlaşdym, ýöne ol muňa serişdelerimiziň ýokdugyny aýtdy. Onsoň ondan telegepleşigi maliýeleşdirmek üçin gerekli serişdeleri toplamaga ýaşlary çagyrmaga rugsat soradym. Ol muňa razy boldy we men tutuş Merkezi Florida

boýunça tirýekden, arakdan we beýleki zatlardan kynçylyklardan ejir çekýän ýaş adamlara ýetmek baradaky görnüşi paýlaşdym. Ýaşlar toparynyň agzalary bu görnüşi tutup alyp, gazet daşamak, çalt garbanyş nokatlarynda, dükanlarda işläp, gazanan pullaryny oňa sarp etmegi boýun aldylar. Netijede, biz her şenbe güni agşam 22:00-da teleýaýlymda çykyş etmäge ýeterlik pul gazandyk.

Biziň baş çopanymyz geň galdy; ol munuň Hudaýdandygyna düşündi. Bu täze şerabyň netijesidi, sebäbi her şenbe güni agşam 22:00-da teleýaýlymda çykyş edýän ýaşlar topary barada ozal hiç kim eşidip görmändi. Şonuň yzýanyndan biz halas bolýan janlaryň bol hasylyny gördük. Eger biz "täze şeraby" kabul etmedik bolsak, bu janlar Hoş Habary eşitmezdiler. Men ýaşlar toparynyň çopany wezipesinden çykanymdan soň hem birnäçe ýyllaryň dowamynda "Hyjuwly ýaşlar" atly telegepleşigi arkaly özgeren durmuş baradaky şaýatlyklary eşidýärdim.

## Özgerişlikler gowy zat

Biz tizara ýaşlar hyzmatyna dolanarys. Ýöne ilki, geliň, täze şerabyň nämedigine we onuň näme üçin wajypdygyna garap geçeliň.

Hudaýyň bizde oýarýan özgerişlikleri köplenç aňsat bolmaýar, ýöne olar hemişe gowy we netijeli bolýar. Biz adatça özgerişliklere garşylyk görkezýäris, sebäbi olar biziň amatly şertlerimize täsir edýär. Biz öz endiklerimizden ybarat diýsek-de bolýar. Olar emele gelenden soň, olary üýtgetmek gaty amatsyz bolýar. Ýöne Onuň Şalygyny berkarar etmekde has netijeli bolarymyz ýaly, biz özgerişliklere açyk bolmalydyrys.

Eger biz dogruçyl maşgalada ulalan bolsak, biziň iman bilen bagly endiklerimiz, usullarymyz we adatlarymyz çagalyk döwrümizde emele gelip, bizde düýpli oranaşandyr. Elbetde, adatlaryň hemmesi nädogry däl, ýöne adamlar ýürekden däl-de, adatlardan ugur alyp hereket etseler, iman aňlatmasy diňe netijesiz işlerden ybarat bolup bilýär.

Şeýle işler hakykatda hatda ruhy berkitmelere-de öwrülip bilýär. Dinçilik derejesine çenli yza gaýdan adam daş sypaty boýunça dogruçyl

görnüp biler. Ol Hudaýyň *ozal* edenlerinden ýapyşyp, şindi edýänlerine garşylyk görkezýär.

Isa Mesihiň döwrüniň fariseýleri we dindar ýolbaşçylary hut şeýledi. Olar Ybraýymyň perzentleridigi, äht ogullarydygy we Musanyň şägirtleridigi bilen öwünýärdiler. Olar Hudaýyň eden zatlaryndan ýapyşyp, aralarynda duran Hudaýyň Ogluna garşylyk görkezýärdiler. Olar öz adatlaryna we sežde däplerine yhlaslydylar, şonuň üçin-de, Hudaýyň Ogly gelip, olaryň amatly we durnukly durmuşlarynyň her bir çägi barada aýdyp başlanda, olar Oňa garşylyk görkezdiler. Isa Mesih Hudaýyň olaryň şertlerine laýyk gelmekçi däldigini aýdyň görkezdi; tersine, olar Onuň şertlerine laýyk gelmelidiler. Olar bolsa bu özgerişliklere garşy çykyp, öz adatlaryna ýapyşýardylar.

Dinçi adam özünde: "Hudaý diňe biz arkaly we biziň galybymyza sygýan tärde hereket eder" diýen elitar garaýşy döredýär. Şeýle garaýyş ýalan düşünjelere, netijede bolsa togtadylmadyk ýagdaýynda ýigrenje we haýynlyga eltip bilýär. Isa Mesihiň döwründe hut şeýle ýagdaý bolupdy, bu Ýygnagyň tutuş taryhynyň dowamynda hem bolup geçýärdi.

Özgerip, imanyň bir derjesinden indikisine geçip bilerimiz ýaly, biz amatly şertlerimizi taşlap, Hudaýyň Ruhunyň äkidýän ýolundan ýöremäge taýyn bolmaly. Bu ýol köp ýagdaýlarda bizi täze durmuşyň başlangyjyny berýän çölden geçirer.

Biz by yzygiderliligi Ýahýa Çümdürijiniň ömründen aýdyň görüp bileris. Onuň kakasy ruhany, hatda öz wagtynda Baş ruhany hem bolupdy. Ýahýa hem kakasy ýaly ruhany bolmalydy. Ol Iýerusalimdäki mekdebe girip, Gamaliýel atly tanymal mugallymyň ýolbaşçylygynda ruhanaçylygy öwrenmelidi. Ýöne günleriň birinde Rebbiň Ruhy Ýahýany çöle çagyryp başlady. Ýohanna dileg etdigisaýy kalbynda çöle gitmek höwesi artýardy. Men onuň kalbynda gapma-garşylygyň dörändigine ynanýaryn. Onuň, belki, şeýle pikirleri bolandyr:

"*Meniň deň-duşlarymyň bary "'Mukaddes Kitaby'* öwredýän *mekdebe girerler. Olar diplom edinerler we tanymal liderler bolarlar.*

*Olar ruhanyçylyk* hyzmatyna belleniler, ýurduň her bir sinagogasynda

*wagyz edip bilerler. Men barada näme pikir ederler? 'Mukaddes Kitaby* öwredýän *mekdebi' tamamlamasam, öz* çakylygymy nädip amal ederin?

*Men öz durmuşymda* çakylygymyň *bardygyny bilýärin. Kakam ýokary derejeli bir perişd*äniň *meniň doguljakdygym we hyzmatçy boljakdygym barada* oňa aýdandygy*ny* gürrüň berdi. Ýöne men bu çöle gitsem, meniň kimdigimi hiç kim bilmez. Meni hiç haçan wagyz etmäge çagyrmazlar".

Emma Ýhaýany çöle çagyrýan hyjuwly çakylyk ähli soraglardan üstün geldi we ol Ruha eýerip, çöle gitmegi karar etdi. Biz ol barada şuny okaýarys: "Şunlukda, çaga ösýärdi we ruhy taýdan güýçlenýärdi. Ol ysraýyl halkyna görünmeli günlerine çenli çölde ýaşady" (Luka 1:80). Belläp geçiilmeli zat – Ýahýa çöldäki taýýarlygyny heniz çagaka başlap, bary-ýogy alty aý dowam etjek hyzmatyna taýynlyk görmek üçin çölde ýyllap ýaşady. Ýöne şonda-da Isa Mesih ol barada "aýaldan doglanlaryň arasynda" iň beýik pygamber diýip aýtdy.

Hudaýyň Sözi Ýahýanyň näçe çölden geçendigi we olaryň dowamlylygy, onuň ýüzbe-ýüz bolan kynçylyklary barada hiç zat aýtmaýar. Luka 3:2-de şeýle ýazylan: "Hanan bilen Kaýafa hem baş ruhanydy. Şonda Zekarýanyň ogly Ýahýa Hudaýyň sözi aýan boldy. Ol çölde ýaşaýardy" Hanan bilen Kaýafa Hudaýdan uzak bolan dini ulgamyna öwrülen ýerdekäler, zabun we gurak ýerlerde täze küýze emele gelýärdi. Täze şerabyň aýan bolmaly ýeri, ine, şu ýerdi.

Hudaý Ýahýany "Mukaddes Kitaby öwredýän" meşhur mekdepde däl-de, çölde taýynlady! Ýahýanyň çölde wagyz edýän Hudaýyň Sözüni diňlemek üçin Ýahudyýadan we Iýeruslalimden birtopar adamlar gelýärdi. Ruhuň täze hereketi başlanýardy – täze şerap guýulýardy; bu *dini mekdeplerde* däl-de, çölde bolup geçýärdi. Dindar ikiýüzlülerden we dini adatlardan doýan adamlar tüýs ýürekden özgeresi gelýärdi, olar Hudaýyň Oglunyň gelmesine taýynlanmak üçin çöle Ýahýanyň ýanyna çykýardy.

Şundan biraz soň Isa Mesih Ýahýa Çümdürijiniň ýanyna Iordan derýasynda suwa çümdürilmäge geldi. Ýahýa Isa Mesihi suwa çümdürmek üçin özüni mynasyp görmese-de, Ol oňa diýenini etdirdi. Isa Mesihiň hyzmatynyň şol döwürde Hudaýyň Ruhunyň ýerde

## Çölden nädip geçmeli

### #5 Çadyrda ýaşaň, jaý salynmaň

Çölüň wagtlaýyndygyny we ondan geçip gidýändigiňizi hiç haçan unutmaň. Şoňa görä-de, çöldekäňiz, çadyrda ýaşaň we, elbetde, jaý salynmaň!

Hudaý muny niýet etmedigem bolsa, ysraýyllar çölde onlarça ýyl gezdiler. Ol olara has oňat ýerleri tapyp, hakykat bolup görünýän zada ynanmagy we jaý gurunmagy buýurmady. Ýok, olar çadyrda ýaşadylar we bulut süýşüp başlan badyna ähli goş-golamlaryny ýygnap ýola düşmäge taýyndylar. Çöl hemişe ahyrda baryp ýetilmeli ýer däl-de, wagtlaýyn düşelgedi. Hudaý ýeke gezegem: "Bilýäňizmi, bu çöl şeýle bir erbedem däl. Wada berlen Toprak kime gerek diýsene? Berk binýady tutmak üçin gazyp başlaň, özüňiz we Men üçin berk jaýlary guruň" diýmedi. Çölde geçirilen wagtyň dowamynda hatda Hudaý hem çadyrda ýaşady.

Çadyr düşelgesinde gysgawagtlaýyn dynç almak şadyýan we hatda ýakymly bolup bilýär, ýöne biziň köpimiz açyk meýdany taşlap, hakyky jaýda ýaşamagy saýlardyk. Bulaşmaň we binýady çölde tutmaň. Hemişe goş-golamlaryňyzy ýygnap, ýola düşmäge taýýar boluň we, iň soňunda, köne çadyryňyzy saraýda goýaýaýň.

edýänlerinden gelip çykmagy gerekdi. Şondan soň Isa Mesih Ruhdan dolup, bada-bat çöle äkidildi.

Mukaddes Kitap Isa Mesih çöle äkidilende Ruhdan dolandygyny, ýöne kyrk günlük synagdan soň çölden Ruhuň güýjünde gaýdyp gelendigini örän aýdyň görkezýär. Ol ýer ýüzünde amal etmäge gelen hyzmaty üçin üpjün edilendi. Ýahýa Çümdürijiniň bary-ýogy birnäçe aýlyk hyzmatyndan soň çölde ýene-de bir täze hereket – Isa Mesihiň hyzmaty başlandy.

## Täze meşikler

Isa Mesih Öz hyzmatyny başlandan soň köp wagt geçmänkä, biz şuny okaýarys: “Olar Isa: ‘Ýahýanyň şägirtleri ýygy-ýygydan agyz bekläp, doga-dileg edýärler, fariseýleriň şägirtleri hem şeýle, emma Seniň şägirtleriň iýip-içip ýörler’ diýdiler” (Luka 5:33). Birinjiden, biz şuny anyklamaly: “olar” kim? Biz munuň jogabyny Mattanyň hoş habarynda tapýarys: “Onsoň Ýahýanyň şägirtleri Isanyň ýanyna gelip...” (9:14). Men köp ýyllap bu fariseýlermikä diýip pikir edipdirin, ýöne olaryň Ýahýa Çümdürijiniň şägirtleridigini bilenimde, Hudaýyň Sözüniň şu parçasy bütinleý täze mana eýe boldy! Bu adamlar gaharlanýardylar, sebäbi olar ýygy-ýygydan agyz bekläp, köp sagatlap dileg edýärdiler, Isa Mesihiň şägirtleri bolsa beýle etmeýärdiler. Ýahýanyň şägirtleri özlerini aýamaýardylar, ýöne ünsüň bary Isa Mesihiň şägirtlerine gönükdirilendi.

Ýahýanyň günlerinde Hudaýyň Ruhunyň hereket eden usullarynyň biri köpden-köp agyz beklemekden ybaratdy. Ýöne Ýahýanyň şägirtleri geçişi amal etmediler, ýagny onuň hyzmat ediş tärinden Hudaýyň Ruhunyň şindi edýänlerine tarap öwrülmediler. Olar hut şolaryň hyzmat we sežde usullarynyň miwe berýändigine ynanýardylar. Olar Ýahýa Çümdürijä eýerip, gaty uly bahany tölediler – maşgalalaryny terk etdiler, çekirtge iýip, çölde ýaşadylar, ýöne olaryň lideri indi zyndana düşdi. Täze Hyzmatçynyň bolsa Öz şägirtleri bardy, olar Ýahýanyň şägirtleriniň kadalary boýunça hereket etmeýärdiler. Ýahýanyň topary öýkelidi we olara dindar bolmak howpy abanýardy.

Ýadyňyzda bolsun: kanunçylyk ruhy Hudaýyň *edenlerine* ýapyşyp, Onuň *edýänlerine* garşy çykýarlar. Belki, Ýahýanyň şägirtlerini Hudaýyň şindi aýdýanlary we edýänleri däl-de, öz liderlerine wepaly bolmak we onuň şägirtleriniň indi nähili hereket etmelidigi has köp gyzyklandyran bolmaly. Olaryň ünsü indi Hudaýyň ýüregine gönükdirilen däldi. Olaryň üns merkezinde birwagtlar Hudaýyň ýüregine getiren *usullary* durdy.

Olarda tekepbirlik we öýke-kine ýüze çykyp başlady. Ýahýanyň şägirtleri onuň hyzmatyna wagtyny we pullaryny sarp eden bolmagy

ahmal. Indi bolsa olaryň ähli edenleri, goranlary we edinen zatlary howp astyndady. Netijede bolsa, hatda öz liderleriniň Isa Mesih barada: “Ol beýgelmelidir, men peselmelidirin” (Ýohanna 3:30) diýip jar edendigine garamazdan, ýüreklerini ýapyp, özgerişliklere garşy çykýardylar.

Isa Mesihiň olara beren jogabyny okaň: “Toýda giýew dostlarynyň ýanyndaka, siz onuň myhmanlaryna agyz bekledip bilersiňizmi?” (Luka 5:34). Ol olaryň kanunçylyk ýollaryny paş edip, şeýle diýdi: “Hudaýyň Ogly aralarynda durka olara agyz beklemek nämä gerek? Eger olara haýsydyr bir zat gerek bolsa, olar ýöne Meniň ýanyma geläýmeli!” (parafraz). Kanunçylyk aňlary olary Hudaýyň merhemetini agyz bekleme ýa-da başga dini hereketler arkaly gazanmaly diýen pikire ynanmaga mejbur etdi. Olar agyz beklemäni Hudaýa eltýän usul diýip hasaplaýardylar, şeýdip, olar munuň özlerini beýlekilerden, ýagny agyz beklemeýänlerden (ýa-da özleriniňkiden başga usullary ulanýanlardan) ýokary galdyrýar diýip hasaplaýardylar. Netijede, olar tekepbirlendiler. Olaryň usuly ilkibaşda getiren miwesinden has wajyp bolup galdy.

Agyz beklemäniň artykmaçlygynyň bardygyna garamazdan, ol Hudaýa “diýen etdirmegiň” usuly däl; agyz beklemäniň maksady – sizi Hudaýyň adýanlaryny oňat eşidip biljek ýagdaýa getirmek. Hudaý ýanlarynda bolan mahaly şägirtlerine Onuň sesini eşitmek üçin agyz beklemek nämä gerek bolduka? Geliň, Luka 5:34-35-de Isa Mesihiň berýän jogabyny okalyň: “Isa: ‘Toýda giýew dostlarynyň ýanyndaka, siz onuň myhmanlaryna agyz bekledip bilersiňizmi? Emma giýewiň olardan alynjak günleri geler, şonda olar agyz beklärler’ diýip jogap berdi”.

Isa Mesih şol günlerde olar, *belki*, agyz beklärler diýip aýdanok. Ol olaryň agyz *beklejekdigini* aýdýar. Bu adamlar diňe azykdan agyz bekleme barada soraýardylar, ýöne Isa Mesih olara agyz beklemäniň başga görnüşi barada aýdýar. Olaryň agyz beklemesiniň Giýewiň olardan alynjak günlerinde boljakdygyna üns beriň. Isa Mesih diňe azykdan agyz beklemek barada däl-de, Öz aýdyň huzurynyň agyz beklemesini göz öňüne tutýar. Biz bu barada bilýäris, sebäbi Ol muny şu sözlerden soň aýdyp berýän tymsalynda düşündirýär. Ýadyňyzda bolsun: çölüň

kesgitlemeleriniň biri – Hudaýyň aýdyň huzurynyň bolmazlygydyr.

Geliň, Öz göz öňüne tutýan zadyny düşündirmek üçin Onuň gürrüň beren tymsalyny okalyň:

> “Hiç kim täze şeraby köne meşiklere guýmaz. Ýogsa täze şerap meşikleri böwsüp, şerap ýere döküler, meşikler-de zaýalanar” (Luka 5:37).

Mukaddes Kitapda şerap Hudaýyň huzurynyň nyşanydyr. Pawlus Efesliler hatynda şeýle diýýär: “Şerapdan serhoş bolmaň, bu sizi wejeralyga elter. Tersine, Mukaddes Ruhdan dolup-daşyň” (5:18).

Biz şerapdan – Hudaýyň huzuryndan dolup-daşmaly! Täze şerap – bu Onuň Ruhunyň täze hereketi.

Şu wajyp meselä ýene-de gysgaça garap geçmäge ygtyýar ediň. Siz Ruhdan ýaňy dolan wagtyňyzdaky ajaýyp duýgular ýadyňyzdamy? Hudaýyň huzury datly we bolelindi. Her gezek dileg edeniňizde, Onuň huzury bada-bat aýan bolup, siz Onuň ýakynlygyny uzakly gün duýup gezýärdiňiz. Käwagt bolsa Ýygnakda Onuň size şeýle ýakyndygy üçin ýöne oturyp aglaýardyňyz.

Ýöne günleriň birinde, köp wagt geçenden soň, siz Onuň huzuryny indi aňsatlyk bilen duýmaýandygyňyzy ýüze çykardyňyz. Siz öňkiňiz ýaly dileg etmegi dowam edýärdiňiz, ýöne indi: “Hudaý, Sen nirede?” diýen soragy berýärdiňiz. Siz çöle düşensiňiz!

Bu çölüň ýa-da Hudaýyň huzuryndan agyz beklemegiň kesgitli maksady bar. Hudaý sizi täze şerap meşigi bolmaga taýýarlaýar. Siz täze şeraby ýa-da Hudaýyň Ruhunyň täze hereketini köne meşiklere guýup bilmeýäňiz.

Isa Mesihiň döwründe ulanylan meşikleri goýun derisinden edýärdiler. Bu meşiklere şeraby ilkinji gezek guýanlarynda, olar çeýe bolup, şekilini aňsat üýtgedýärdiler. Şerap göwrümini artdyranda, olar aňsatlyk bilen süýnüp, garşylyk görkezmeýärdiler. Emma Ýakyn Gündogaryň howasy wagtyň geçmegi bilen meşikleri gatadyp, olary

döwlegen edýärdi. Şonda, onuň içindäki köne şeraby döküp, ýerine täzesini guýsaň, meşik täze şerabyň ne agramyny, ne-de turşamasyny saklap bilýärdi, sebäbi ol gaty we portdy, aňsatlyk bilen çat açyp ýa-da döwlüp bilýärdi. Bu meseläni çözmek üçin, köne meşikleri birnäçe günläp suwda ezip, soňra zeýtun ýagy bilen eýlemeli bolýardy. Bu olary çeýe we ýumşak edýärdi.

Bu proses biziň bilen bolýan zatlaryň nyşany, sebäbi biz täze ruhy şerap üçin meşikler bolup durýandyrys. Biz Hudaýyň huzuryny göterip gezýänler bolmaga çagyrylandyrys. Töwerek-daşymyzdaky atmosfera bizi Hudaýyň ýollaryna duýgur bolmakdan mahrum edip bilýär. Biz asmanda ýerleşemzok; biz dünýä diýip atlandyrylýan pany gurşawda ýaşaýarys. Şonuň üçin-de, biziň aňymyz täzelenmäge mätäç. Meşiklerimiziň elmydama ýumşak ýa-da täze şerap üçin taýyn bolary ýaly, biz “ezilip ýumşadylmaly”, ýagny Hudaýyň Sözüniň jümmüşine aralaşmaly. Pawlus Efesliler hatynda şeýle ýazýar: “Ol (Isa Mesih) Öz ýygnagyny suw bilen ýuwup, Hudaýyň Sözi bilen tämizledi” (5:26). Meşikleri zeýtun ýagy bilen eýleme bolsa biziň üçin dilegde geçirilen wagt bilen deňeşdirse bolar. Biz wagty Hudaý bilen Sözde we dilegde wagt geçirenimizde, aňymyz täzelenýär we biz ýollarymyzda we usullarymyzda gaty ýa port bolmagy bes edýäris.

Ýöne köne meşikleri täzelemek üçin, ilki bilen olardaky şeraby dökmeli! Bu meşikde şerabyň ýoklugyny – Hudaýyň duýulýan huzurynyň bolmazlygyny aňladýar! Bu Hudaýyň duýulýan huzuryndan agyz beklemek ýagny, gurakçylyk döwri diýip atlandyrýan möwsümdir. Şeýle möwsümlerde siz özgerişliklere taýynlanýansyňyz!

Hudaý näme üçin duýulýan huzuryny aýyrýar? Sizi sustupes etmek üçinmi? Ýok, hatda siz şeýle bolaýsyňyzam! Ol sizi tä ýene-de gerek bolýançaňyz “tekjede goýmakçy” bolýarmy? Ýok! Ol sizi Ony has-da yhlasly agtarmaga höweslendirmek üçin, Öz huzuryny aýyrýar. Agtarmaklyk sizi gaýtadan çeýe we ýumşak edýär. Çeýe däl we gaty adamlar – Hudaýy agtarmagy bes eden adamlar. Olar ozalky hakykatdan we başdan geçiren duýgularynyň netijesinde edinen tejribelerinden

çykaran usullarynda we galyplarynda bekeýärler.

Ýahýa Çümdürijiniň şägirteri şeýle ýagdaýa düşdüler. Olar Rebbiň Ýahýa arkaly güýçli hereket edýändigini görenlerinde, oňa eýerdiler. Emma hakyky gökler sylagyna – Hudaýy ýakyndan tanamaga ymtylmaga derek, olar öz ynamlarynda we usullarynda eglişiksiz boldular.

Hudaýyň her bir hereketinde täze taglymaty döreýär. Sagdyn taglymatlar we doktrinalar – bizi Hudaýyň ýüregine ýakynlaşdyrýan usul. Emma biz ähli ünsümizi taglymatyň ýa-da doktrinanyň özünde jemlesek, bu ahyrda bizi dini gulçuyga, kanunçylyga, azaşmaklyga ýa-da şularyň hemmesine bilelikde eltip biler.

Siz seždäniň şeýle eglişiksiz usuly arkaly Hudaýy tanap bilmeýäňiz, ýöne mesihileriň köpüsi bilmezden şeýle durmuşa ýykgyn edýändiler. Olar sežde etmekde öz usullaryny we tärlerini ýola goýýarlar. Soňra, ýagny göreldeli mesihi bolmak üçin bilim edinenlerinden soň, olar Ony *agtarmagy* bes edýärler we döreden adatlaryna we däp-dessurlaryna laýyklykda ýaşap başlaýarlar. Ýöne muňa garamazdan, özlerini tutuş Hoş Habara laýyklykda ýaşaýan diýip hasaplaýan bolsalar-da, özlerini boş duýýarlar.

Ýermeýa 29:12-13-de şeýle ýazylan:

> “Onsoň Meni çagyrarsyňyz, gelip, Maňa doga okarsyňyz, Men-de sizi eşiderin. Meni agtararsyňyz; bütin ýüregiňiz bilen agtaran mahalyňyz Meni taparsyňyz”.

Ony tapmak üçin dilegiň bir özi ýeterlik däl. Dini formulalara baglanyp, yzygiderli dileg edýän adamlar köp. Hudaý öz dilegiňizde Ony yhlas bilen gözlemelidigiňizi aýdýar. Ol bu parçada agtaryşyň bolmalydygyny we munuň üçin ýöne endige eýerenden has köp zat talap edilýändigini aýdyň görkezýär. Onuň ýüregini tanamaga hyjuwly isleg we ymtylyş gerek. Hut şonuň üçin-de, Hudaý Ýewreýler hatynda şeýle diýýär: “Iman etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut edip bilmez. Hudaýa ýakynlaşan adam Onuň barlygyna we Özüni agtarýanlary sylaglajakdygyna ynanmalydyr” (11:6).

Indi bolsa, geliň. Isa Mesihiň sözlerini ýene bir gezek okalyň:

> “Hiç kim täze şeraby köne meşiklere guýmaz. Ýogsa täze şerap meşikleri böwsüp, şerap ýere döküler, meşikler-de zaýalanar. Täze şerap täze meşiklere guýulmalydyr. Hiç kim köne şeraby içenden soň şobada täzäni küýsemez. ‘Könesi oňat’ diýer” (Luka 5:37-39).

Köne şeraba öwrenişen adamlaryň ýeke biri-de täze şeraby şobada islemez. Bu ýerde açary söz “şobada”, sebäbi biz – belli bir endiklerden we adatlardan ybarat adamlar. Şoňa görä-de, *täze* şeraba teşne bolarymyz ýaly, *köne şeraby* döküp, gurakçylyk wagtyndan şerapsyz geçirmek bilen, Hudaý şu amatly we rahat çäkleri döwmeli bolýar. Siz suwsap, içmäge asla zadyňyzyň ýok wagty: “Men bu täze şeraby içjek däl, könesini isleýän” diýip zeýrenmersiňiz. Eger siz Hudaýyň huzuryna we güýjüne teşne bolsaňyz, durmuşyňyzda Hudaýyň Ruhunyň täze hereketine açyk bolarsyňyz. Siz öz çölünde şeýle diýen Dawut ýaly bolarsyňyz:

> “Eý, Hudaý! Sensiň Hudaýym,
> Seni agtarýaryn ir säher bilen,
> meniň janym teşnedir Saňa.
> Gurak, içgysgynç, suwsuz toprakda kimin
> Seni küýseýär meniň bedenim.
> Seniň kuwwatyňy, şöhratyňy görmeklik üçin,
> mukaddes öýüňde Saňa seretdim” (Zebur 62:2-3).

Dawut Hudýayň güýjüne we Onuň huzuryna teşnedi. Netijede, ol özüniň çagyrylan işlerine girişende, ähli zady Hudaýyň islegine görä däl-de, öz islegine görä eden Şawul patyşadan tapawutlylykda Rebbiň isleglerine ýumşak boldy.

## Ýene-de bir çöl

Şu bapda ozal aýdyşym ýaly, ýaşlar çopany wezipesindäki hyzmatym meniň üçin ilkinji hakyky mugallymçylyk hyzmaty bolupdy. Teleýaýlymda görkezilýän ýaşlar ýygnagy uly üstünlige eýedi. Mundan başga-da, biz welaýatymyzdaky iň meşhur radioýaýlymlaryň ikinjisinden gysgajyk hoş habar gepleşiklerini alyp barýardyk. Ähli zat gülala-güllükdi.

Ýöne günleriň birinde dileg wagty Hudaýyň Ruhy uýtgeşmeleriň boljakdygyny aýtdy. Ol: "Sen ýaşlar çopany wezipesinden aýrylarsyň we Men seni Amerikanyň günbatar kenarýakalaryndan tä gündogar kenarýakalaryna, Kanadanyň serhedinden tä Meksika çenli, Alýaska we Gawaýa... ýygnaklara we konferensiýalara iberjek" diýip aýtdy.

Men Liza Hudaýyň Ruhunyň maňa aýdanlaryny gürrüň berdim we ikimiz-de bu barada ýüregimizde oýlanyp başladyk. Biz bu barada başga ştatdaky çopan dostumyzdan başga hiç kime aýtmadyk. Hudaý etjek diýip aýtdy, men hem bu sözüň hakykatdan-da Ondan bolan ýagdaýynda, Oňa muny berjaý etmäge kömek gerek däldigini bilýärdim.

Bir ýyldan gowrak wagt geçdi, emma hiç üýgteşiklik bolanokdy. Şol garaşylma döwründe maňa Hudaýyň huzuryna girme barha kynlaşýardy, ahyrda bu mümkin däl ýaly bolup göründi. Men dileg etmäge öňde-soňdakydan has köp wagt sarp edýärdim, ýöne hiç netije ýok ýaly bolup görünýärdi. Mundan başga-da, göwnüme bolmasa, ýaşlar hyzmaty üçin alan görnüşim solup başlan ýalydy (köne şerap dökülýärdi). Men dilegi köp etdigimçe, alan görnüşim şonçada köp ýitýärdi. Daş görnüşden hiç zat üýtgemändi, ýöne içimdäki ymtylmam kem-kemden öçýärdi.

Men ýaşlar hyzmatyna çenli sagatlap dileg edip oturýadym. Men hatda birki gezek Hudaýdan wagyz üçin başga birini ibermegini hem sorapdym. Men wagyz etmäge ugranymda özümi boş duýýardym, ýöne hyzmat edýän pursadym Hudaýyň huzury meni ýorgan kimin örtýärdi. Men hyzmaty tamamlap, öýüme golaýlanymda, Onuň huzury ýene bir hepdeläp menden alynýardy!

Munuň üstesine-de, biziň durmuşymyzda öňde-soňda görmedik

içki we daşky kynçylyklarymyz başlady. Men mesele, belki, mendedir öýdüp, ýada düşen her bir günäm barada toba edip başladym, ýöne öz guraklygym babatda ýeňillik duýmadym.

Günleriň birinde näme günä etdimkäm diýip oýlanyp otyrkam, Reb maňa şeýle diýdi: “Sen bu çöle günä edeniň üçin düşmediň! Men seni gelejekki özgerişliklere taýynlaýaryn”.

Ol hyzmatymyň indiki tapgyry üçin Onuň çakylygyny kabul edip bilmegime gerek bolan häsiýetleri mende ösdürýärdi. Geliň, Işaýa 43:18-19-ny okalyň:

> “Ýatlamaň öten zatlary, köne zatlara üns bermäň. Ine, Men bir täze zat edýärin, ol häzir başlaýar, görmeýärmisiňiz? Men çölde ýol, sährada derýalar emele getirerin”.

Şu kitabyň indiki böleginde men Rebbi Öz wagtynda “gelejekki özgerişlikleri” gudrat bilen aýan edişini gürrüň bererin. Şol wagtda, hatda meniň çölümiň iň agyr günlerinde-de, Reb biziň hyzmatymyzyň dogulmagyna täýýärlyk görýärdi. Bu hyzmatymyzyň täsiri bütin Amerika, soňra bolsa tutuş dünýä ýaýramalydy.

Eziz dostum, *täze* şerabyň gelen wagty (*täze* şerap bilen kynçylyklar hem gelýändir) Hudaý öňkä dolanmazlygyňyz üçin, siziň *köne* şerabyňyzy döker.

6

# GÖKLER BAÝRAGY

*“Käbir adamlar öz geçmişine dolanyp, öňde-soňda bolan kynçylyklaryny gorjap başlaýarlar. Soňra bolsa gelejege seredip, öňküden-de köp kynçylyklarynyň bolmagyna garaşýarlar; şeýdip, olar bütin ömürlerine ikirjiňlenip, entemeklerini dowam edýärler”*

**– D.L Mudi**

*“Eý, doganlar! Men bulary gazanandyryn öýdemok. Emma ýeke-täk şuny welin edýändirin: yzda galan zatlary unudyp, öňdäkilere ýetmäge ymtylýaryn. Men Hudaýyň Isa Mesih arkaly göklerdäki ýaşaýşa çagyrýan baýragyny almak üçin, maksadyma tarap ylgaýaryn” .*

**– Filipililer 3:13-14**

Resul Pawlus Täze Ähtiň hatlarynyň üçden iki bölegini ýazdy we milletler üçin köp ýygnaklary esaslandyrdy. Onuň hyzmaty bütin dünýä ýaýrady, ýöne şonda-da ol ömrüniň ahyrynda: “Men heniz-de gazanan däldirin” diýip aýtdy. Ol kanagatlanmandy we öz hyzmatyny tamamlaýança, göklerdäki baýragyny alýança, köşeşmekçi däldi.

Hyzmatymyzy tamamlamak we baýragymyzy almak üçin ilki bilen ýüreklerimizde muňa heniz ýetmändigimize ynanmaly.

Biz kämillige heniz ýetemzok; biz özgermegi we ösmegi dowam etmeli.

Musa pygamberiň hem beýik çakylygy bardy, ol üç million adamy alyp barýardy we Köne Ähtdaki gudratlardyr alamatlaryň aýratyn bir bölegi bolup durýardy. Emma Hudaý Musa pygamberiň ýer ýüzünde iň pespäl (öwredip bolýan) adam bolandygyny aýtdy. Ol özüni gazanmaly derejesini gazanan diýip hasaplamaýardy, gaýtam öz hyzmatyny tamamlap, göklerdäki baýragyny almak üçin öňe tarap hereketini dowam edýärdi. Ösüp, özgermegimiz üçin, biz öwredilmesi aňsat adamlar bolmaly.

Hudaý üçin akymymyzy tamamlamak üçin biziň ikinji bir etmeli zadymyz – yzda galan zatlaryň baryny (ýeňişleri we ýeňlişleri) unutmaly! Hudaý Işaýa pygamberiň kitabynda gaýtadan şeýle diýýär:

“Ýatlamaň öten zatlary,
köne zatlara üns bermäň.

Ine, Men bir täze zat edýärin,
ol häzir başlaýar, görmeýärmisiňiz?
Men çölde ýol, sährada derýalar emele getirerin” (43:18-19).

Geçmişdäki şowsuzlyklar, ret edilmeler ýa-da günäler barada dyngysyz pikir etmek Isa Mesihde öňe gitmäge ýol bermez. Emma geçmişdäki ýeňişler hem bizi öňe goýbermän saklap biler. Eger biz özümize göwnümiz ýetýän ýa-da juda ynamly bolup, geçmişdäki üstünliklere daýanyp başlasak, Hudaýýň biz üçin şindi taýynlan zatlaryny sypdyrarys. Işaýa pygamberiniň 43-nji babynda Hudaý hut şuny göz öňüne tutýar. Ozalkylar hem Hudaýdandy, ýöne öňe gidip, Onuň bize taýynlanryny berjaý etmegimiz üçin, Hudaýýň bizi ozal ýöreden ýollaryny taşlamaga taýyn bolmaly. Eger şeýtmesek, bize köne meşige öwrülmek howpy abanýar.

Pawlus şu hakykaty hem nygtaýar:

“Men çagakam, çaga ýaly gürleýärdim, çaga ýaly oýlanýardym, çaga ýaly pikir ýöredýärdim. Emma ulalyp kemala gelenimde, çagalyk ýörelgelerini taşladym. Şindi ähli zady öçügsi aýnadan gören ýaly görýäris. Emma soňra ähli zady ýüzbe-ýüz göreris. Men şindi bölekleýin bilýärin, ýöne şonda Hudaýýň meni bilşi ýaly doly bilerin” (1 Korintoslylar 13:11-12).

Çaga nähak diýip aýdyp bolmaz: ol heniz ýaş bolýar. Men bäş ýaşymdakam, meniň dünýäm oýnawaç maşynlardan we konstruktorladan ybaratdy. Elipbiýi ýatdan aýtmak uly sepgitdi. Men durmuşy öçügsi aýnadan gören ýaly görýärdim, sebäbi onuň has çylşyrymly we gerimli taraplarynyň hötdesinden gelip biler ýaly ýeterlik derejede kämil däldim.

Men on sekiz ýaşanymda, oýnawaç maşynlar we konstruktorlar geçmişde galdylar. Şindi, ençeme ýyllar geçenden soň, men durmuşa öçügsi aýnadan görýän ýaly görýärin. Meniň düşünje derejäm we başarnyklarym ösdi. On sekiz ýaşly bäş ýaşly çaga ýaly hereket etse, bu kadalaýyk däl. Ulalyp, biz ozalky çaga ýollarymyzy we düşünjämizi

## Çölden nädip geçmeli

### #6 Nämeleri etmeli däl

Hudaýyň Sözünde ysraýyllaryň çöldäki gynandyryjy tejribesi barada aýdylýanlaryň esasynda, bu gurak ýerde bolýan wagtymyzyň bütin dowamynda edilmeli däl käbir zatlar bar. Aslynda, bu sanaw mesihilik durmuşynyň islendik möwsümine hem degişlidir, ýöne çölde, kynçylyklaryň arasynda şu günälere bolan höwesiň artmagy ähtimal. Etmeli däl zatlarymyzyň esasy punktlary ýa-da, hiç bolmanda, bölekleýin sanawy, ine, şudur:

1. Ýaman zatlara okdurylmazlyk. Käwagt, zatlardan mahrum bolup, biz nädogry zatlar ýagdaýymyzy gowulandyrar, hatda bagtly eder öýdýäris.
2. Butparaz bolmaly däl. Bu isleglerimiziň Hudaýyň Sözüne çapraz gelýändigini bilip-de, olara ymtylmak; şeýle-de söýgimizi kimdir birine ýa-da haýsydyr bir zada Isa Mesihden köp bagyş etmek.
3. Azgynçylyk we ahlaksyzlyk günäsine imrinmeli däl.
4. Rebbi synamaly däl.
5. Zeýrenmeli däl, zeýrenmeli däl, zeýrenmeli däl.

taşlaýarys ýa-da unudýarys, sebäbi şindiki mätäçliklerimiziň we isleglerimiziň öwezini dolmakda olaryň indi peýdasy we netijeliligi ýokdur.

Şeýle tärde, Hudaýda ösüp, durmuş tapgyrlaryny geçenimizde, ozalky kämil bolmadyk zatlary taşlamalydyrys. Pawlus şindi Hudaýyň ýollaryny we Onuň şöhratyny öçügsi görýändigimizi aýdýar. Emma gökdäki baýraga ymtyldygymyzça, ähli zady has aýdyň göreris. Bu tä Hudaýy ýüzbe-ýüz görýänçäk şeýle bolar. Başga sözler bilen aýdylanda, biz Ony Onuň bizi tanaýşy ýaly tanarys!

Pawlusyň agzap geçýän göklerdäki baýragy näme zat? Ol muňa

Pawlus Korintosdaky imanlylara ýazan birinji hatynda çölde näme etmelidi däldigini öz ata-babalarymyzdan öwrenip bilýändigimizi barada aýdýar:

“Eý, doganlar, men siziň şulardan habarly bolmagyňyzy isleýärin: biziň ata-babalarymyzyň bary bulудyň penasynda gezdiler, olaryň bary deňizden geçdiler. ...Emma şonda-da olaryň köpüsi Hudaýy närazy etdiler. Şonuň üçin-de olaryň läşleri çölde serlip galdy. Biz hem ata-babalarymyz deý ýüreklerimizi ýamanlyga ýykgyn etmez ýaly, bularyň bary bize duýduryşdyr” (1 Korintoslylar 10:1, 5-6).

Ysraýyllar öz edenlerine gymmat bahany tölediler; şoňa görä-de, geliň, olaryň wakasyndan netijeje çykaralyň.

Eý, dostum, siz çölde Hudaýyň ýollaryny we hatda Onuň ýüregini tapyp bilersiňiz, ýöne siz tutanýerli bolup, öz ýüregizde şeýle diýmeli: “Eý, Hudaý, men Seniň ýagşydygyňy bilýärin; men hatda Seniň ýagşylygyňy we söýgiňi duýmaýan wagtym hem Seniň meni söýýändigiňi bilýärin”.

öňýanyndaky aýatda jogap berýär. Filipililer 3:10-da şeýle ýazylan: “Men Isa Mesihiň Özüni, Onuň direlişiniň güýjüni bilesim gelýär. Isa Mesihiň jebir-jepalaryna şärik bolup, Oňa Onuň ölüminde meňzäsim gelýär”. Hudaýyň göklerdäki baýragy – bu Onuň Ogly Isa Mesihe meňzemek – Ony Onuň bizi tanaýşy ýaly tanamak! Biz şu maksada ýetýänçäk, kanagatlanmaly däl. Şonuň üçin-de, biz Hudaýyň ýüregini agtarmagy hiç haçan bes etmeli däl.

Göklerdäki baýragy almak üçin etmeli üçünji zadymyz – “maksada ymtylmak”. Ymtylmak garşy durmaklyga we basyşlara duşjakdygymyzy aňladýar. Rebbi tanamakda garşydurmaklyk bardyr.

Isa Mesihiň keşbine dönen adam iblis üçin iň uly howpdur. Şonuň üçin-de, tümlügiň güýçleri muňa garşy hemme zatdan köp göreşýärler. Imanlylar Isa Mesihiň keşbine dönenlerinde, özleri üçin ýaşaman, olarda Ýaşaýan üçin ýaşap başlaýarlar. Bu imanlylar Isa Mesihdäki durmuşlaryny boldan-bol we täsirli mälim edip başlaýarlar. Hut şu sebäpdenem Pawlus Ony tanamak üçin, Onuň görgülerine şärik bolmalydygymyz barada aýdýarlar. Onuň aýdýan tendäki görgüleri şahsy "meniň" ölüp, yzýanyndan bolýan gaýtadan dogluşy aňladýar! Petrus şeýle ýazýar:

> "Şunlukda, Mesihiň dünýäde ejir çekişi ýaly, siz hem şeýle pikirler bilen ýaraglanyp, muňa taýýar boluň. Sebäbi Mesih üçin ejir çekmäge taýyn bolsaňyz, günä etmekden ýüz öwrensiňiz. Indi bu bedendäki galan ýaşajak ömrüňizde ynsanyň islegine däl-de, Hudaýyň islegine eýeriň" (1 Petrus 4:1-2).

Eger biz tende ejir çeken bolsak, onda indi öz ýollarymyza eýermeris, bü dünýäniň günäli maksatlaryna ymtylmarys. Bizde Isa Mesihiň häsiýeti hereket eder! Bu biziň düşmeli nyşanymyzdyr!

## Isa Mesih bilen jebir çekmek

Isa Mesihiň  jebir-jepalary näme? Dini taglymatlar bu adalgany ýoýandyklary sebäpli köp adamlar muňa nädogry düşündiler. Isa Mesih bilen jebir çekmek keselden ölmegi, tölegleriňi amal etmek üçin pullaryň ýetmezçiligini aňlatmaýar. Bu Hudaýyň siziň gurbanyňyza ýüregi awar ýaly, hepdeläp azyksyz ýaşamak-da däl. Jebirler – bu gurbanlyk däl; bu tabyn bolmaklyk! Ýewreýlere hatyň awtory Isa Mesihiň jebirleriniň nämedigini aýdyň görkezýär:

> "Mesih bu dünýäde ýaşan wagtynda gözýaş döküp, Özüni ölümden halas etmegi başarýan Hudaýa doga-dilegler hem ýalbaryşlar bilen perýat etdi...Ol Ogul hem bolsa, görgi görüp, tabyn bolmaklygy öwrendi" (Ýewreýlere 5:7-8).

Isa Mesih tabynlygy ýer ýüzüne getirmändi; Ol muňa öwrenmelidi. Ol bitabyn bolmak has aňsatka, Öz Atasyna gulak asyp, tabyn bolmagy öwrendi. Ol adamlary däl-de Hudaýy hoşnut edesi gelýärdi. Ol Onuň tabynlygynyň netijesiniň adamlar üçin has peýdaly boljakdygyny bilýärdi. Petrus hakyky jebir-jepanyň adamlaryň islegine görä däl-de, Hudaýyň yradasyna görä ýaşamagy aňladýandygyny görkezdi (1 Petrus 4:2).

“Isa Mesihiň jebir-jepalary” diýen jümle aňymyzyň, duýgularymyzyň bizi gaýgy-gamsyzlyk, kompromis we lezzetler tarapyna çeken ýagdaýynda-da Hudaýyň ýolundan ýöremegi aňladýar. Bu adatça dawanyň iň gyzan wagty, ýagny Hudaýyň bize bir tarapa gitmegi buýran, dostlarymyzyň, maşgalamyzyň, işdeşlerimiziň we başga adamlaryň bolsa başga bir tarapa gitmegimizi isleýän wagty döreýär. Gynansak-da, biz adatça iň ýakynlarymyzdan şeýle garşylyga duşýarys. Munuň giňden tanalýan mysaly – Petrusyň Isa Mesihiň ölümi we jaýlanmagy babatda Onuň bilen ylalaşmazlygy bolup durýar:

> “Şondan soň Isa şägirtlerine Özüniň Iýerusalime gitmelidigi, ýaşulularyň, ýolbaşçy ruhanylaryň, Töwrat mugallymlaryň elinden köp görgüler görmelidigi, öldürilmelidigi we üçülenji gün direlmelidigi hakynda düşündirmäge başlady. Petrus Ony bir çete çekip: ‘Hudaý saklasyn, Agam! Seniň başyňa asla beýle iş düşmez!’ diýip, Onuň aýdanlaryna garşy çykmaga başlady. Emma Isa Petrusa tarap öwrülip: ‘Çekil öňümden, şeýtan! Sen Maňa böwet bolýarsyň, sebäbi Sen Hudaýyň işlerini däl-de, ynsan işleri hakda oýlanýarsyň’ diýdi” (Matta 16:21-23).

Isa Mesih Öz şägirtlerine Hudaýa tabyn bolmak üçin, Özüniň Iýerusalime gidip, ejir çekmelidigi, öldürilmelidigi we üçülenji gün direlmelidigini habar berýär. Petrus Isa Mesihiň direliş barada aýdanlaryny eşitmedik bolmaly, ýogsa ol Isa Mesihiň Öz ýakynlan ölümi baradaky habaryna beýle aljyramazdy.

Eýsem siz Petrusyň näme pikir edýänlerini eşideňzokmy näme?

*“Dursan-a, Sen Mesih ahyryn (bu oňa ýaňyja aýan edildi), Sen Ysraýyl şalygyny dikeltmeli we ony berkarar etmeli. Men Saňa eýermek üçin işimi, aýalymy we maşgalamy taşladym. Men Saňa eýermek üçin dostlarymy ýitirdim. Men muňa gaty köp wagtymy sarp etdim, meniň hatda eýýäm abraýym-da bar. Sinagoganyň ýolbaşçylary Seni akylyndan azaşan hasaplaýarlar. Gazet-žurnallar Seniň nähili gapma-garşylykly bolup bilýändigiň barada ýazýarlar. Sen sosial ulgamynda iň köp gürrüň edilýän mowzuk, köpleriň pikiri hem Senlik däl. Abraýly dindarlar we liderler Seni hudaýsyz hasaplaýarlar. Indi bolsa Sen ölüm barada aýdýarsyň. Indi maňa näme bolar? Seniň yzyňa eýermek üçin sarp eden wagtym biderek bolar, meniň diňe masgara bolanym galar”.*

Petrus ikirjiňlenmän: “Ýok, Reb! Sen beýdip bilmersiň!” diýdi (parafraz).

Isa şobada Petrusyň diňe özi barada we dünýewi nukdaýnazaryndan pikir edýändigini görkezmäge mejbur boldy. Petrus Hudaýyň gözleri bilen seretmeýärdi. Bu dünýä şeýtandan (bu dünýäniň hudaýyndan) diňe öz bähbidini aramagy öwrenen. Gökler şalygy bolsa munuň bütinleý tersi. Şonuň üçin-de, Hudaýyň erkini berjaý etmek üçin, öz medeniýetimiziň akymynyň ters ugruna ýöremelidiris. Bu hatda aňlary şu dünýäniň täsirine köpden-köp düşen “Rebdäki doganlarymyz we uýalarymyzyň” käbirine garşy gitmekligi hem aňladýar. Petrus erbet adam däldi, ýöne bu meselede onuň pikirleri Isa Mesihiň däl-de, bu dünýäniň täsirine düşüpdi. Ol bu özgerişlige garşylyk görkezdi, sebäbi ol bu ýagdaý başgaça bolmaly diýip göz öňüne getirýärdi.

Bu hakykatyň ýene bir mysaly – Kengan ýurduny gözden geçirmäge giden içalylar. Ysraýyllar çölde bir ýyl ýaşanlaryndan soň Hudaý Musa wada berlen Topragy gözden geçirmek üçin içalylary ibermegi buýurdy. Hudaý olaryň bu topragy basyp almagyny isleýärdi. Musa on iki serdary – her tireden birini saýlady. Olaryň ikisi Nun ogly Ýeşuwa bilen Kalepdi.

Içalylar ýurdy gözden geçirip gelenlerinden soň, görüp-eşidenlerini we näme etmelidgini aýdyp başlanlarynda, olaryň aýdýanlary biri-birine

gapma-garşydy. Olardan onusy şeýle diýdi:

> “Emma ol ýerde ýaşaýan halk biçak güýçli eken. Olaryň galalary berk diwarly we örän uly. Hatda ol ýerde biz Anagyň nesillerini-de gördük. Negep ülkesinde amalekler, daglyk ýerlerde hetler, ýabuslar, amorlar, deňiz ýakasynda we Iordan derýasynyň boýunda bolsa kenganlar ýaşaýan ekenler... Biz ol halkyň garşysyna çykyp bilmeris, çünki olar bizden has güýçli. Şeýlelikde, olar görüp gelen ýurdy hakynda ysraýyllara ýakymsyz zatlar aýdyp, şeýle diýdiler: ‘Biziň synlamak üçin içinden geçen ýurdumyz öz ilatyny özi iýip ýören ýurt eken. Ol ýerde ýaşaýan adamlaryň hemmesi gaty iri adamlar eken” (Çölde 13:29–30, 32–33).

Kalep bile Nun ogly Ýeşuwa bolsa başga habary getirdiler:

> “Emma Kalep Musanyň öňünde duran halkyň sesini kesip, şeýle diýdi: ‘Derrew gideliň-de, ol ýurdy basyp alalyň, çünki olary ýeňmäge biziň hökman güýjümiz ýeter... Eger Reb bizden razy bolsa, bizi ol ýurda alyp baryp, süýt we bal akýan ýurdy bize berer. Ýöne siz Rebbiň garşysyna pitne turuzmaň we ol ýurduň ilatyndan gorkmaň. Çünki olar biziň höregimizdir, olaryň goragçysy olardan ýüz dönderdi, ýöne Reb biziň bilendir, olardan gorkmaň” (Çölde 13:31; 14:8–9).

Tire ýolbaşçylaryň on ikisi-de wada berlen Topraga bile gitdiler. Olar şol bir ýerleri, şäherleri we adamlary gördüler. Näme üçin olaryň onusy bir habary, beýleki ikisi bolsa başga bir habary getirdiler? Mesele olaryň garaýyşlaryndadyr!

Hudaý Kalep we Nun ogly Ýeşuwanyň üstünde başga ruhuň bardygyny aýtdy, sebäbi olar Oňa bütinleý tabyndylar (Çölde 14:24). Başga sözler bilen aýdylanda, olar ynsan isleglerinden Hudaýyň erkine geçdiler. Olar özlerini goramak nukdaýnazaryndan däl-de, Hudaýyň gözleri bilen seredýärdiler. Bu on içalynyň şol bir zady näme üçin Kalep

we Nun ogly Ýeşuwanyň görşi ýaly görmändigine düşünmegiň açarydyr. On içalyny öz rahatlygy, howpsuzlygy we maşgalalary Hudaýyň isleginden has köp gyzyklandyrýardy. Olar Hudaýyň olary asla terk etmejekdigine we Öz çagyran işinde olara üstünlik berjekdigine aňlamaýardylar. Halkyň galany hem nädogry pikir ýöredýärdi, sebäbi olar şeýle diýdiler:

> “Bütin ysraýyl halky Musa bilen Harundan zeýrenişip, şeýle diýdi: ‘Biz Müsür ýurdunda ýa-da bu çölde ölen bolsak, mundan gowy bolardy! Näme sebäpden Reb bizi gylyçdan geçirtmek üçin, aýallarymyz bilen çagalarymyzy ýesir etmek üçin bu ýurda alyp barýarka? Müsüre dolansak, gaýtam, biziň üçin gowy bolmazmy?” (Çölde 14:2-3).

Ysraýyllar Müsürdäki “ýagşy günlerini” – garynlarynyň doýup, durnukly ýaşan günlerini ýatlaýardylar. Olar ozal gul bolan bolsalaram, düşen ýagdaýlary gulçulykdan hem agyr görünýärdi. Olaryň hemmesi zerur bolan özgerişliklere garşylyk görkezýärdiler. Olar öwrenişen çöllerinde özlerini howpsuz duýup başladylar, ýogsa durmuşy we iýmiti o diýen bir gowy hem däldi. Netijede, olar wada berlen ýurda girmediler we durmuşlaryndaky Hudaýyň yradasyny berjaý etmediler.

Emma Nun ogly Ýeşuwa bilen Kalep maksada *ymtylmaly* boldular. Olara öz “doganlaryna” garşy çykyp, olaryň agzyny ýumdurjak boldular. “Emma bütin jemagat olary daşlamaly diýip haýbat atdy” (Çölde 14:10). Kalep bilen Nun ogly Ýeşuwa garşy çykanlaryň aňy täzelenmedikdi, olar heniz-de bu dünýä kimin pikir edýärdiler we görýärdiler. Olar ýollaryna we ... çöl düşünjesine ýapyşýardylar.

Nun ogly Ýeşuwa we Kalep ýaly, Pawlus yzda galan ähli zady unudyp, maksada, ýagny gökler baýragyna ymtylmalydygyny aýdýar (Filipililer 3:14).

Geliň, Işaýa 43:18-19-y ýene bir gezek okalyň; şu öwüt bizi bu gün gürrüňsiz ruhlandyrar.

> “Ýatlamaň öten zatlary,
> köne zatlara üns bermäň.

Ine, Men bir täze zat edýärin,
ol häzir başlaýar, görmeýärmisiňiz?
Men çölde ýol, sährada derýalar emele getirerin”

Gynansak-da, häzirki wagtda köp adamlar Hudaýyň yradasynyy berjaý edip, maksada ymtylanlaryndan, öz “howpsuz” gulçulyklarynda ýaşanlaryny gowy görýärler. Olar öňdäki özgerişliklerden özlerine adat bolan ýürekgysganç hakykatdan has köp gorkýarlar. Şeýle-de Hudaýyň özleri üçin eýýäm edenlerine kanagatlanyp, täze çakylyklara seslenmek islemeýän adamlar bar. Hudaý aslynda olar arkaly beýik işleri amala aşyrdy, ýöne olar ozalky üstünliklerinde saklanyp galdylar.

Hudaýyň yradasyna gulak asmak ýaşaýyş we erkinlik berýär we hakyky kanagatlanmany tapmagyň ýeke-täk usuly bolup durýar. Emma siziň şindiki ýagdaýyňyzda gökler baýragyna ymtylmak mümkin däl görünmegi mümkin. Hudaý Işaýa pygamber arkaly täzesini ýaratjakdygyny, ýöne onuň çölde aýan boljakdygyny aýtdy. Başga sözler bilen aýdylanda, biz Hudaýyň yradasyny berjaý etmek üçin Onuň Ruhuna eýerenimizde, mümkin däl bolup görünýän ýagdaýa düşýäris. Ýöne biz adamlaryň başarmaýan zadyny Hudaýyň başarýandygyny bilýäris (Luka 18:27). Siziň şindiki çölüňiziň beýleki tarapynda ýeňiş, kanagatlanma we hakyky durmuş garaşýar.

Özlerini çöldäki mahrumçylykdan azat etjek Hudaýyň islegini kabul etmedik, özgerişliklere garşy çykan şol on içaly we halk ýaly bolmaň. Muňa derek wada berlen Topraga – siziň üçin taýýarlanan Hudaýyň göklerdäki baýragyna tarap ynamly okdurylyň!

7

# HUDAÝYŇ AJAÝYP ÝOLY

*“Kynçylyklar – bu ýöne bir gural däl. Bu biziň ruhy durmuşymyzy ösdürmegiň iň netijeli guralydyr. Bize yza gaýdyşlyk ýaly bolup görünýän ýagdaýlar we wakalar köplenç joşgunly ruhy ösüşiň tapgyrlaryna eltýärler. Biz muňa düşünip we ruhy hakykat hökmünde kabul edip başlan badymyza kynçylyklary ýeňillik bilen geçirip başlarys”.*

**– Çarlz Stenli**

*“Bir ses gygyrýar:*

*‘Sährada Rebbe ýol taýynlaň,*

*çölde Hudaýymyz üçin şaýol açyň’”*

**– Işaýa 40:3**



Munuň geň görünmegi ähtimäl, ýöne Hudaý hut çölüň içinden ajaýyp ýol açdy! Onuň ýoly hut şu ýerde taýynlanýar, bu ýol Hudaý ýaly ýaşaýan we pikir edýäniň beýik ýaşaýşyna eltýändir.

Tutuş taryhyň dowamynda bu ýola sanlyja adamlar eýerdiler. Ýöne indi Hudaý bu ýoldan ýöremäge köp adamlary taýynlaýar. Bu barada Işaýa pygamberiň kitabynda ýazylan:

> “Çölden çeşmeler çogup çykar...Ol ýerde şaýol bolar, oňa mukaddes ýol diýler” (35:6, 8).

Hudaýyň ýoly çölde “I-95” ýa-da “Ugrukdyryjy №65” diýel ýol belgileri bilen enjamlaşdyrylmadyk. Bu ýol ýöne *mukaddeslik* diýip atlandyrylýar.

Mukaddesligiň kesgitlemelemeleriniň biri – “päklik ýagdaýy”. Isa Mesih şeýle diýýär: “Kalby päkler bagtlydyr, çünki olar Hudaýy görerler” (Matta 5:8). Ol päk bolmadyk, murdar ýygnagyň yzyndan gelmez; Ol tegmiltsiz we müýnsüz ýygnagyň yzyndan geler.

Onlarça ýyl mundan ozal, heniz ýaş döwrüm - hyzmatda ilkinji ädimleri edýän döwrümiň günleriniň birinde Reb dileg wagtymda maňa durmuşymy arassalamakçy bolýandygyny görkezdi. Men diýseň begenip, Liza: “Hudaý menden ähli garyndylary aýrar” diýip aýdtym. Onsoň men Hudaýyň aýyrmakçy bolýan ähli erbet häsiýetlerimi sanap başladym (Lizanyň bu sanawa sypdyran zatlarymyň birnäçesini goşan bolmagy-da ahmal!).

Indiki üç aýyň dowamynda hiç üýtgeşmeler bolmady. Hakykatda, hemme zat erbetleşdi we päklenmä öňkümden-de has köp mätäç bolup başladym. Men dileg wagty Rebden: “Näme üçin erbet endiklerim aýrylman, gaýtam gitdigiçe erbetleşýär?” diýip soradym.

“Ogul”, - diýip Ol jogap berdi, - “Men seni *Men* arassalamakçy bolýan diýip aýtdym-a. Sen muny öz güýjüň bilen etmäge synanyşdyň. Indi men muny Özümçe etjek”. Men özümiň çöle syýahata ugraýandygym kellä-de gelenokdy. Bu syýahat on sekiz aý dowam etdi.

## Onuň ýollary – biziň ýollarymyz däl

Mesihilik durmuşymyň irki döwürlerinde men T. L. Osbornyň hyzmaty bilen tanyşdym. Dr. Osborn ajaýyp hyzmatçy we awtordy. Ol aýaly Deýzi bilen güýçli şypa beriş we gudratlar hoş habarçylyk hyzmatyna ýolbaşçylyk edýärdi. Bu hyzmat birnäçe onýyllygyň dowamynda bütin dünýä boýunça hereket edýärdi. Olaryň hyzmaty onlarça million adamy gutulyşa getirdi.

Şonuň üçin-de, Dr. Osborn Dallasa biziň Ýygnagymyzda wagyz etmäge gelende oňa duşanyma nähili begenendigime düşünýänsiňiz. Mundan başga-da, men gelen wagyzçylary garşylamaga jogapkär bolanym üçin, onuň hut özi bilen tanyşdym. T.L. ajaýyp adamdy. Men onuň ýanyndakam, özümi edil Isa Mesihiň ýanynda bolan ýaly duýýardym.

T.L. biziň ýygnagymyza birnäçe gezek gezek geldi we biz ýakyndan dostlaşdyk. Ol ýaşka hyzmata taýynlanan döwründe öwrenen kitaplarynyň ählisini maňa sowgat etdi. Ol iki gezek dagy maňa egin-eşiginden köp zady berdi (biziň ölçegimiz birdi). Şol döwürde Liza ikimizde egin-eşik alar ýaly ýeterlik serişdelerimiz ýokdy; şonuň üçin-de bu sowgatlar maňa örän kömek etdi. Şeýle saparlardan soň ol we aýaly Deýzi biziň üçin ene-ata ýaly boldy.

Bir ýyl şondan öň, heniz bir amerikan korporasiýasynda işleýärkäm, T.L. Osbornyň wagyz edýän hyzmatlarynyň birinde Mukaddes Ruh maňa: “Wagty gelende, senem oňa hyzmat edersiň. Sen Dr. Osborn üçin işlärsiň” diýip pyşyrdady. Şonuň üçin-de, men bu tassyklandy, men

onuň toparynda bolaryn we gelejekde şeýle hoş habarçylyk hyzmatyny başlaryn diýip pikir etdim.

Emma hemme zat öňki-öňkülikdi; men heniz hem çöldedim. Osbornlaryň hyzmatynyň merkezi edarasy Talsada ýerleşýärdi, ýöne olaryň özi Orlandada ýaşaýardylar. Wagt geçýärdi, men öz hyzmatymy başlamak üçin güýçli içki basyşy duýýardym; ol şeýle güýçli bolansoň, men Osbornlara golaýrak bolmak üçin Orlanda göçmegi karar etdim. Meniň maksadym ikitaraplaýyndy. Birinjiden, bu T.L.-e indi hiç ýygnakda hyzmat etmeýändigimi mälim ederdi. Ol diýseň dogruçyl adamdy. Men onuň meni ýygnagymyzdan çykaryp, öz hyzmatyna hiç haçan almajakdygyny bilýärdim.  Ikinjiden bolsa, Orlandada maňa we Liza olaryň hyzmatyna goşulmak aňsat bolardy. Florida ştatynyň bu şäherine göçmek bilen, men olara elýeter bolardym.

Men biraz hetden geçendigimi, elbetde, bilýärdim. Ýöne men Hudaýa özümi meniň hakyky çakylygyma gönükdirmäge “kömek etjek” boldum.

Şunlukda, men hyzmatdan çykyp, Orlanda şäherine göçýändigimiz aýtmak üçin, Dallasdaky çopanymdan onuň bilen duşuşmagy soradym. Ýöne şol duşuşygyň öňýanyndaky gün üç dürli şäherden üç çopan jaň etdi. Olar meniň ertesi gün etjek bolýanlarymy bilenlerinden soň: “Liza seniň bilen doly razymy?” diýip şol bir soragy berdiler.

Ol razy däldi. Ol birnäçe gezek maňa: “Jon, men saňa tabyn bolýan, ýöne ýüregimde nädogry edýändigiňi duýýaryn” diýdi.

Men onuň aýdýanlaryna üns bermeýärdim. Men: “Liza ýöne düşünenok; maşgalanyň başy men, şonuň üçin-de ol maňa tabyn bolaýmaly” diýip pikir edýärdim. Wah, meniň pikirlerim nähili kämil däl we akmak ekeni!

Giç agşam üçünji çopan maňa jaň edip, şol iki çopanyň beren soragyny berende, göwnümde bir zat döwlen ýaly boldy. Meniň gözlerim açylyp, Hudaýa Onuň niýetini etmäge ýol bermäge derek, Oňa kömek etmäge dyrjaşýandygymy gördüm.

Ertesi gün Liza ikimiz çopan we onuň aýaly bilen duşuşdyk. Men olaryň ikisine-de näme üçin duşuşjak bolandygymy gürrüň berdim, ýöne

agşamky üç jaňdan soň pikirimi üýtgedendigimi aýtdym. Olaryň ikisi-de örän hoşamaýdy we Liza ikimiziň heniz-de öz hyzmatlarynda galanymyzy isleýändigini aýtdylar. Men öz hyzmatymy dowam edip bilýärdim.

Men gerşimden dag aýrylan ýaly boldum we bize derek Hudaýýň hereket ederine taýyndym. Men päklenme döwrüniň heniz tamamlanmandygyna asla düşünmeýärdim. Üstüme injek ýene bir tolkun ýetip gelýärdi, ol hut şol günüň özünde üstime indi.

Çopan we aýaly bilen duşuşanymyzdan alty sagat soň ýygnagymyzyň beýleki işgärleri bilen basketbol oýnamaga gitjek bolup, öýümde sport eşiklerimi geýip durdum. Telefon jyňňardady. Bu T.L.Osborndy! Meniň inim dyglap gitdi!

90 minutlap dowam eden telefon gürrüňimiziň dowamynda ol Liza bilen maňa öz hyzmatlarynda iş teklip etdiler. Biz oňa we Deýzä kömek etmelidik we onuň bilen bütin dünýä boýunça syýahat etmelidik. Şeýle-de biz Talsada täze ýygnagyň düýbüni tutmalydyk; ol başga ýygnaklaryň düýbüni tutmakda göreldeli bolmalydy. Munuň maksady olaryň Hoş Habary wagyz etmek üçin geçirýän ägirt ýygnaklarynyň ýerlerinde şeýle ýygnaklary dünýä boýunça başlamakdy.

Şol telefon gürrüňiniň bütin dowamynda men: “Eý, Atam, men Seniň hereket etjekdigiňi bilýärdim, ýöne men Sen muny şeýle tiz edişiňe haýran!” diýip pikir edýärdim. T.L. bilen eden gürrüňimiň dowamynda başdan geçiren geňirgenmämi, joşgunlygy söz bilen beýan eder ýaly däl. Men munuň çölden çykmagy aňladýandygyny bilýärdim, men muňa örän garaşýardym. Men şeýle bagtlydym! Men böküp, kellämi öýümiziň depesine degrip biläýjege meňzeýärdim. Men telefony goýdum-da, Hudaýa şükürler aýdyp, daş çykdym, ýöne öz ruhumda gadaganlygy ýa-da ikirjiňlenmäni duýdum. Bu kalbymyň jümmüşindäki ýakymsyz we ezýetli duýga meňzeýärdi.

Men şeýle pikir edtdim: “Ýok, Hudaý, ýok, ýok, ýok, Sen muny edip bilmeýäň! Bu Seniň birnäçe ýyl mundan ozal haçan-da bolsa bir wagt T. L. Osborn üçin işlejekdigimi wada beren zadyň! Sen muny gadagan edip bilmeýäň!

Gadaganlyk duýgusy aýrylyp gidäýenokdy. Men muny üç günläp dilegde özümden kowup, rahatsyzlykdan dynasym gelýärdi. “Eý, Hudaý, maňa bu babatda şatlyk ber!” diýip ýalbarýardym. Liza hem Osbornlar bilen örän işläsi gelýändigine garamazdan, gadaganlyk duýgusyny duýýardy.

Ahyrda men bu ikirjeňlenmäniň Hudaýdandygyna ynanmazlygy ymykly çözdüm (men tarapdan kämil bolmadyk we hatda howply ýene bir ädim). Şunlukda, Liza ikimiz Oklahoma söhbetdeşlige gitdik, hemme zat oňuna bolýan ýalydy. T.L. we Deýzi bize bu işi resmi taýdan teklip edip, Roždestwo agşamlygynda bizi hyzmatlarynyň tutuş topary bilen bilen tanyş etdi.

Biz Dallasa dolanyp geldik, men ýygnakdaky wezipämden çykdym. Ýöne gadaganlyk duýgusy hiç aýrylanokdy. Men sagatlap dileg edýärdim, ýöne ynjalyksyzlyk duýýardym. Men bu ýakymsyz duýgudan dynasym gelýärdi, ýöne hiç zat üýtgänokdy.

Men ahyrda Liza:

- Nämeleriň bolýanyny bilemok, ýöne bir zad-a bolmalysy ýaly däl - diýdim.

- Mende-de şeýle duýgy bar, – diýip, ol razylaşdy.

Men T.L.-e jaň edip, näme duýýandygymy aýtdym. Ol: “Geliň, duşuşyp, bu barada gürleşeliň” diýdi.

Biz Talsa gitdik we iki sagatlyk gürrüňdeşlikden soň T.L. şeýle diýdi:

- Biz sizi hakykatdan-da halaýandygymyz we bilýändigimiz, siziň-de bizi halaýandygyňyz üçin size bu wezipäni teklip etdik. Ýöne biz munuň Hudaýdan däl bolmagynyň ahmaldygy barada pikir edip başlaýarys.

- Menem düşünemok, ýöne siz mamla diýip pikir edýärin – diýip jogap berdim.

Men bu sözleriň meniň agzymdan çykanyna ynanmajak bolýardym. Muny aýtmak üçin men bar erkimi jemlemeli boldum. T.L.Osborn bilen işleşmek meniň ömrümiň arzuwydy.

Şol ýyllarda men irden öýden çykyp, ýarym sagatdan iki sagada çenli dileg edýärdim. Ýöne meniň gahrymanym T.L.Osborn bilen baglanyşykly

bolan lapykeçligim sebäpli men iki hepdeläp öýden çykamda dileg edip bilemokdym. Men diňe aglap bilýän ýalydym. Men diňe soňky iki aýyň içinde bolup geçenleri ýatlap, muňa ynanmajak bolýardym. Meniň gynanjymy beýan eder ýaly däldi. Men hamala söýgüli adamymyň ölümine ýas tutýan ýalydym. Iki hepdeden men hiç kimiň eşitmejek ýerindekäm, bogazyma sygdygyndan:

- *Näme üçin?!* Sen näme üçin maňa muny goýbolsun etdirdiň? Sen alty ýyl mundan ozal Meniň bilen gürleşip, onuň üçin işlejekdigimi aýtdyň. *Näme üçin?* – diýip gygyrdym.

Men Rebbiň şonda aýdanyny hiç haçan unutmaryn: “Sebäbi Men seniň Maňa ýa-da bu arzuwa hyzmat etjegiňi göresim geldi”.

Men doňan ýaly bolup galdym.

Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Men hut şu sebäpden Ybraýyma Yshagy gurbanlyk sypasyna goýmagy buýurdym. Men onuň Meni özüne wada berlen ýalkanyşdan az söýüp-söýmeýändigini göresim geldi. Bu onuň Maňa diňe şol arzuwyna ýetmek üçin hyzmat edýändigini ýa-da ol Maňa bu arzuwyny hasyl etjekdigimi bilip, Meniň dogruçyllygyma ynanyp, Maňa hyzmat edýändigini görkezerdi”.

Onuň sözleri meniň soňky iki hepdäniň dowamynda göreşen her bir soragyma jogap berdi. Onsoň soňky on sekiz aýyň dowamynda men ilkinji gezek ruhumda şatlyk joşgunyny duýdum. Meniň durmuşym gaýtadan açylan ýaly boldy we men şol pursat nähili ýalkanandygyma aň ýetirdim. Meniň owadan aýalym bardy, biziň ajaýyp çagamyz bardy. Biz köp kwartiraly binada ýaşaýardyk, onuň otuz ädim aňryýanynda owadan howuz bardy, asman her gün diýen ýaly aýdyň we güneşlidi. Men bu zatlaryň hijisini göremokdym, sebäbi hyzmatyň basyşynyň – Hudaýy hoşnut etmek üçin näme etmelidigim baradaky pikirlerimiň astynda gezipdirin.

Şindi, bu zatlaryň baryny ýatlanymda, Hudaýyň maňa aýdanlaryna laýyklykda, T.L. Osborn üçin işlemek miýesser edendigine düşünýärin. Ol Dallasdaky ýygnagymyza gelende, men oňa köp-köp hyzmat edipdim.

Ýöne indi meniň işim ýokdy. Men iş alyp bilýändigimi bilmek üçin,

## Çölden nädip geçmeli

### #7 Dostlaryňyzy seresaply saýlaň

Belki, bu sizi geň galdyrmaly hem däl, ýöne biziň iň ýiti tankytçylarymyz we iň gazaply garşydaşlarymyz köplenç tarapymyzy tutýan diýip hasaplan adamlarymyz bolýar! Yzyrlanmalar köplenç öz dost hasaplan adamyňyzdan gelýär.

Çölde hakyky yzarlanmalar bolup bilýär, şonuň üçin-de, Isa Mesihe eýermek bilen yzarlanmalara duçar bolup bilýändigimiz babatda habarly bolmaly. Resul Pawlus şeýle diýýär: “Umuman, Isa Mesihe eýerip, Hudaýýň ýörelgesine laýyklykda ýaşamak isleýänleriň bary yzarlanmalara sezewar bolar” (2 Timoteos 3:12). Yzarlanmalar – päklenme prosesiniň bir bölegi. Sizi kim yzarlap bilýär? Mysal üçin, dogansumaklar – Hudaý halkynyň arasyna sümlüp girip, imanly bolup görünýän adamlar, aslynda welin olaryň ýüregi Hudaýa ymtylýan däldir. Hut şu sebäpden Pawlus Musa garşy çykan Ýannis bilen Ýambris barada ýazýar. Olar keseki adamlar däl-de, Rebbiň jemagatynyň adamlarydy.

pespällik bilen ýygnagymyza dolanyp bardym. Men çopanyň kömekçileriniň biri bolan dostuma seredip:

- Men şeýle bir kiçi welin, hatda şu gapynyň aşagyndan hem geçip bilermikäm öýdýän – diýdim.

Men hut şeýle diýdim. Men hemmelere özümiň T.L. we Deýzi üçin işlejekdigimi aýdýardym. Biziň çopanymyz bu barada hatda münberden habar beripdi, emma bu başa barmady.

Ýygnak maňa ýarym günlük başga bir işi berdi; men şol işde ýene sekiz aý hyzmat etdim. Şondan soň meniň çakylygymyň indiki tapgyry – Hudaýýň meni taýynlan işi başlady. Maňa Amerikada iň çalt depginler bilen ösýän ýygnaklaryň birindäki toparyň agzasy bolmagymy haýyş

Pawlus duçar bolan yzarlanmalarynyň we howplarynyň käbirini beýän edip, ýüzbe-ýüz bolan kynçylyklarynyň käbiriniň “dogansumaklardan” bolandygyny aýdýar (2 Korintoslylar 11:26).

Çölde sizi söýýän we aladyňyzy edýän, Hudaýyň yradasyna laýyklykda size öwüt berýän adamlaryň ýanyňyzda bolmagy örän peýdalydyr. Size Eýýubyň aýaly, dostlary ýaly tankytçylar we Hudaýa gulak asmazlygy ündeýän adamlar gerek däl. Size dogruçyl düzediş gerekkä, ýallaklaýan ýalan pygamberler-de gerek däl. Size sizi söýýän we Hudaýyň danalygyny siz bilen paýlaşýan adamlar gerek.

Ýöne seresap boluň. Eger kimdir biri sizi tankytlap, çöle düşenligiňize özüňiziň günäkärdigiňizi aýdýan bolsa, bu adamyň dost däldigi ähtimal. Mukaddes Ruh bizi eden günämizde paş edýär we Ol bizi ýalňyşymyzy görüp, toba etmekde ýardam bermek üçin, köplenç ýene-de kimdir birini ulanar. Ýöne umyt bermeýän dyngysyz aýyplamalar duşmandan gelýändir. Seresap boluň!

etdiler. Men olaryň ýaşlar toparynyň çopany bolmalydym. Bu täsin tärde boldy. Liza ikimiz munuň Hudaýyň açýan gapysydygyny bilýärdik. Meniň eýýäm täze durmuşym we täze aýanlygym bardy, sebäbi men eýýäm bu täze hyzmata taýýar bolan meşikdim we içimde täze ter şeraby göterip ýördüm.

## Päklenme ýoly

Isa Mesih ýerden asmana galaly bäri, Onuň şägirtleri asyrlarboýy mukaddeslige öz güýçleri bilen ýetmäge dyrjaşýardylar. Bu boş yhlaslaryň netijesinde tutuş ýygnak denominasiýalary döreýärdi. Biz

özümizi kanunçylygyň guly etdik, sebäbi mukaddeslik bedeniň daşky çäklendirmeleri däl-de, Hudaýyň merhemetiniň işidir.

Hudaý merhemeti tekepbirlere däl-de, pespällere berýändir. Tekepbir adam mukaddesligi ýazylan esaslara, düzgünlere, kanunlara eýermek bilen Hudaýa garaşsyz ýagdaýda gazanyp bolýar diýip ynanýar. Pespäl adam munuň peýdasyzdygyny bilýär we Hudaýyň merhemetine (güýjüne) daýanýar. Hudaý bilen ýakyn gatnaşyk päkdir, şonuň üçin-de diňe şeýle gatnaşyklar arkaly ynsan öz ýüreginde ýazylan kanunlary berjaý etmäge güýji alyp bilýär.

Biziň köpimiz mukaddeslige Täze Ähtiň tabşyryklaryny ýa-da Mukaddes Ýazgylara degişli bolmadyk kesgitli bir ynamlary berjaý etmek arkaly ýetjek bolup, şowsuzlyga uçradyk. Ýewreýler kanuny berjaý etmek arkaly halas bolmakçy bolup, şowsuzlyga uçradylar. Bzi hem şolar ýaly, bu kanunlary berjaý etmek arkaly mukaddeslikde gezip bilmeris. Köp adamlar belli bir ýörelgä ýa-da hereketlere eýerip, özlerini kanunçylyk ideýalary bilen çäklendirdiler. Olar içki mukaddesligi gazanjak bolup, daşky çäklendirmeleri ulandylar.

Emma Hudaý daşky mukaddeslige seredenok; Ol siziň ýüregiňiziň içki özgerişligini isleýär, sebäbi päk ýürek päk hereketlere eltýär. Isa Mesih Matta 23:26-da şeýle diýýär: “Sen ilki bilen käsedir gap-çanagyň (ýüregiň) içini arassala, şonda olaryň daşy-da arassa bolar”.

Eger ýüregiňiz päk bolsa, Isa Mesihi biabraý etjek hereketleri etmersiňiz. Siz internetdäki pornografiki saýtlardan uzak durarsyňyz ýa-da ýarym-ýalaňaç geýinmersiňiz. Erkek-aýallaryň köpüsi hiç haçan aýrylyşmandygy bilen öwnüp bilerler, emma olaryň ýüregi işdeşine azgyn höweslerden doly bolsa ýa-da wagtal-wagtal internetden pornografik saýtlary görýän bolsa, bu heý-de päklik bolup bilermi näme?

Eger siziň ýüregiňiz päk bolsa, kompýuter ýa-da akylly telefon sizi konstruktiw däl materiallary agtarmaga itermez. Bizi tehnologiýalar murdar edenok. Siz ýüregiňizdäki bar zatlar esasynda kesgitli kararlary kabul edýärsiňiz. Eger siziň ýüregiňiz päk bolsa, siz diňe Hudaýyň isläýänini islärsiňiz.

Çöl – bu küre peçleriň biridir; Hudaý ony niýetlerimizi we maksatla-

rymyzy päklemek üçin ulanýar. Hudaý biziň ýüreklerimizi Öz ýygnagynyň yzyndan geljek wagtyna taýynlaýar. Hudaý öz şöhratyny däl-de, Onuň şöhratyny görkezjek adamlaryň – Onuň keşbine görä ýaradylyp, Onuň häsiýetine görä hereket edýän adamlaryň neslini aýaga galdyrýar:

> “Uly hojalykdaky gaplaryň ählisi altyndan we kümüşden däldir. Olaryň arasynda agaçdan, toýundan ýasalanlary hem bardyr. Olaryň käbiri dabaraly, käbiri bolsa adaty maksatlar üçin ulanylýandyr. Imanlylar babatda hem şeýle: özüni her tüýsli ýamanlykdan (günäden) saklaýan imanly ýörite saýlanylyp, Hojaýyny üçin ýaramly gap kimin bolar. Ol islendik ýagşy işler üçin taýýardyr” (2 Timoteos 2:20-21).

Gaplaryň iki görnüşiniň – dabaraly we adaty durmuşda ulanylýan görnüşleriniň bardygyna üns beriň. “Adaty, pes” diýen manyda terjime edilen “atimiýa” gerek sözi “masgaraçylyk, igenç, biabraýçylyk, nejislik” diýmegi aňladýar. “Dabaraly” diýen manyda terjime edilen “time” grek sözi “gymmatbahaly, gadyrly” diýmegi aňladýar. Hudaý şeýle diýýär: “Eger biderek sözleri däl-de, gymmatly sözleri aýtsaň, Meniň dilim bilen geplärsiň” (Ýermeýa 15:19). Gymmatly zatlar biderek zatlardan ymykly päklemek, ýagny garyndylardan bütinleý arassalamak arkaly alynýar.

Malaky – Köne Ähtiň pygamberi, ol Täze Ähtiň döwri barada köp pygamberlikleri aýdypdy. Ýöne ol Täze Ähtiň adalgalaryny bilmeýärdi. Şonuň üçin-de, ol gören zatlaryny we Mukaddes Ruhuň oňa Täze Äht döwrüniň mesihileri baradaky aýdanlaryny beýan etmek üçin “lewiler” we “ruhanylar” ýaly dien sözleri ulanypdyr.

Malaky Reb Öz ybadathanasynyň *yzyndan* gelmezinden ozal Öz ybadathanasynyň *içine* geljekdigi barada pygamberlik etdi. Onuň maksady – päklemek. Pygamber şeýle ýazýar:

> “Ol kümşi eredip saplaýan ýaly oturyp, Lewiniň neslini saplar, olary altyn-kümüş kimin eredip tämizlär. Şonda olar sadakalaryny Rebbe dogrulyk bilen hödür ederler” (Malaky 3:3).

Lewiler – “patyşanyň ruhanalarynyň” (1 Petrus 2:9) ýa-da ýygnakdaky Isa Mesihiň eýerijileriň gelejekki obrazy. Hudaý bu ruhanylaryň päklenmesini altyn-kümşüň arassalanyşy bilen deňeşdirýänligi üçin, altyn-kümşüň häsiýetleri we olaryň arassalanyşy barada bilmek peýdaly bolar. Men diňe altynyň arassalanyşy barada aýtjak, sebäbi iki metalyň hem arassalanyş usuly birdir.

Altynyň owadan sary reňki bolup, onuň ýumşak metal ýalpyldysy bar. Ol tebigatda giňden ýaýran, ýöne hemişe az mukdarda we arassa görnüşde örän seýrek duş gelýär. Arassalanandan soň altyn ýumşak, çeýe bolýar, pos we başga garyndalary özünde saklamaýar. Başga metallar (mis, demir, nikel) bilen garylanda, ol has berk bolýar, maýyşgaklygyny ýitirýär we poslap bilýär. Şeýle garynda splaw diýilýär. Başga metallaryň göterimi näçe ýokary bolsa, altyn şonça-da berk bolýar. Tersine, splawyň göterimi näçe az bolsa, ol şonça-da ýumşak bolýar.

Biz bu ýerde parallel görýäris: päk ýürek Hudaýyň öňünde sap altyna meňzeýär. Päk ýürek ýumşak, näzik we çeýe bolýar. Şonuň üçin Mukaddes Ruhuň diýşi ýaly:

> “Şonuň üçin Mukaddes Ruhuň aýdyşy ýaly:
> ‘Bu gün siz Meniň sesimi eşitseňiz,
> Maňa baş galdyran atalaryňyz deý ýüregiňizi gatatmaň.
> Olaryň Meni çölde synaýşy ýaly doňýürek bolmaň.
> Tersine, her güni ‘Bu gün’ diýip hasaplap, biri-biriňizi ruhlandyryň.
> Şeýdip, siziň hiç biriňiz günäniň toruna düşüp, doňýürek bolmaň”
> (Ýewreýler 3:7-8, 13).

Günä – bu garyndy; ol biziň ýüreklerimizi gatadyp, sap altynymyzy splawa öwürýär. Ýüregimiz ýumşak bolmasa, duýgurlygymyzy ýitirýäris we Rebbiň sesini eşidip bilmeýäris.

Gynansak-da, häzirki wagtda şeýle adamlaryň sany köp, olar daşyndan takwa görünse-de, Isa Mesih üçin ýanmaly ýürekleri ýumşak däl. Hudaýa bolan hyjuwly söýgi özlerine bolan sowuk söýgä çalşylandyr; bu söýgi diňe özi üçin keýpi-sapa, üpjünçilik we şahsy bähbidini agtarýar.

Dogrulygy gazanç çeşmesi hasaplap, bu adamlar berlen wadalardan diňe bähbitleri agtarýarlar we bilmezden, hatda pikir hem etmän, şol wadalary Bereni ret edýärler. Aldaw ýagdaýynda bolmak bilen, olar bu dünýäden lezzet alýarlar we asmany almaga umyt baglaýarlar! Bu Hudaýyň isleýän däl:

> “Atamyz Hudaýyň nazarynda päk hem nogsansyz dindarlyk ...bu dünýäniň pisliginden özüňi päk saklamakdyr” (Ýakup 1:27).

Isa Mesih mukaddes we tegmiltsiz, nogsansyz ýa-da birkemsiz ýygnagyň (Efesliler 5:27) – ýüregi bu dünýäniň ýörelgeleri bilen hapalanmadyk adamlaryň yzyndan geler.

Altynyň ýene bir häsiýeti – poslama we dargamaga durnukly bolmagy. Beýleki metallar atmosferanyň täsiri astynda solýarlar, altyn bolsa bu täsiriň astyna düşmeýär. Latun (sary mis bilen sinkiň garyndasy) altyna çalymdaş bolsa-da, altyn däldir. Latun aňsatlyk bilen solýar. Ol altyna meňzeş, ýöne onuň häsiýetlerine eýe däl. Ýygnakda latundan edilen gap-gaçlar bar, olaryň altyn görnüşi bar, ýöne altyn däldir. Diňe arassalaýjy ot bu ikisiniň tapawudyny ýüze çykaryp biler. Malaky pygamber arassalamadan soň näme boljagyny aýdýar:

> “Şonda siz ýene bir gezek dogry bilen egriniň, Hudaýa gulluk edýän bilen etmeýäniň arasyndaky tapawudy görersiňiz” (Malaky 3:18).

Geliň, altynyň arassalanyşyna dolanalyň. Altynda başga maddalaryň köp bolmagy ony gatadýar, posladýar we dargadýar. Biziň ýaşaýan dünýämiziň atmosferasy oňa aňsat täsir edýär.

Häzirki döwürde bu dünýäniň ýörelgeleri ýygnaga aralaşdy. Bu dünýäniň medeniýeti bize siňip, bizi hapalady. Amerikada ýygnagyň gymmatlyklary dünýewi gymmatlyklar bilen hapalan. Köp adamlar duýgurlygyny ýitirip, päklenmä mätäçdigini aňlamaýarlar.

Malaky pygamberiň kitaby (3:3) Isa Mesihiň Öz ýygnagyny bu

dünýäniň täsirinden edil ussanyň altyny arassalaýşy ýaly arassamakçydygyny görkezýär. Arassalanma wagtynda altyn toz kimin owradylýar, soňra flýus diýilýän madda bilen garylýar. Bu garyndyny peje salyp, güýçli otda gyzdyrýarlar. Başga metallar ýa-da garyndylar şol flýusa çekilip, ýokary galýar. Altyn bolsa (has agyr bolansoň) aşaga çöküp galýar. Soňra garyndylar (flýus bilen mis, demir, sink) aýrylýar.

Indi bolsa Hudaýyň arassalaýşyna üns beriň:

> "Elimi saňa garşy uzadaryn, haramlygyňyzdan aşgar bilen
> tämizlärin seni, ähli ýanyklaryňy aýraryn.
> Kazylaryňy ozalky halyna, maslahatçylaryňy öňki halyna
> dikelderin. Şondan soň saňa: 'Dogrulyk şäheri, sadyk şäher"
> diýler'" (Işaýa 1:25-26).

Hudaý bizi arassalamak üçin nähili ody ulanýar? Munuň jogabyny indiki parçadan bilip bolýar:

> "Muňa ýürekden şatlanyň. Häzirki wagtda gysga wagtlaýyn
> synaglara duçar bolup, gam-gussa batsaňyz-da, bu synaglaryň
> siziň imanyňyzy berkidýändigini biliň. Hatda pany altyn hem otda
> saplanyp synalýandyr. Şeýlelikde, altyndan has gymmatly bolan
> imanyňyz synagdan geçip, Isa Mesih aýan bolanda, size öwgi we
> şan-şöhrat getirer" (1 Petrus 1:6-7).

Hudaýyň arassalaýyş ody – bu çölde esasy gurallar bolup durýan synaglar, kynçylyklar. Olaryň güýçli ody biziň garyndylarymyzy Hudaýyň bizdäki häsiýetinden aýryp taşlaýar. Bu teoretiki taýdan mukaddeslige alyp barýar (men tizara näme üçin "teoretiki taýdan" diýýänimi düşündirerin).

Sap altynyň indiki häsiýeti – onuň durulygy (predmetden edil aýnanyň aňyrsynda gören ýaly görmek). *"Şäheriň şaýoly sap altyndan bolup, aýna ýaly ýalpyldaýardy" (Aýanlyk 21:21).* Siz otly synaglar arkaly arassalanan badyňyza edil aýna ýaly dury bolýarsyňyz! Içi görnüp düran

küýze özüni şöhratlandyrman, içindäki zady şöhratlandyrýar. Ol ünsi özüne çekmeýär we göze ilmeýär diýen ýaly.

Biz saplanan badymyza dünýä ýene-de Isa Mesihi görer. “Eger biz dury çüýşe kimin dury bolsak – hakykaty aýdýan bolsak, tekepbir bolmasak, sözümizde dursak, dogruçyl bolsak, gizläre zadymyz bolmasa, bu dünýäniň adamlary muny görerler”.

Işaýa pygamberiň kitabynda biz muny has aýdyň görýäris:

“Ine, seni sapladym, ýöne kümüş dek däl,
azap küresinde synadym seni.
Öz hatyrama, Öz mertebäme muny edýärin,
näme üçin Meniň adym harlansyn?
Başga bermerin Öz şöhratymy!” (Işaýa 48:10-11).

Küre bilen ot – bu kümşi (altyny) saplaýan ot däl-de, synaglardyr. Bu Onuň: “ýöne kümüş dek däl” diýenlerini düşündirýär. Biziň synaglarymyz – gymmatnaha zatlary biderek zatlardan saplaýan güýçli otdur.

Hudaý bu zatlary erkimize garşy aýyrmaýar. Şoňa görä-de, Pawlus 2Timoteos 2:21-de päk bolmak isleýän adamyň özüni “her tüýsli ýamanlykdan saklaýar” diýip ýazýar. Eger siz bahana gözläp, öz nogsanlyklaryňyzdan ýapyşmak isleýän bolsaňyz, Hudaý olardan dynmaga mejbur etmez. Geçilen kynçylyklar prosesi biderek bolar (hut şu sebäpden men ýokarda “teoretiki taýdan” diýipdim). Mukaddeslik ýörelgesindäki päklenme dyngysyz dowam edýän we köplenç agyryly proses. Emma onuň berýän miwesini bilemsoň, men ony kabul edýärin.

Ýewreýlere hatyň awtory şuny ykrar edýär: *“...Halal ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz” (12:14).* Isa Mesih şeýle diýýär: “Kalby päkler bagtlydyr, çünki olar Hudaýy görerler” (Matta 5:8). Ýüregi Hudaýa ymtylan Dawut şeýle diýýärdi: *“Eýsem öz ýalňyşyny kim aňyp bilýär? Meni gizlin ýazyklardan tämizle” (Zebur 18:13).*

Goý, bu siziň dilegiňize öwrülsin. Eger biz Hudaýdan ýüreklerimizi päklemegi sorasak, Ol özümiziň görmeýän hapalarymyzdan saplar.

Hudaý hatda özümiziň bilmeýän içki pikirlerimizi we niýetlerimizi bilýär.

Men sizi ruhy döwri we çöl möwsümini saýgaryp, ony kabul etmegi öwrenmäge çagyrýaryn. Otly synaglar gelende, gaharlanmaň we başgalary günäkärlemäň; muňa derek olaryň maksadyna düşünjek boluň. Öz ýüregiňizi derňäň we Hudaýa gymmatly zatlary biderek zatlardan saplamaga ygtyýar ediň. Ol şeýle buýruk berýär: “Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin” (1 Petrus 1:16).

Ýadyňyzda bolsun: päklenme ähli ýagşy zatlary berkidip, gowşak ýa murdar edýän zatlary aýyrýar. Hudaýyň şöhratyny ajaýyp we dury görkezip bilýän abraýly gap-gaç bolup bileriňiz ýaly, Onuň päklenmesine hoş geldiňiz!

# 8

# YMYKLY GURUŇ

*“Ýyldyzlaryň iň parlagy – demirgazykda nur saçýany. Suwuň iň süýjüsi – çölde çägeleriň arasyndan çogup çykýany. Imanyň iň gymmady – kynçylyklardan geçip, ýaşaýany we ýeňýäni. Synalan iman tejribe berýär. Siz kynçylyklardan geçmäge mejbur bolmadyk bolsaňyz, özüňiziň ejizdigiňizi asla bilmezdiňiz. Eger siz bu kynçylyklardan geçmäge Hudaýyň güýjüne mätäç bolmadyk bolsaňyz, Onuň güýjüni asla bilmezdiňiz”.*

**- Çarlz Stenli**

*“Çünki ynsan höweslerine görä ýaşaýanlar bu höwesleriň oňlaýan zatlary barada pikir edýärler. Mukaddes Ruha görä ýaşaýanlar bolsa Onuň oňlaýan zatlary barada pikir edýändir”.*

**- Rimliler 8:5**

Hudaýyň hyzmatçylary – erkekler we aýallar mesh edilmegi arkaly däl-de, öz häsiýetleri arkaly bekeýärler. Hut çölde, basyş artanda, lapykeçlik gurşap alanda, arzuwlar ýetilgisiz sepgit bolup görnende, gerek bolan päklenme – häsiýetiň emele gelmesi amala aşýar.

Men çölde güýçli gaharjaňlygymy ýeňmek üçin söweşen wagtym ýadyma düşýär. Men bu barada birinji bapda gürrüň beripdim. Men Hudaýdan: "Men näme üçin hemmelere gaharlanýan? Men durmuşymdam nämäni baglamaly ýa-da kowmaly?" diýip soradym.

Ol: "Ogul, sen öz bedeniň baglap ýa-da kowup bilmersiň; sen ony haça çüýlemeli" diýip jogap berdi.

Men has-da gaharlanyp: "Onda bu gahar mende nireden döreýär? Men ony ozal, hatda heniz halas edilmedik wagtymda-da duýmaýardym" diýip soradym.

Ol şeýle jogap berdi: "Ol köp ýyllar bäri sende bardy, ýöne seniň altyn ýüzügiňdäki garyndylaryň otda eremänkä görünmeýşi ýaly, olar hem görünmeýärdi. Eger gaharyňy peje salsaň, ol ýüze çykar. Men seni kynçylyklar küresine salyp, seniň gaharyň görner ýaly etdim".

Men Hudaýyň özüme aýdanlaryny iş ýüzünde nädip ulanmalydygyny doly düşünmeýärdim. Şonuň üçin-de, Ol jikme-jik düşündirmäge başlady: Sen öz aýalyňy, işdeşleriňi, dostlaryňy, bäbegiň bardygyny, öz düşen ýagdaýlaryňy günäkärläp bilersiň. Ýöne şeýle etseň, gahar sende galar we ot gowşanda, ýene-de içiňe gider we hemme zady gaýtadan

başlamaly bolar. Ýöne sen toba gelip, şeýle dileg edip bilýäň: ‘Eý, Hudaý, meni munuň üçin bagyşla; ýalbarýaryn, bu gahary menden aýyr’. Eger sen şeýtseň, Men Öz uly susagymy alyp, ony seniň içiňden bütinleý aýraryn”.

Men şeýle hem etdim. Otly çölüň basyşy meniň gaharymy äşgär edende, men günämi boýun alyp, toba etdim we Hudaýdan ony aýyrmagy diledim.

Bu çölüň her näçe kyn bolýandygyna garamazdan, onuň örän gymmatlydygy babatda begenmäge ýene bir sebäp, ol ahyrda uly şatlyga eltýär:

> “Şonuň üçin hem muňa ýürekden şatlanyň. Häzirki wagtda gysga wagtlaýyn synaglara duçar bolup, gam-gussa batsaňyz-da, bu synaglaryň siziň imanyňyzy berkidýändigini biliň. Hatda pany altyn hem otda saplanyp synalýandyr. Şeýlelikde, altyndan has gymmatly bolan imanyňyz synagdan geçip, Isa Mesih aýan bolanda, size öwgi we şan-şöhrat getirer” (1 Petrus 1:6-7).

Çöl – bu biziň päklenip, häsiýetimiziň ösýän ýeridir. Kynçylyklaryň we yzarlanmalaryň hut şu pejinde hakyky dogruçyl adamyň kemala gelmegi amala aşýar. Rimliler 5:3-4-de şeýle ýazylan: “Diňe muňa däl, eýsem muşakgatlarymyza hem begenýäris, sebäbi muşakgatlaryň çydamy, çydamyň erjelligi, erjelligiň hem umydy döredýändigini bilýäris”.

Hudaý Dawudy ýerdäki şalyga däl-de, Hudaýyň ýüregine ymtylany üçin ýalkady. Şawul patyşa bolsa päkleýän çölden hiç geçip bilmedi; şonuň üçin-de, ol päklenmedik we özüne ynamsyz halda galdy. Dawut bolsa çölde päklendi, Hudaý ony şol ýere ibermek üçin hatda Şawuly ulandy!

Hudaýyň ýollaryna aň ýetirip bolmaýar, ýöne Onuň meýilleri hemişe ýagşylygadyr!

## Arzuwlar yza süýşýär?

Emma päkleniş agyryly bolup bilýär. Sizi ýalan aldamaýyn: çöl – bu Disneýlende aýlanan ýaly däl. Kynçylyk kynçylyk bolup durýar, ol käwagt örän agyryly bolýar.

Hudaýyň size Öz çakylygy babatdaky arzuwlary we görnüşleri size görkezen bolmagy ahmal. Çölde welin Rebbi köpden-köp agtaryp, Onuň sözüne tabyn boldugyňyzça, Onuň ýüregiňize salan arzuwyndan has uzaklaşýan ýaly bolup görünýär.

Geliň, Ýusubyň durmuşyna garap geçeliň. Ol özüniň hökümdar, hatda doganlarynyň we tutuş maşgalasynyň onuň ygtyýarynda boljakdygyny görýär. Şondan soň nämeler boldy? Ýusuby goramaly adamlar – öz doganlary ony çukura oklaýarlar we yzýanyndan keseki ýurda gulçulyga satýarlar. Onuň aljyraňňylygyny, lapykeçligini we agyrysyny göz öňüne getirip bilýäňizmi?

Onuň Hudaý gudratly güýji bilen ara goşulyp, özüni tizara boşadar diýip pikir eden bolmagy gürrüňsiz. Ýöne onuň umydy hasyl bolmady, sebäbi gulçulygy birnäçe aý ýa ýyl dowam etmän, on ýyldan gowrak dowam etdi. Bu gaty köp wagt! Şol bütin wagtyň dowamynda ol özüni bu ejirlere duçar eden adamlaryň erkin ýaşap, baý kakalaryň öýünde durmuşdan lezzet alýandyklaryny bilýärdi.

Ýusup näme etdi? Çöl möwsümindäki jogaby nähili boldy? Ol öz imanyndan dänmedi, hyzmat etdi we Hudaýyň wada berenlerini unutmady. Ol sadyk, dana, yhlasly bolany üçin netijede ýalkanyşara we üstünlige eýe boldy.

Ýöne onuň şertleri birdenkä ýene-de üýtgäp, öňküden-de erbetleşdi. Ýusubyň hojaýynynyň aýaly oňa azgyn höwesi bilen seredip başlady. Ol oňa zynahorlyk etdirjek boldy, muny ýeke gezek däl, köp gezek synanyşdy. Muňa garamazdan, Ýusup Hudaý tabyn galdy we her gezek jynsy ahlaksyzlykdan gaça durdy. Bu aýal ahyrda şeýle gazaba münensoň, Ýusup onuň penjesinden zordan sypdy. Aýal özi ret edilensoň, oňa myjabat baryny ýapdy. Ýusup nähäk jezalandyrylyp, zyndana taşlandy

(adatça köşkde gulluk edýän resmi adamyň aýalyny zorlamakda günäkärlenen gelmişek gula gaýdyp günüň ýagtysyny görmek miýesser etmeli däldi).

Adamyň zyndanda pikir etmäge wagty köp bolýar. Ýusubyň göreşmeli bolan pikirlerini göz öňüne getirip bilýäňizmi? “Men Hudaýa bütin ömrüme hyzmat edip geldim; bu maňa näme berdi? Men bigünä ýere şu zyndana düşdüm, şu ýerde-de çüýräp galaryn. Men näme günä etdimkäm? Men diňe doganlaryma Hudaýyň şol maňa beren görnüşi diýip pikir eden düýşümi gürrüň berdim. Bu meni nirelere alyp geldi! Hudaýa hyzmat edenimiň haýry näme? Men Oňa köp tabyn boldugymaça, durmuşym şonça-da kynlaşýar öýdýän”.

Ýusuby şeýle oýlanmalary üçin kim aýyplar biler? Olar ýerlikli görünýär gerek?

Günleriň birinde Ýusup çöldäki iň uly synagyna duçar boldy. Hudaý onuň ýanyna iki adamy – nan bişirijini we şerap sakysyny getirdi. Olaryň ikisi-de düýş görenlerinden soň, aljyrap, onuň ýorgudyny bilesleri geldi. Eger Ýusup Hudaýa we Onuň wadasyna bolan ynamyny ýitiren bolsa, ähli ünsüni özüne gönükdirip, olara hyzmat etmezdi. Ol: “Siz geçen agşam düýş gördüňizmi? Päheý! Menem bir gezek düýş görüpdim. Men şol düýş Hudaýdandyr öýdüpdim. Ýöne hakykat şundan ybarat: arzuwlar hasyl bolmaýar. Arzuwlar biderek zat, olar boş we aldaýar. Şoňa görä-de, meni öz günüme goýuň!”

Eger Ýusup şeýle diýen bolsady, onda öz çölünde ýene-de uzak ýyllar, belki-de bütin ömrüne galardy. Ol özüniň erkinlik petegini sypdyrardy (soňra saky faraona Ýusubyň düýş ýorma ukyby barada adýar we şol ukyby sebäpli ol zyndandan boşadylyp, ýokary wezipä bellenýär). Eger Ýusup özüne ýüregi awap başlan bolsa, şol zyndanda adamlara: “Hudaý biwepa; Ol Öz wadalaryny berjaý etmeýär!” diýip, zabun, doňýürek we umytsyz adama öwrülip ölerdi.

Emma Ýusup beýle etmedi. Ol Hudaýyň wadalaryna ters gelýän pikirlerini we netijelerini aýryp taşlap, saka we nan bişirijä hyzmat etdi. Ol Hudaýa tabyn bolmagy bes etmedi. Onsoň näme boldy? Ol ahyrda bir

günüň dowamynda zyndandan çykyp, Müsürde faraondan soň ikinji adam boldy!

Ýusup hökümdar bolandan dokuz ýyl geçensoň, güýçli açlyk zerarly doganlary Müsüre gelip, onuň öňünde durdular. Ýusup köp adamlaryň edişi ýaly ar almady. Indi onuň Hudaýyň şalygynyň hakyky ýolbaşçysynyň häsiýeti bardy. Ol özüne ýamanlyk edenlere ýagşylyk etdi. Ol ýüregini gatatmandy; ol imandan, söýgüden we özüne hyýanat eden adamlara bolan bagyşlamadan doludy. Mezmurçy Ýusup barada şeýle ýazýar:

> “Öňlerinden bir adamy ýollady:
> Ýusup gul edilip satyldy.
> Onuň aýaklaryna zynjyr uruldy,
> boýny demir halka salyndy.
> Rebbiň aýdanlary berjaý bolýança,
> Onuň sözi Ýusuby synap barlady” (Zebur 104:17-19).

Hudaýyň Ýusuba beren wadasynyň haçan berjaý boljagyny diňe Onuň Özi bilýärdi (düýş göreninden ýigrimi ýyl soň). Çöl onda durmuşyny, maşgalasyny, ýolbaşçylyk ornuny ymykly gurjak häsiýeti taplady. Onuň ähli üstünlikleriniň açary Rebden bolan gorkusydy. Ýagdaýyň nähili bolandygyna garamazdan, Ýusup Hudaýyň Sözüni aýdýardy, Hudaýyň Sözüne laýyklykda hereket edýärdi we Hudaýyň Sözüne gulak asýardy.

Siz babatda nähili? Ýokarda aýdyşymyz ýaly, belki, Hudaý Öz çakylygy babatda size düýşleri we görnüşleri berendir. Ol siziň üçin niýetleýänleri barada siziň bilen gürrüň eden bolmagy ahmal. Ýöne Ýusubyň mysalynda bolşy ýaly, siz çölde Rebbi köpden-köp agtaryp, Onuň Sözüne tabyn boldugyňyzça, Onuň ýüregiňize salan arzuwyndan uzaklaşýan ýaly görünýän bolmagy ahmal.

Belki, siz başga adamlaryň, hatda size garşy durýanlaryň, hyzmatda (ýa islendik başga çäkde) ýokary çekilip, siz bolsa Hudaýyň beren arzuwyndan ters ugra barýan ýaly görnen bolmagy ahmal. Belki, siz bileniňizi etseňiz-de, görnüşiňiz amal bolan däldir.

Siziň ýanyňyzda Rebbi agtarmaýan dünýewi adamlaryň bolup,

olaryň ýokary çekilip, abadan görünmegi ahmal. Olar maliýe we sosial “ýalkanyşlary” alýarlar. Olaryň ýallaklama we manipulýasiýalar arkaly ýokary galýan bolmagy ýa-da üstünlige aldaw we ýalan arkaly ýetip, nädogry hereket edýän bolmagy ähtimal. Ýöne şonda-da, olar “ýalkanan” bolup görünýär, siz bolsa faraonyň zyndanynda aýagy gandally oturan Ýusuba meňzeýäňiz.

Siz şeýle ýagdaýda nähili garaýaňyz? Zeýrenýäňizmi? Hudaý, ine, şeýle diýýär:

> “Reb: ‘Maňa garşy bihaýa sözler aýtdyňyz’ diýýär. Siz bolsa: ‘Biz Saňa garşy näme aýdypdyrys?’ diýýärsiňiz. Siz, ine, şeýle diýdiňiz: ‘Hudaýa gulluk etmek bidereklikdir. Hökmürowan Rebbiň buýrugyny berjaý etmekden we Onuň öňünde ýas tutup gezmekden biz näme peýda görýäris? Indi tekepbirlere bagtly diýýäris. Erbetlik edýänleriň diňe bir işi rowaç alman, eýsem olar Hudaýy synap, jezadan gutulýarlar’” (Malaky 3:13-15).

Bu nägile adamlar näme diýýär? Olar: “Hudaýa gulak asanymyzyň näme peýdasy bar? Durmuşymyzda hiç zat üýtgänok. Biz däl-de, şol erbet adamlar, şol dünýewi adamsumaklar ýokary çekilip, ýakanýarlar we pajarlaýarlar (bu Biweriň parafrazy). Hudaý şeýle sözlere bihaýa diýip, olary Özüne garşy aýdylan hasaplaýar. Başga sözler bilen aýdylanda, bu zeýrenç we nägilelikdir.

Nägilelik ysraýyllara wada berlen Topraga girizmedi. Zeýrenç näme üçin Hudaýa dil ýetirýär? Ol näme üçin berk jeza duçar bolýar? Zeýrenç Hudaýa kakdyryp, şeýle diýýär: “Seniň öz durmuşymda edýänleriňi halamok. Eger men Seniň ýeriňe bolan bolsadym, men başgaça ederdim”. Nägilelik – bu Ondan asla heder etmezlikdir.

Hudaý kimiň Onuň Özüni, kimiň bolsa Ondan bähbit agtarýanyny ýüze çykarýar. Bularyň birinji toparyndakylar öz ymtylyşlarynda aýgytly bolarlar, ikinji toparyndakylar bolsa isleýişleri ýaly bolmasa, zeýrenip başlarlar. Käbirleriň ýalkanyş diýip atlandyrýany we hakyky ýalkanyş – bu bütinleý başga-başga zatlardyr. Eger siziň garaýşyňyz (ýüregiňiz) nädogry bolsa,

käbir ýalkanyşlar sizde galmaz. Bähbidini araýan we zeýrenýän adamlara ýüzlenip, Reb olaryň ýalkanyşlary bilen etjekleri barada şeýle diýýär:

> “Indi, eý, ruhanylar (zeýrenýän imanlylar), bu buýruk siziň üçindir. Eger diňlemeseňiz, adymy şöhratlandyrmagy ýürekden islemeseňiz, onda Men siziň üstüňize nälet ibererin we ýalkanyşlaryňyzy nälete öwrerin. Men olary eýýäm näletledim, sebäbi siz muny ýürekden islemediňiz” (Malaky 2:1-2).

Biziň sylagymyz we mirasymyz zatlar we wezipeler däl. Biziň mirasymyz we paýymyz – Rebdir!

Ezekiýel 44:28-de şeýle ýazylan: “Ruhanylaryň mirasy bardyr, ol miras Mendirin; Ysraýylda olara mülk bermäň, olaryň mirasy Mendirin”.

Häzirki döwürde köp mesihiler hakyky mirasdan ýüz öwürdiler we muňa derek ünslerini maddy zatlary we derejeleri edinmäge gönükdirdiler, bularyň hatda Hudaýyň beren oňat zatlary bolmagy-da ahmal. Bu ýagdaýy ogluň öz atasy bilen gatnaşmaga däl-de, ondan alyp bilýän zatlaryna gyzyklanma bildirişi bilen deňeşdirse bolýar. Meniň dört oglum bar, men olara özümdäki zatlary bermegi halaýaryn. Ýöne olaryň meniň bilen diňe zat almak üçin gatnaşan bolsady, ýüregim ýaralanardy. Malaky sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> “Onsoň Rebden gorkýanlar biri-birileri bilen gepleşdiler. Reb üns berip diňledi. Rebden gorkup, adyna hormat goýýanlar hakynda Onuň öňünde bir ýatlama kitaby ýazyldy” (Malaky 3:16).

Bu adamlar hem “zeýrenýänleriň” geçýän çölüniň şertlerinden geçýärler, ýöne olaryň esasy maksady dereje, abraý ýa-da zat däl. Olar Hudaýyň ýüregini agtarýarlar! Ony tanamak islegi olarda alaw bolup ýanýar. Siz olar bilen jemgyýetçilik ýa-da telekeçilik işleri barada gürrüň edip bilýäňiz, ýöne olar bilen Reb we Onuň Sözi barada gürleşeniňizde, olaryň ýüregi hyjuwly ýanýar.

Bu adamlar barada Luka şeýle ýazýar: “Ýolda biziň bilen gepleşip

gelýärkä, bize Mukaddes Ýazgylary düşündirýärkä, içimizde ýüregimiz ýanmaýarmydy diýsene?” (Luka 24:32). Olaryň islegleri Ruhuň zatlarynda ornaşan. Olar şeýle diýýärler: “Men ýöne Hudaýy tanasym gelýär. Men Ony hoşnut edesim gelýär. Men Hudaýyň Sözüne aç we teşne. Men Onuň maňa guwanmagyny isleýän, sebäbi Ol meniň şatlygymyň gözbaşy”. Ine, olar üçin şu zatlar iň esasy bolup durýandyr. Olaryň birinji söýgüleri abraý, dereje ýa emläk däl-de, Isa Mesihdir.

Olar isle çölde bolsun, isle-de millionlarça adama wagyz etsin, parhy ýok, olaryň boluşlary üýtgemeýär.

> “Çünki biz Hudaýyň işdeşidiris; siz Hudaýyň ekini, Onuň ymaratysyňyz. Men Hudaýyň özüme beren merhemeti arkaly ussat binagär kimin ymaratyň binýadyny tutdum. Başga biri bolsa binany gurýar. Ýöne her kes öz gurýany babatda ünsli bolmalydyr” (1 Korintoslylar 3:9-10).

Biz durmuşymyzy nähili gurýandygymyza örän üns bermelidiris! Mukaddes Ýazgylarda öýüň gurluşygy durmuşymyzyň we şalyga edýän hyzmatymyzyň nyşanydyr. Biz Hudaýa degişli, sebäbi biz – Onuň binasy:

> “...Isa Hudaýyň Resuly we biziň ykrar edýän Baş Ruhanymyzdyr. Musanyň Hudaýyň öýünde sadyk hyzmatkär bolşy ýaly, Isa hem Özüni ruhanylyga bellän Hudaýa sadyk boldy. Öý guran adamyň öýe garanda has hormatly bolşy ýaly, Isa-da Musa garanda has beýik şöhrata mynasyp boldy. Her bir öý kimdir biri tarapyndan bina edilýändir, emma ähli zadyň binagäri Hudaýdyr” (Ýewreýler 3:1-4).

Öýi kimiň gurýandygyna üns beriň: bu Rebdir. Bu öý tenimiziň güýji bilen gurulmaýar. Hudaýyň bina edýän zatlarynyň ählisi müdimilik, biziňki bolsa müdimilik däl. “Eger öýi Reb bina etmese, ony bina edýänleriň azaby puçdur” (Zebur 126:1). Adamyň Hudaýsyz salan zady – durmuşy, öýi ýa-da hatda hyzmaty müdimilik bolmaz.

Gelip çykyş kitabynda biz munuň mysalyny görýäris: “Ýer ýüzüne

dagaman, özümizden bir at galdyrarymyz ýaly, geliň, bir gala we depesi göge ýetip duran minara guralyň” (11:4).

Babyl minarasyny guran bu adamlaryň niýeti nähilidi? Olar ony öz atlaryny şöhratlandyrmak üçin, egoistik arzuwlaryny amal etmekçi boldular. Olar Hudaý ýaly bolup, ýöne Ondan bütinleý garaşsyz bolaslary geldi. Olaryň bu hereketleri Hudaýyň erkini däl-de, öz arzuwlaryny we erklerini amal edýärdi. Hudaýsyz amal edilýän gurluşyk asla üstünlikli bolmaz, sebäbi niýetleriňiz her nähili asylly bolsa-da, olar Hudaýsyz boşdur. Hut şu sebäpdenem bize şeýle duýduryş berlen:

> “... Ýöne her kes öz gurýany babatda ünsli bolmalydyr... Bu binýadyň (bu Isa Mesihdir) üstünde bolsa kimiň altyndan, kümüşden, gymmatbaha daşlardan, agaçdan, çöp-çalamdan ýa-da samandan gurandygy soňra belli bolar. Bu Rebbiň gününde (Onuň geljek gününe kim çydap biler?) ot-alaw arkaly aýan bolar. Ot-alaw her kesiň eden işiniň nähilidigini synar” (1 Korintoslylar 3:10-13).

Altyn, kümüş we gymmatbaha daşlar Hudaýa laýyklykda edilýän gurluşygy aňladýar. Agaç, çöp-çalam we saman bu dünýäniň meýilnamasyna görä edilýän gurluşygyň tärlerini aňladýar. Bu aýatlar eýsem diňe asmanda boljak kazylygy beýan edýärmi? Ýok! Bu ýerde Onuň Öz ybadathanasyna gelýändigi barada ýazylgy (Malaky 3:16–4:1 we 1 Korintoslylar 3:16–17). Ol ot kimin gelip, ýa agajy, çöp-çalamy, samany ýok eder, ýa-da altyny we kümşi arassalar. Şonuň üçin-de, Ol sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Guran binasy otda köýse, ol ýitgi çeker. Ýöne altyn-kümşüň otda arassalanyşy ýaly saplanyp, halas bolar” (15-nji aýat).

Eger siz durmuşyňyzy, işiňizi ýa-da hyzmatyňyzy ýasama kerpiçden öz şahsyýetiňiziň güýji ýa-da dünýewi meýilnamalar we usullar arkaly gurýan bolsaňyz, eger siz adamlary manipulýasiýa bilen ýa-da gorkuzyp gözegçilik astynda saklap gurýan bolsaňyz, eger dereje gazanmak üçin ýallaklap, başgalara arkalanýan bolsaňyz, eger başgalary tankytlap ýa-da gybat arkaly başgalary weýran edip gurýan bolsaňyz, onda şeýdip guranlaryňyzyň bary ýanyp, ýitgi çekersiňiz.

Köp adamlar aýratyn derejäni gazanmak üçin mekirlik edýärler, hatda aldamakdan-da gaýtmaýarlar. Bu hem ýanyp kül bolar! “Goý, hiç kim öz-özüni aldamasyn. Eger kimdir biri özüni dünýä ölçegine laýyklykda dana saýýan bolsa, goý, ‘akmak’ bolsun. Şonda ol dogrudan-da dana bolar. Çünki bu dünýäniň danalygy Hudaýyň nazarynda akmaklykdyr. Mukaddes Ýazgylarda: ‘Hudaý akyllysyraýany öz hilesinde tutýar’ diýip ýazylgydyr” (1 Korintoslylar 3:18-19).

Durmuşyňyzda betnebislik niýetinden edilýän islendik hereketiňiz Hudaýyň nazarynda agaç, çöp-çalam we saman saýylýar. Bu hatda başgalara kömek edýän, Rebbiň hatyrasyna hereket edýän, wagtyňyzy sarp edýän ýaly bolup görünse-de, ählisi ýanar.

Bu dünýäniň paýhasynyň merkezinde şahsy “men” durýar. “Emma kalbyňyzda bahyllyk we men-menlik bar bolsa, onda danalyk bilen öwünmäň. Bu aňrybaş ýalançylyk bolar! Beýle ‘danalyk’ gökden inen däldir, ol dünýewi bolup, ruhy däldir, şeýtandandyr” (Ýakup 3:14-15). Bahyllyk basdaşlygy we müňkürligi döredýär. Öz derejämizi ýitirmejek bolup, biz ygtyýarlyk ugrunda göreşip başlarys we dostlarymyzy, göwnaçyklygymyzy ýitireris, iň esasy zat – Hudaý bilen gatnaşygymyzy bozarys. Hatda çopanlar we beýleki hyzmatçylar hem Hudaýyň ýüregine ýakyn bolandygy sebäpli öz wezipesi, derejesi we aýlygy barada aladalaryndan ugur alyp bilýär.

Hudaýyň ýüregini çyny bilen agtarýan adamlara bolsa Ony köpden-köp agtardygyçalar, Ol olardan has uzaklaşýan ýaly görünýär. Olar ruhdan düşüp: “Eý, Hudaý, men Seni gözledigimçe, ýokary däl-de, aşaga düşýärin” diýip nalaýarlar.

Emma Hudaý: “Çuňrak gaz!” diýip jogap berýär.

> “Meniň ýanyma gelýän, sözlerimi eşidip, olary berjaý edýän adamyň kime meňzeýändigini size beýan edeýin: ol öý salmak üçin ýeri çuň gazyp, onuň binýadyny gaýanyň üstünde tutan adama meňzeýär” (Luka 6:47-48).

Biz Dallasda ýaşaýarkak, gurluşykçylaryň asmana uzap gidýän

beýik jaýlary bina edişlerine syn etdim. Başda iş haýal gidýärdi, sebäbi birnäçe aýyň dowamynda ýeri gazyp, binýady taýynlaýardylar. Bina näçe uly bolsa, çukur şonça-da çuň we binýady şonça-da ýaýbaň bolýardy. Ýokardan seredeniňde, gurluşykçylar örän haýal, üýtgeşik bir netijesiz işleýän ýaly bolup görünýärdi. Ýöne birdenkä beýik jaý çalt gurlup başlaýardy. Bu jaý taýýarlaýyş tapgyry bilen deňeşdireniňde, bir günde salnan ýaly bolup görünýärdi.

Ýokary galyş hereketini *aşaga iniş taýýarlygy* bilen deňeşdirsek, birinjisi hiç zat bolup görünýärdi.

Men häzirki wagtda Mesihiň bedeninde köpler, aýratyn-da ýaş nesliň wekilleri aşaga iniş taýýarlygyny geçýärler diýip ynanýaryn. Men munuň üçin Hudaýa öwgüler aýdýaryn! Belki, olaryň hyzmat üçin höwesleri ýa-da Rebden başga bir arzuwlary bardyr, ýöne häzirki wagtda olar hyzmatda orny eýeleýärler. Ähli zat çalt bolaýanok, ýöne olar Hudaýyň ýolbaşçylygynda çölde ymykly taýýarlygy geçýändigine ynanýaryn. Olarda binýat, ýagny Isa Mesihiň häsiýeti bina edilýär. Bu häsiýet Isa Mesihe we Onuň şalygyna hyjuwly hyzmat etjekleriň baryny uzak ýyllar berkider.

Beýlekiler bolsa, çölde bolmadyklary, syýasat ýa-da özlerini öňe sürme arkaly okgunlylyk bilen ýokary hereket edýärler. Biziň çöl ýaşaýjylarymyza özleriniň durgunlyk ýagdaýyna düşen ýaly görünmegi ahmal, olar hatda aňsat we çalt ýoly saýlamak synagyna hem düşüp biler. Ýöne bu ýoluň olara häsiýet durnuklylygyny bermän, gaýtam eýýäm emele gelen hasiýeti howp astynda salýandygyny bilip, töwekgelligiň juda uludygyna düşünýärler. Hudaýa garaşmak bilen, olar Baş Binagäre Gaýada berk binýat salmagyna ygtyýar edýärler.

Häzirki wagtda Hudaýy ýhlas bilen agtarýan çopanlar bar. Emma ýene-de örän az zatlar, ýa-da bütinleý hiç zat bolmaýan ýaly görünýär. Olar gurak ýerde ýa wagtda ýerleşýärler. Olar beýlekileriň dünýewi markentingiň tärlerini ulanyp, özlerini we hyzmatlaryny üstünlikli öňe sürýändigini görýärler. Bu adamlar sosial torlarynda bagtyýarlygyň we üstünligiň illýuziýasyny döredýärler. Emma Hudaý çöldäkilere şeýle tärler arkaly bina etmegine ýol bermez, sebäbi Ol olara berk we uzak-

wagtlaýyn binýady taýynlaýar.

Hudaýyň kesgitli bir ýagdaýy ýa ýeri görkezmän, ýöne arzuw beren adamlarynyň topary hem bar. Bu adamlar arzuwynyň nähili hasyl boljakdygy barada soraýarlar, ýöne onuň hasyl bolmagy öňküden-de daşlaşýan ýaly bolup görünýär.

## Çölden nädip geçmeli

### #8 Nun ogly Ýeşuwa hemme zada dogry düşündi

Eger çöl biziň ýagşylygymyza niýetlenen bolsa, onda çölde ýagşylygy  nädip almaly we ýamanlykdan nädip gaça durmaly?

Nun ogly Ýeşuwa – çölde ýüregi dogry bolan adamyň oňat mysaly. Musa Sinaý dagyna galanda, Nun ogly Ýeşuwa dagyň eteginde galdy. Ol Hudaýyň huzuryna mümkin boldugyndan ýakyn bolasy geldi. Musa Hudaý bilen çadyrda duşuşanda, Nun ogly Ýeşuwa hem şol ýerdei. Hatda Musa Hudaý bilen gürleşip bolandan soň hem Nun ogly Ýeşuwa ýygnak Çadyrynda galdy (Müsürden çykyş 33:11).

Ýeşuwa kitabynda biz ysraýyllaryň birinji nesliniň dynyp bilmedik günäleriniň bäş toparynyň ikinji nesilde (Nun ogly Ýeşuwanyň neslinde) şeýle aňsatlyk bilen ýüze çykmandygyny görýäris. Bu diňe bir gezek – Akan atly adamyň ýagdýynda bolup geçdi. Emma ýolbaşçylar we halk näme bolandygyny bilmek üçin bada-bat Hudaýyň huzuryny agtardylar. Ikinji nesil hemme zada dogry düşündi, sebäbi olar öňki nesliň şowsuzlyklaryna syn edipdiler. Olar ene-atalarynyň Hudaýyň wadalaryna ýetmän, çölde ölendigini gördüler.

Nun ogly Ýeşuwa we onuň nesli ähli ünsüni Ýaradana gönükdirdiler we wada berlen ýurda girdiler. Olar Hudaýyň Sözüni berk tutdular we sustupeslige ýol bermediler. Olar zeýrenmegi ret etdiler we Hudaýa çalt ynanýardylar.

Şu gurakçylyk ýa-da çöl wagtynda Hudaý Özüne tabynlyk bilen garaşjaklary aldaw, hilegärlik ýa-da özüni öňe sürmek arkaly gurjaklardan bölüp aýyrýar. Hudaýdan hakyky öňegidişlik we çölden çykmaklyk Hudaýyň Öz ybadathanasyna gelerine garaşýan adamlaryna ýeter. Ol şeýle diýýär:

> “ ‘Öz bellän wagtym gelende, ýüz görmezlik bilen höküm
> çykararyn Men...Çünki ýeňiş ne gündogardan, ne günbatardan,
> ne-de çöldendir. Kazylyk edýän diňe Hudaýdyr, birini peseldip,
> birini beýgeldýän Oldur” (Zebur 74:3-8).

## Teniň biderekligi

Ten bilen Ruhuň göreşi baradaky hakykat diňe hyzmat ediş çäklerine däl, eýsem durmuşyň ähli çäklerine degişlidir. Ýatda saklaň: ten Hudaýyň wadalaryny asla dünýä indirip bilmeýär! Eger ten haýsydyr bir zady dünýä indirse, şol zat bilen kösenersiňiz, sebäbi ony hut ten goldamalydyr. Eger Ruh bir zady dünýä indirse, ony Hudaý üpjün eder.

Ten hereketleri adatça manipulýasiýa we gözegçilik gurşawyny döredýärler. Liderler netijeler gazanmak üçin ýa zor salýarlar, ýa-da adamyň duýgularyny öz bähbitlerine ulanýarlar. Eger siz şeýle liderlere eýerýän bolsaňyz, onda olaryň ýagdaýy kabul edişine görä, tizara olaryň üstünliklerine ýa-da şowsuzlyklaryna jogapkär bolarsyňyz. Şeýle gurşawda basyş, kanunçylyk, agalyk we manipulýasiýalar köp bolar.

Men esasan hem hyzmat barada aýdýan bolsam-da, munuň diňe hyzmat ediş çäklerine degişli *däldigini* nygtasym gelýär. Men teniň döreden *islendik çägi* barada aýdýaryn. Bu Hudaýyň Öz halkyny hyzmat etmäge çagyran çäklerindäki: tekeleçilikdäki, bilim, saglygy goraýyş ulgamyndaky, hökümetdäki, goşundaky, professional sportdaky we beýleki köp çäklerdäki çakylygymyza degişli bolup bilýär.

Tersine, Ruhdan doglan öz döremegine hiç gatnaşmandygyny bilýär, şonuň üçin-de, özüni goldap we öz güýji bilen özüni ösdürip bilmeýän-

digine aň ýetirýär. Öz döreden (guran) zadyna Hudaýyň hut Özi jogap berýär.

Yshak doglanda, Ysmaýylyň orny eýýäm kesgitlenendi (Gelip çykyş 16-21). Men öz tejribämden şuny ýüze çykardym: Ysmaýyl üçin mümkinçilik hemişe wada berlen Yshak dogulýança bolar. Hudaýyň size wada bereni dogulýança, öz güýjüňizi ulanmak islegine garşy durmaly. Şu aýady ýada salyň: "Bu gyrnagy ogly bilen bile çykaryp kow. Gyrnagyň ogly oglum Yshak bilen mirasymyzy paýlaşmaz!" (Gelip çykyş 21:10).

Rebbiň Öz halkyna: "Ysmaýylyň güýjüni özüňizden aýryp taşlaň, sebäbi wada boýunça doglan tenden doglan bilen mirasy paýlaşmaz. Hatda şol tärler netijeli bolsa-da, Hudaý Öz huzurynda hiç kimiň öwnüp bilmezi ýaly, "Olary özüňizden aýryp taşlaň!" diýer.

Hudaýyň kazylyk güni aýan bolanda, durmuşyňyzda öz ukyplaryňyz arkaly guran çäkleriň ýeke biri-de arassalaýjy oda çydamaz. Eger siziň ähli tagallaňyz özüňizi goramaga we özüňize öňe itermäge gönükdirilen bolsa, bularyň bary ýanyp köýer. Ýöne siz welin "otda saplanan ýaly" halas bolarsyňyz (1 Korintoslylar 3:15).

Diňe wada görä alnan, Hudaýyň Ruhy we merhemet arkaly döräp, doglan zat galar.

9

# GÜÝÇ TÜRGENLEŞIGI

*“Reb Öz saýlama esgerlerini jebir-jepalar beýikliginden alýar”.*

**– Çarlz H. Sperjen**

*“Şunlukda, çaga ösýärdi we ruhy taýdan güýçlenýärdi. Ol ysraýyl halkyna görünmeli günlerine çenli çölde ýaşady”.*

**– Luka 1:80**

Mundan köp ýyl ozal men kynçylyklara duş boldum. Şonda bu kynçylyklar bize, ýagny Isa Mesihe eýerijilere kuwwatlanmak we imanymyzy berkitmek üçin taýýarlyk wagtynyň gerekdigini görkezdiler. Isle ynanyň, isle-de ýok, bu synaglar gurak çölde däl-de, sport zallarynda we saglygy dikeldiş merkezlerde bolup geçipdi.

Men otuz bäş ýaşymdakam, Jorjiýa ştatynyň Atlanta şäherinde ýygnaklaryň birinde janygyp wagyz edenimden soň, münberiň üstünde tas çaşypdym. Men fiziki taýdan taýýarlygymyň pesdigine düşündim. Şeýle-de men, eger hyzmatymy sadyklyk bilen dowam etmekçi bolsam, bedenimi berkitmelidigime göz ýetirdim.

Men Jorjiýadan gelip, Liza bolan zatlary gürrüň berdim. Soňra bolsa şuny mälim etdim:

- Men türgenleşik zalyna gatnamakçy.

Onuň jogaby meni haýran galdyrdy. Ol:

- Hudaýa şükür! Men seniň türgenleşik zalyna gatnamagyň üçin dileg edýärdim!

Ýanýoldaşy barada nähili dileg etmelidigini bilýän aýalyň bolmagy nähili ajaýyp.

Biz şol döwürde Floridada ýaşaýardyk. Bizden iki jaý aňyrda Bütindünýä Erkin Göreş Federasiýasynyň pälwany ýaşaýardy. Onuň ady Kipdi. Biziň çagalarymyz ýaşytdaşrak bolany üçin, maşgalalarymyz dostlaşypdy. Ol birnäçe gezek meni trenažýor zalyna çagyryp, meni türgenleşdirmegi

teklip edipdi, ýöne men elmydama: “Ýok, işim gaty köp. Wagtym ýok” diýýärdim. Men işlidim, ýöne men biraz gorkmanan duramokdym; hünärmen sportçy bilen kimiň türgenleşesi geler öýdýäňiz?

Kip örän daýaw adamdy: onuň boýy 190 santimetr, agramy 108 kilogram, şolaryň-da diňe 6%-mi ýagdy. Onuň göwresi “V”-şekillidi, garnynda bolsa türgen myşsalaryň dört jübüti bardy. Kip, çagalarymyz we men köplenç köçe basketbolyny ýa-da hokkeý oýnaýardyk. Men onuň bilen çaknyşamda, ol ýerindenem butnamaýardy, men bolsa birki metr aňry zyňlyp düşýärdim!

Atlanta şol gezek gidip gelenimden soň, men onuň ýanyna baryp:

- Kip, maňa türgenleşmek gerek. Sen maňa kömek edip bilýändigiňi aýdypdyň. Sen heniz-de meni alyp bilýäňmi – diýip soradym.

Ol şobada:

- Elbetde alaryn, - diýip jogap berdi.

Men onuň ýowuz ýylgyryşyna ünslüräk bolmaly ekenim. Men özüme garaşýan zatlar ýatsam-tursam kelläme geljek zatlar däl eken!

Ertesi gün ikimiz trenažýor zalyna gitdik. Men şol ýerde diňe çynlakaý sportsmenleriň türgenleşýändigine derrew düşündim. Atmosfera testosterondan doludy, zalda deriň ysyndan ýaňa durar ýaly däldi. Trenažýor zalynda birinji günüm öwrenen sapaklarymyň biri şeýledi: ştanga ýeňil agramy salyp, ony ýigrimi ýa otuz gezek galdyranyň bilen myşsalary ösdürip bolmaýar. Muňa derek, ştanga bary-ýogy üç ýa dört gezek göterip biljek uly agramy salmaly.

Myşsalaryňyz bilen bolan oňat zatlaryň ählisi üçünji ýa dördünji gaýtalamadan soň başlanýar. Şol pursatda içiňizdaki ähli zat: “Men muny gaýdyp galdyryp bilemok!” diýip aýdýar. Ýöne oglanlar siziň oturgyjyňyzyň ýanyna üýşüp: “Bol, bol, itekle, galdyr!” diýip gygyrşanlarynda, içiňizde bir zat sizi soňuna çenli gitmäge we bu agramy dördünji ýa bäşinji gezek galdyrmaga mejbur edýär. Örän çylşyrymly prosesiň sadaja düşündirmesi ýaly, myşsalar hut şeýle ösýär.

Aýtmaga-da utanýaryn, ýöne türgenleşigimiziň birinji gününde men ýatan ýerimden bary-ýogy 40 kile galdyryp bildim. Men Kipiň şol

wagt goňşusynyň uzak ýol geçmeli boljakdygyny bilýärdi diýip ynanýan. Trenažýor zalynda birki hepde türgenleşenimden soň men 45 kilogram galdyryp bildim. Ýene birnäçe hepdeden men 55 kilogram galdyrdym. 60 kilograma ýetemden soň, ştanganyň her tarapynda 30 kilogramlyk standart iki diski goýup bilengime şeýle buýsanýardym. Men indi ştangany galdyrmaga utanmaýardym.

Men öz wakamy şu bapda dowam ederin, ýöne meniň fiziki güýjüni kem-kemden edinişim Rebbiň bizi çöldäki Öz "trenažýor zalyna" alyp, ruhy muskullary edinmäge kömek berşine mysal edip bolýar.

Biziň ruhumyz hut çölde kuwwatlanýar, sebäbi bu diňe: "Hudaý, Sen nirede?" diýip gygyrýan gurakçylyk ýerimiz däl-de, uly synaglar we kynçylyklar ýeridir. Oňat habar bolsa şundan ybarat: çöl agyr we kyn ýer bolsa-da, ruhy güýç türgenleşigimiziň dowamynda bizi agyr zatlary götermäge kimiň ruhlandyrýandygyny ýatda saklamaly.

"Hudaý bizlik bolsa, kim bize garşy çykyp biler?" (Rimliler 8:31).

Ol bizlik bolup, bizi ruhlandyrýandygyndan başga-da, Ol bize berk wada berýär:

"Hudaý sadykdyr! Ol siziň güýjüňiziň çatmajak synagyny bermez"
(1 Korintoslylar 10:13).

Şonuň üçin-de, nähili synaglara duş bolýandygyňyza, nähili ýowuz we gurak ýerlerden geçýändigiňize garamazdan, Hudaý bize hötdesinden gelip bilmejek synaglary bermejekdigini söz berýär. Eger pikir edip görsek, bu diýseň täsin zat.

Siz synaglara düşeniňizde, özüňiziň kimdigiňizi unutmaň. Isa Mesih size Hudaýyň söýgüli perzendi hökmünde şeýle diýýär: "Men size ...duşmanyň ähli güýjüni depelemäge ygtyýar berdim, hiç zat size zeper ýetirmez" (Luka 10:19). Şunlukda, biz duşmanyň bize her näme zyňsa-da, onuň hötdesinden gelip biljekdigimizi bilýäris. Ýogsa Hudaý

munuň bolmagyna asla ýol bermezdi!

Emma şu ýerde ýene bir mesele gizlenip ýatyp. Köp adamlar has uly kynçylyklaryň hötdesinden gelme ukyplarynda ösmeýärler. Olar, umuman, trenažýor zaldan gaça durýarlar we şol ýere düşen badyna zeýrenip başlaýarlar. Ýöne muňa garamazdan, Pawlus bütinleý başga garaýşy beýan edýär. Ol şeýle ýazýar:

> “Çünki size diňe Isa Mesihe iman etmek däl, eýsem Onuň hatyrasyna jebir-jepa çekmek hem berlendir (peşgeş edilendir)” (Filipililer 1:29).

Jebir-jepalaryň bize berlendigi ýa-da peşgeş edilendigi barada okanyňyzda bu size geň görnenokmy? Bu aslynda nämäni aňladýar? Eger kimdir biri maňa: “Saňa haýsydyr bir zat peşgeş edildi” diýip aýdan bolsa, ýalkanyşlara garaşardym. Men: “Hmm, men näme alarkam?” diýip umyt bilen pikir ederdim.

“Peşgeş etmek” we “jebir-jepa çekmek” ikisini bir sözlemde nädip utgaşdyryp bolýarka? Bu kimdir birine: “Siziň doglan günüňize diş lukmanyna baryp, dişiňiziň kök kanalyndaky ýumşak etini aýyrmak peşgeş edildi” diýip aýdylan ýalydyr. “Siz çynyňyz bilenmi? Sag boluň, ýöne men ony islämok”. Bu akyla sygjak zat däl bolup görünýär, sebäbi Birleşen Ştatlar ýaly döwrebap ýurtda ýaşamak bilen, biz amatly we ýeňil durmuşa öwrenişipdiris. Şonuň üçin-de, jebir-jepalaryň bize peşgeş berlendigi baradaky pikir bizi bulaşdyryp bilýär. Köp adamlar kynçylyklara duçar bolanlarynda şeýle diýýärler:

“Munuň meniň başymdan inenine ynanyp bilemok”.

“Näme üçin men?”

“Men näme üçin bu zatlardan geçmeli?”

“Muňa çydap bilemok!”

“Meniň nämelerden geçýändigime hiç kim düşünenok”

“Men näme üçin adaty durmuşda ýaşap bilemok?”

“Eý, Hudaýym, ýalbarýaryn, muny menden aýyr!”

“Söweşme nämä gerek? Derrew ýeň bereniň aňsat....”

Biziň ählimiz kynçylyklara duçar bolanymyzda wagtal-wagtal şeýle pikir edendigimizi ýa-da garaýyşlary bildirendigimizi men ynam bilen aýdyp bilýärin. Gynansak-da, biz köplenç synaglaryň we jebir-jepalaryň (çölüň) maksadyna düşünmeýäris.

Emma, hemişe bolşy ýaly, Hudaý Onuň şalygy üçin has netijeli bolup bilerimiz ýaly, bize nämäniň we näçe gujur-gaýratyň gerekdigini bilýär. Iman myşsalarymyzy ösdürmek üçin, “strategiki jebirleriň” beriljekdigi ýa-da peşgeş ediljekdigi babatdaky Hudaýyň wadasy barada Pawlusyň habar bermeginiň sebäbi hem hut şudur.

## Pis höwesleriň roly

Ozal belläp geçişim ýaly, çöldäki güýç türgenleşiklerimiziň maksatlarynyň biri – pis höwesleri saýgarmak we olara garşy durmak ukubymyzy ösdürmek. Isa Mesih muny Öz hyzmatynyň başynda görüpdi. Şonda Atasy iblise Ony çölde synamaga ygtyýar etdi: “Isa Mukaddes Ruhdan dolup, Iordan derýasyndan yzyna dolandy. Mukaddes Ruh Ony çöle alyp gitdi. Isa ol ýerde kyrk günläp iblis tarapyndan synaga salyndy. Şol günleriň dowamynda Ol hiç zat iýmedi, kyrk günden soň bolsa ajykdy” (Luka 4:1-2).

Men “ygtyýar etdi” sözüni ýörite ulandym, sebäbi Hudaý synaglaryň awtory däldir: “Pis höwesi bolan adam: ‘Meni Hudaý höweslendirýär’ diýmesin, sebäbi Hudaýda hiç hili pislik höwesi ýokdur, Ol hiç kimi pislik etmäge höweslendirýän däldir” (Ýakup 1:13).

Synaga düşenimizde näme bolup geçýär? Biz iblisiň maksadynyň özümizi günä itekläp, Hudaýa göwünjeň tabyn bolmakdan we Onuň bilen gatnaşykdan uzaklaşdyrmakdygyny bilýäris. Eger iblis bizi şu maksat bilen synaýan bolsa, onda Hudaý bu synaglara duçar bolmagymyzy ygtyýar edende haýsy maksada eýerýärkä? Resul Petrus muňa şeýle jogap berýär: “Şunlukda, Mesihiň dünýäde ejir çekişi ýaly, siz hem şeýle pikirler bilen ýaraglanyp, muňa taýýar boluň. Sebäbi Mesih üçin ejir çek-

mäge taýyn bolsaňyz, günä etmekden ýüz öwrensiňiz” (1 Petrus 4:1).

Başga sözler bilen aýdylanda, pis höwesler arkaly synalmagyň we günäden ýa-da çölde duşýan başga kynçylyklarymyzdan üstün gelmegiň maksady bar – ruhy muskulaturamyzy ösdürip, has kämil bolmaga ýardam bermek. Ýokardaky aýatda açary söz – “ýaraglanyp”.

Söweşe ýaragsyz girişýän harby bölümi göz öňüne getirip bilýäňizmi? Harby dikuçarsyz, tanksyz, tüpeňsiz we harby ätiýaçlyksyz – bütinleý ýaragsyz? Bu betbagtlyk bolardy. Isa Mesihe eýerýän hem jebir çekmek we synagdan geçmek üçin ýaragsyz çykanda, hut şeýle betbagtlyga duçar bolýar.

Kommersiýa howaýollarynyň pilotlary her tüýsli ýagdaýlara taýyn adamlaryň oňat mysalydyr. Olaryň howaýollary her alty aýdan olary wagtal-wagtal geçilmeli okuwa iberýär. Bu pilotlar stimulýatorlara münüp, iň çylşyrymly ýagdaýlardan ökdelik bilen baş alyp çykmagy öwrenýärler. Munuň maksady – her bir pilotyň adatdan daşary ýagdaýlaryň hötdesinden gelmekdäki ukybyny berkitmek. Kada bolşy ýaly, uçardaky adatdan daşary ýagdaýda ýolagçylar (olaryň muňa *taýyn däldigi* gürrüňsiz) diňe seslenýärler, pilot bolsa hereket edýär. Näme üçin? Sebäbi pilot *taýýarlanandy we ýaraglanandy*.

Tabyn mesihiler bilen çöl, ine, şeýle edýär. Ol biziň ýolumyzda kynçylyklary goýýar; olaryň maksady – bizi öňümizdäki ýeňişlere ýaraglandyrmak. Biz çölde kynçylyklarymyzyň boljakdygyna düşünmeli. Isa Mesih bu dünýäde kynçylyklara we görgülere duçar boljakdygymyzy, ýöne Onuň olaryň hötdesinden gelmäge kömek etjekdigini aýtdy. Biz olardan geçenimizde has güýçleneris.

## Beýik mümkinçilik

Biz çöle öz ruhy myşsalarymyzy berkidip, durmuşymyzyň indiki tapgyrynda Rebbiň berjek bolýan zady üçin has kuwwatlandyrýan beýik mümkinçilik hökmünde garamaly. Resul Ýakup şeýle diýýär:

## Çölden nädip geçmeli

### #9 Ysmaýyly dogurmaň

Biz çöldedigimize düşünip, onda juda köp eglenýäris diýip pikir edenimizde, bizde öz arzuwymyzy hasyl etmek üçin “haýsydyr bir zatlary etmek” höwesi döreýär. Men muny Ysmaýylyň dogluşy diýip atlandyrýaryn; şeýle ýagdaý Hudaýyň wada berenlerini öz güýjümiz bilen amala aşyrmaga synanyşanymyzda bolup geçýär. Ysmaýyllar köplenç haýsydyr bir esaslandyrylan mätäçligiň jogaby hökmünde dogulýar, ýöne olar ten boýunça dogulýandyr.

Elbetde, bu pikir öz göşbaşyny Ybraýym bilen Saranyň wakasyndan alyp gaýdýar. Hudaý olara bir ogul berjekdigini wada beripdi. Olar on bir ýyl garaşdylar; Ybraýym eýýäm 86 ýaşyndady, Sara bolsa çaga dogardan juda garrydy. Şonuň üçin-de, olar “B meýilnama” geçýärler – Sara Ybraýyma Hajar atly gyrnagymy alyp, wada berlen çagany ol arkaly dogmagy teklip edýär. Bu örän erbet pikirdi. Ysmaýyl babatdaky meýilnamalar-da, olaryň her

“Eý, doganlar, her hili synaglara duçar bolanyňyzda, muny uly şatlyk üçin mümkinçilik hasap ediň” (Ýakup 1:2, NLT).

Hemmämiz mümkinçiligiň nämedigine düşünäýris, sebäbi biz, amerikanlar, telekeçileri halaýarys. Mysal üçin, biznesdäki mümkinçilik ösmäge, üstünlik gazanmaga we bolelinlige ýol açýar. Ol gözýetimlerimizi ýaýbaňlandyrmaga ýol açýar. Biz hem kynçylyklara hut şeýle garamalydyrys, sebäbi Ýakup sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Sebäbi imanyňyz synalanda, çydamlylygyňyzyň artmak mümkinçiligi ulalýar. Şunlukda, goý, ol ulalsyn, sebäbi çydamlylygyňyz doly ösende, siz hiç zada mätäç bolmazdan, kämil we kemsiz-kössüz bolarsyňyz” (Ýakup 1:3-4, NLT).

Çölde öz çydamlylygymyzy artdyrmak mümkinçiligi döreýär. Biz

näçe gowy bolup görünýändigine garamazdan, örän erbet pikirdir. Şuny ýatda saklaň: eger siz haýsydyr bir zady ten güýjüňiz arkaly dünýä indiren bolsaňyz, siz ony ten güýjüňiz bilen hem goldamaly bolarsyňyz!

Çölde bolanymda men birnäçe gezek “B meýilnamany” ulanyp gördüm. Men Hudaýyň maňa günleriň birinde bütindünýä wagyzçylyk hyzmatymyň boljakdygyny wada berendigini bilýärdim. Ýöne bu amala aşmaýardy we men özümi ýerli ýygnagyň hyzmatynda “batyp galan” ýaly duýýardym. Şonuň üçin-de, men birnäçe gezek sypyp, çölden gaçyp gitmekçi bolýardym. Men bu synanyşyklarymy üçin gymmat bahany töledim, ýöne olar barybir hiç netije bermedi. Men ýeň beren badyma, Hudaýyň Özi hereket edip başlady we ähli zady özgertdi.

Meniň size berjek maslahatym, ine, şeýledir: özüňizi hysyrdyly ejirlerden halas ediň – Ysmaýyly dogurmaň. Hudaýyň size wada berenlerini Onuň berjaý etmegine ýol beriň.

“çydamlylyk” sözüni şu gün haýsy manyda has köp ulanýarys? Köplenç çydamlylygy türgenleşdirme, ýagny ony artdyrmak üçin sapaklaryň toplumy manysynda ulanýarys. Sada sözler bilen aýdylanda, çydamlylygy türgenleşdirsek, gelejekdäki kynçylyklarymyzyň hötdesinden gelmäge has ukyply bolarys.

Munuň manysy şeýle: duçar bolýan islendik synaglarymyzda Hudaý belli bir maksat bilen kynçylyklara ýol berýär, bu maksat – biziň *ukybymyzy* ösdürmek. Hudaý ertirki gün duş boljak basyşymyzyň derejesini imitirlejek (uçuşyň stimulýatoryň mysalyny ýatlaň) şü günki kynçylyga ýol berýär, men şuny nygtaýaryn – ýol berýär. Hut şu sebäpdenem synag hemişe biziň şindiki taýýarlyk we jogapkärçilik derejämizden uly bolup görünýär. Şunlukda, asyl manysy şudur: Hudaý şindiki kynçylyklarymyzy

gelejekdäki uly ýeňişlerimiz üçin ulanýar.

Indi bolsa meniň türgenleşiklerime dolanalyň. Ozal aýdyşym ýaly, Kip meni ýatan ýerimden 60 kilogram göterer ýaly edip türgenleşdirdi. Bu meniň üçin uly sepgit bolsa-da, mundan köp edip bilerinmi ýa ýok diýip pikir edýärdim. Eger meniň güýç türgenleşiklerimi ruhy taýýarlygym bilen deňeşdirsem, onda Rebbiň maňa niýetlän işi 60 kilogramy göterenden has köp güýji talap etse näme?

Şunlukda, men trenažýor zalyna gatnamagy dowam etdim. Men ahyrda 90 kilogramy göterdim, ýöne şu sepgitde birki ýyl saklanyp galdym. Men Kaliforniýada konferensiýalaryň birinde wagyz etdim, şonda birnäçe hyzmatçylar menden şuny soradylar:

- Jon, sen 100 kilogramy asla galdyryp göreňokmy?

- Ýok, ýöne men muny eýýäm bäş ýyl bäri synanyşýan – diýip, sustupeslik bilen jogap berdim.

Olar:

- Biz saňa muny böwsüp gemäge kömek ederis, - diýdiler.

Men şol gün sportzalda dogrudan-da ýatan ýerimden 100 kilogram galdyrdym. Bu meni örän ruhlandyrdy!

Şondan soň biziň “Messenjer Interneşenel” hyzmatymyza täze işgär goşuldy. Men onuň agyr atletika bilen meşgullanýandygyny bildim we bile türgenleşip başladyk. Men onuň kömegi bilen 105 kg, bir gezek hatda 110 kg galdyryp bildim. Ýöne men mundan köp agramy hem galdyryp başararmydym?

Bir ýyldan men Detroýt şäheriniň bir ýygnagynda wagyz etdim. Ýekşenbe günündäki wagyzlarymdan soň çopan maňa şeýle diýdi:

- Jon, meniň tälimçim – bütin Amerika boýunça belli fitnes-instruktor, ol biziň ýygnagymyza gatnaýar. Ertir irden meniň türgenleşigim bar. Meniň bilen gitjekmi?

Men uly höwes bilen:

- Elbetde, - diýip jogap berdim.

Ertesi gün biz şol ýere ugradyk. Bu tälimçi maňa baha berip, şuny sorady:

- Hmm, seniň iň köp galdyranyň 110 kiledimi?

- Hawa, ýöne bu diňe bir gezek bolupdy.

- Sen bu gün has köp galdyrarsyň.

- *"Näme?!"* Men: "*Sen akyldan azaşan! Bu mümkin zat däl!"* diýmesem-de, şeýle pikir etdim. Emma biraz türgenleşenimizden soň onuň maslahatlary bilen men 120 kg galdyrdym.

Bu meni örän ruhlandyrdy. Men we hyzmatymyzyň işgäri (ol agyr atletika bilen meşgullanýardy) Kolorada dolandyk. Şol tälimçi bizi her hepde elektron poçtasy arkaly bizi türgenleşdirdi. Biz yhlas bilen türgenleşýärdik we indiki ýyl Detroýtdaky şol ýygnaga bardyk. Men şol wagt 42 ýaşymdadym.

Şol ýekşenbe güni men Mukaddes Ruhuň ajaýyp häsiýetleri barada wagyz edýärdim. Duşenbe güni biz bile trenažýor zalyna ugradyk. Şonda tälimçi maňa:

- Jon, geçen agşam men düýşümde seniň 140 kileden köp götereniňi gördüm – diýdi.

- Bolup biljek zat däl! – diýip jogap berdim. Emma: "Berekella, ýöne men beýle düýşi göremok!" diýip pikir etdim.

- Jon, sen düýn Mukaddes Ruhuň güýji barada wagyz etdiň. Maňa geçen agşamky düýşi Ol berdi! Oturgyja ýat hany! Biz muny ederis!

Ine, el-aýagymyzy ýazanymyzdan soň, agram ştanga ýüklendi we men gatydan gygyryp, 150 kg galdyrdym!

Men örän ruhlanyp, Detroýtuň howamenzilinden Liza jaň edip: "Maňa öýe gaýdar ýaly uçar gerek däl, men häzir şeýle belentlikde!" diýdim.

150 kg galdyran döwrümde men 100 kile agramym bilen arkaýyn türgenleşýärdim. Men hatda bir gezekde on gezege çenli galdyran wagtlarym-da bolupdy. Ýöne ýedi ýyl mundan ozal nämeden başlanymy ýada salyň. Eger 35 ýaşymdakam Kip ştangama 40 kg derek 100 kg salan bolsa, näme bolardy? Bu ştanga meni öldürip bilerdi! Ol meniň üstüme gaçyp öz agramy bilen meni mynjyradyp bilerdi! Men şindiki katdymy edinmek üçin köp ýyllap yzygiderli türgenleşmeli boldy. Şindi adaty hasap edilýän

agram ýedi ýyl mundan ozal meni öldürip bilýärdi!

Şonuň üçin-de, durmuşymyzda köplenç uzak wagt saklanyp galýan synaglarymyz aslynda ruhy güýjüň türgenleşmesi bolup durýandyr. Bu türgenleşikler bize gelejekdäki has uly synaglara taýýarlanmaga kömek edýär. Biz Rebde güýçlenenimizde, Onuň şalygy üçin has uly işleri etmäge ukyply bolýarys.

Gynansak-da, Isa Mesihiň kazylygynyň öňünde durup, Onuň gözüne ýaş aýlap, şeýle diýjek adamlary bolar: “Men seniň üçin has köp zatlary niýetläpdim, ýöne seniň bular bilen geljek kynçylyklaryň hötdesinden gelmäge ukybyň ýokdy”. Bu örän gynandyryjy ýagdaý, sebäbi biz Hudaýyň özümize göterip biljek ýükümizden artyk ýük urmaýandygyny bilýäris. Ol bize muny wada beripdi!

Şoňa görä-de, geliň, meniň türgenleşiklerimi mysal hökmünde ulanalyň. Eger siz ruhy garşylykda 60 kg göterip bilýän bolsaňyz, Hudaýyň bolsa siz babatda garşy durmaklygyň, yzarlanmalaryň, pis höwleriň we kynçylyklaryň 80 kilogramyny talap edýän meýilnamasy ýa-da hyzmaty bar bolsa, Ol munuň bolmagyna ýol bermez, sebäbi siz ýeterlik derejede güýçli däl. Muňa derek, Ol siziň öwrenme prosesini başlamagyňyza ýol berer. Belki, Ol sizi barlamagy dowam etjek, ýöne maýyrmajak kynçylyklaryň 65 kilogramyna ýol berer (ýöne döretmez).

Mysal üçin,  kimdir biri gybatyňyzy edip, siz barada ýalan gürrüňleri ýaýradýan bolmagy ahmal. Bu hüjüme garşy durup, özüňizi goramaga we onuň gybatyny etmäge derek, siz Hudaýyň Sözüne tabyn bolup, hiç zat diýmezligi we şol adamlary ýalkamagy saýlap alarsyňyz. Berekella – siz 65 kilogramlyk synagy galdyrdyňyz! Siz indiki sepgide – 70 kilogramlyk sepgide ýetmeli! Eger siz kynçylyklaryňa garamazdan Hudaýa tabyn bolmagy dowam etseňiz, siziň türgenleşigiňiz tä 80 kg göterip bilýänçäňiz dowam eder. Indi siz Hudaýyň şalygynda Onuň siziň durmuşyňyz üçin niýetlän has ýokary meýilnamasyna ýa-da derejesine taýynsyňyz.

Ýöne siz edilýän gybatlar barada bilip, bu adama jogap berseňiz, onda, eýýäm çaklaýşyňyz ýaly, Reb gözüne ýaş aýlap: “Men gynanýaryn, ýöne sen ruhy garşy durmaklygyň 60 kilesine gaýdyp barmaly” diýer. Siz

heniz-de “trenažýor zalynda” bolup, munuň haýryny görýän dälsiňiz.

Türgenleşik dowam edýär, ýöne şol öňki derejede. Indikisi, Ol siziň durmuşyňyzda maliýe kynçylyklaryna ýol berýär – 65 kilogramlyk ýene bir synag. Ýöne siz Hudaýyň üpjünçiligini gözlemäge derek, bada-bat: “Aý, bu mesele däl! Biziň kredit kartamyz heniz gutaranok!” diýýäňiz. Onsoň Hudaý bu goşmaça agramy aýryp: “60 kg agrama gaýdyp bar” diýýär.

Ýöne Hudaýyň şalygyndaky 80 kg agramdaky garşy durmaklygy talap edýän kesgitli mesele ýa-da dereje üçin siziň Oňa gerek bolan wagtyňyz ýetip geler. Eger siziň çöldäki synaglaryňyz – güýç türgenleşikleriňiz hemişe şowsuz bolan bolsa, Ol sizi bu çagyryşa girizip bilmez, sebäbi bu meseläniň hötdesinden gelip biljek ruhy myşsalaryňyz ýok. Şeýle ýagdaýda Ol bu meseläniň hötdesinden geljek ýa-da bu orny aljak başga birini gözlemäge mejbur bolar.

## Has uly ygtyýarlyk we güýç

Çöl, ine, şunuň üçin wajypdyr: *ol güýjümizi köpeldýär*.

Ýahýa Çokundyryjy hut çölde ruhy taýdan taplandy.

Isa Mesih hut çölde ruhda güýçlendi.

Olaryň ruhy myşsalary aňsat döwürde däl-de, imanlarynyň synalan wagtynda, kynçylyklar wagtynda kämilleşdi.

Ýakup bize oňat habary aýdýar: kynçylyklaryňyzdan geçeniňizde, özem muny Hudaýy hoşnut etmek üçin edeniňizde, siz doly taýýar bolarsyňyz – Hudaýyň siz üçin taýýarlanlaryny amal etmäge güýjüňiz bolar:

> “Sebäbi imanyňyz synalanda, çydamlylygyňyzyň artmak mümkinçiligi ulalýar. Şunlukda, goý, ol ulalsyn, sebäbi çydamlylygyňyz doly ösende, siz hiç zada mätäç bolmazdan, kämil we kemsiz-kössüz bolarsyňyz” (Ýakup 1:3-4, NLT).

Ýakup: “Goý, ol ulalsyn” diýende, siziň ukybyňyzy we çydamlylygyňyzy göz öňüne tutýar. Ýakup şeýle-de çölde dogry hereket eden

ýagdaýymyzda nämä tamakin bolup bilýändigimizi aýdýar:

> “Hudaý synaglary we kynçylyklary çydamlylyk bilen geçýän adamlary ýalkaýar. Şondan soň olar ýaşaýyş täjini alar. Hudaý bu ýaşaýyş täjini Ony söýenlere wada berdi” (Ýakup 1:12, NLT).

“Täç” (ýa-da “jyga”) sözi ygtyýarlygyň nyşanydyr; ygtyýarlyk bilen bolsa güýç hem gelýär. Isa Mesihiň iblis tarapdan synalmak üçin çöle gidip, Öz tabynlygy we erjelligi sebäpli ondan uly ygtyýar we güýç bilen çykyşy ýaly, biz hem çöl möwsüminden has uly ygtyýar we güýç bilen çykyp bileris.

Siz-ä bilemok, ýöne men-ä Hudaýyň özüm üçin taýýarlanlary üçin ruhy güýjümiň bardygy babatda ynamly bolasym gelýär.

Türgenleşmek isleýän barmy?

10

# ÇÖLDÄKI SUW

*“Ýagdaýlar bize garşy bolup görnen wagtynda Hudaýa ynanyp bilmeýän bolsak, onda Oňa bütinleý ynanýan däldiris”*

**– Çarlz H. Sperjen**

*“Bu suwdan içen ýene suwsar. Emma Meniň berjek suwumdan içen asla suwsamaz. Tersine, Meniň berjek suwum onuň içinde baky ýaşaýyş çeşmesine öwrüler”.*

**– Ýohanna 4:13-14**



Çölde ýagyş az ýagýar. Ol ýerde suw tapmak aňsat däl, ony tapaýsaň-da, ony guýulardan we çeşmelerden almaly bolýar. Çöl – bu gurak we suwsuz ýer (Zebur 62:2). Şonuň üçin-de, Isa Mesih bizi şeýle sözler bilen çagyrýar:

> “’Suwsaýanlar Meniň ýanyma gelip, teşneligini gandyrsynlar. Kim Maňa iman etse, Mukaddes Ýazgylarda aýdylyşy ýaly, onuň içinden ýaşaýyş suwunyň bulaklary akar’. Ol muny Özüne iman edenleriň aljak Mukaddes Ruhy barada aýdýardy” (Ýohanna 7:37-39).

Men çöl möwsümlerimde dileg etmäge dyrjaşan, ýöne dirilik suwuny almagyň kyn bolan ýagdaýlarynyň birnäçesi ýadyma düşýär. Günleriň birinde men şeýle ýagdaýdakam we Rebbi agtarýarkam, öz çadyrymy alyp, döwlet seýilgähine ugradym; men şol ýerde ýatyp, ertire çenli galmakçydym. Şol gije men dileg etdim, soňra Hudaýyň Sözüni okadym, soňra bolsa öwgi aýdymlaryny aýdyp başladym. Bu takmynan üç sagat dowam etdi, ýöne hiç zat bolmaýan ýaly görünýärdi. Men terlik duýgusyny duýman, bütinleý guraklygy duýýardym. Men lapykeç bolup, öz ýatýan haltama sümlüp girdim-de, uklamaga synanyşdym.

Şol gije jynlar toý toýlaýan ýaly boldy; men ýatyp bilmedim. Men eýläme-beýläme öwrülip, öz-özümden Hudaýyň maňa näme üçin jogap bermeýändigini soraýardym. Ertesi irden çadyrymdan çykdym-da, ruhda dileg edip, seýilgähiň ýodajyklarynda gezmeläp başladym, ýöne ýene-de

şol gurakçylygy duýdum. Bu ýene sagat ýarym dowam etdi. Men ahyrda gözlerimi galdyryp: “Ýa Reb, men çöle düşdüm öýdýän” diýdim. Men: “Gowusy öýe gaýdyp, Ony agtarmagymy bes edeýin; Ol meni bu gurakçylyk ýerine ýerleşdirdi we Ol meni bu ýerden çykarýança, hiç zat üýtgemez” diýip pikir etdim.

Bu ýalňyş pikirdi! Hudaý biziň şertlerimizi özbaşdak üýtgedýänçä bizi lapykeçlige eltmek ýa-da ýeň berdirmek üçin çölden geçirmeýär! Çöl ýeňlişler ýeri bolmaga däl-de, ýeňişler ýeri bolmaga niýetlenen! Birdenkä men içimde: “*Göreş*!” diýip çalaja seslenýän sesi eşitdim. Şu kiçijek söz şeýle mätäç bolan odumyň we durmuşymyň uçgunydy. Men bada-bat: “Hudaýyň peşgeşi, içimde tutaş! Dirilik suwlaryň derýalary, möwç bilen akyň! Ýüregimiň guýusy, dol!” diýdim.

Çölde ysraýyllar bilen bolan bir waka ýadyma düşdi:

> “Ysraýyllar ol ýerden Beýere, Rebbiň Musa: ‘Halky bir ýere ýygna, olara suw berjek’ diýen guýusyna tarap ýola düşdüler. Şonda olar şu aýdymy aýtdylar: ‘Suwlaryň joşsun, eý, guýy! Munuň şanyna aýdym aýdalyň!’” (Çölde 21:16-17).

Men Hudaýyň Sözünden şu sözleri gaýtalamagy dowam etdim, Hudaýyň Sözüni has güýçli we ýalynly jar edip, dileg edip, tä seýilgähiň ýodalarynyň birinde öňe we yza ýöräp başlaýançam, dilegim barha güýçlenýärdi. Terlik geldi we men başga adama öwrülen ýaly boldum! Men Onuň güýçli huzuryny duýýardym. Birnäçe minut ozal men agramy we ejizligi duýýardym; indi bolsa Rebbiň Sözüniň kömegi bilen islendik duşmana garşy durmaga taýyndym!

Bu takmynan ýigrimi bäş minut dowam etdi, ýöne bary-ýogy bäş minut ýaly geçen ýaly göründi. Men terlikden dolup, bütin dünýäni gazanmaga taýyndym!

Isa Mesih Onuň ýanyna gelip içýänleriň ýüreginden dirilik suwuň gözbaşlary ýa-da derýalary akar diýip aýdýar. Biz çölde Mukaddes Ruhuň çogup akmasyny (ýagşy) başdan geçiremzok. Bu gurak ýerde

gurplandyrýan suwy öz ýüregimizden – Hudaýyň gözbaşyndan ýa-da guýusyndan almaly.

Isa Mesihiň Öz diýýän guýusynyň ýa-da gözbaşysynyň Rebbiň Ruhudygyny we imanlynyň ýüreginden derýanyň (birlik san) däl-de, derýalaryň (köplük san) akjakdygyny görkezişine (Ýohanna 7:39) üns beriň.

Rebbiň Ruhy ýüreklerimizden derýalar kimin nädip akýar? Işaýa pygamber Ruhuň täsiriniň tebigatyny şeýle düşündirýär:

> “Rebbiň Ruhy: danalyk hem paýhas, maslahat hem güýç-gudrat,
> Rebbi bilmek hem Ondan gorkmak Ruhy Onuň üstünde bolar”
> (Işaýa 11:2).

Mukaddes Ruh Danalyk Ruhy, Paýhas Ruhy, Maslahat Ruhy, Güýç-gudrat Ruhy, Rebbi Bilmek Ruhy we Ondan Gorkmak Ruhy diýip atlandyrylýar. Isa Mesihiň Ruhuň derýalar kimin boljakdygyny aýdýar, şonuň üçin-de, bu Danalyk derýasynyň, Paýhas derýasynyň, Maslahat derýasynyň, Güýç-gudrat derýasynyň, Rebbi Bilmek derýasynyň we Ondan Gorkmak derýasynyň bardygyny aňladýar. Çadyrymyň ýanyndaky şol ýodajykda ýüregimiň şeýle tutaşandygyny geň zat däl!

Bu tassyklamany goldaýan ýene birnäçe aýatlar:

- Süleýmanyň pähimlerin 18:4-de şeýle ýazylan: “Ynsanyň agzyndan çykýan sözler düýpsüz suwlar kimindir, danalyk bolsa joşup akýan bulak mysalydyr”.
- Süleýmanyň pähimlerin 16:22-de şeýle ýazylan: “Akyl-paýhas eýesi üçin ýaşaýyş çeşmesidir”.
- Süleýmanyň pähimlerin 20:5-de şeýle ýazylan: “Ynsanyň ýüregindäki pikir çuň suw kimindir,
- düşünjeli adam ony çekip çykarar”.

Çuň suwly bu guýy imanlynyň ýüreginde ýerleşýär, sebäbi Ruh hut şol ýerde mesgen tutandyr. Emma diňe Hudaýyň ýollaryna düşünýän

adam ondan suwy çekip çykarar. Şu aýatda açary söz – “çekip çykarar”. Ýene-de bir gezek bellenip geçilmeli zat – çölde kuwwatlandyrýan suwlar Ruhuň ýagşy görnüşinde gelmeýär, olar ýürekden “çekip çykarylmalydyr”.

- Süleýmanyň pähimlerin 10:11-de şeýle ýazylan: “Dogrularyň agzy ýaşaýyş bulagydyr...”.
- Süleýmanyň pähimlerin 15:23 -de şeýle ýazylan: “Ynsana şatlyk gowy jogapdan gelýändir”.

Eger men çadyrymy ýygnap: “Gowusy öýe gaýdyp, Ony agtarmagymy bes edeýin; Ol meni bu gurakçylyk ýerine ýerleşdirdi we Ol meni bu ýerden çykarýança, hiç zat üýtgemez” diýip pikir edäge-de, öýe gaýdan bolsam, içimdäki şol agyrlyk bilen gaýdardym. Emma Hudaýyň öz ýüregime salanyny aýdanym üçin, çuň guýulardan suwlary çekip çykarmagy başardym. Men gutulyşyň ýerasty gözbaşlaryna ýetip, güýç berýän suwy çekip çykarýardym. Bu dogrudan-da çölüň ortasyndaky gözbaşdan sowuk suw içen ýalydy!

Şeýle gurakçylyk wagtlarynda köp adamlar ýeň berýärler, ýöne Hudaý: “Öňe gitmegi dowam et! Togtama!” diýýär. Biziň içimizde tä Onuň erki amal bolýança, bize ýeň berdirmejek tutanýerli we erjel ymtylyş bolmalydyr.

Köp adamlar gurakçylygy duýanlarynda, dileg etmesini bes edýärler; olar muny suwuň guýudan akmaýanlygy üçin däl-de, ony ondan çekip çykarmagyň kyndygy üçin bes edýärler. Olar gowşak, Hudaý bolsa olaryň gelejekdäki söweşlerinde gerek boljak güýçlerini artdyrmagyny isleýär.

Bu suwy çekip çykarar ýaly güýji nireden almaly? Bu güýç şatlykda! Işaýa 12:3-de şeýle ýazylan: “Şatlyk bilen guýulardan suw çekişiňiz deý, şatlyk bilen-de halas edilersiňiz”, sebäbi “Taňrymyzyň eçilýän şatlygy size güýç-kuwwat berer” (Nehemýa 8:10). Şatlyk – bu bizi kuwwatlandyrýan ruhy güýç.

Rebbiň öňündäki şatlyk näme? Men köp ýyllaryň dowamynda munuň Onuň şatlygy ýaly şatlygy edinmek diýip pikir edýärdim, ýöne maňa oňa

düşünmek kyndy. Emma bu ýerde bu barada ýazylanok. Siz haçan hem bolsa “Tagam bişirmegiň şatlygy” diýen jümläni eşidipmidiňiz? Tagamy bişirmekligiň özünde şatlyk ýok. Bu tagamy bişirýärkäňiz siziň şatlanýandygyňyzy aňladýar. “Rebbiň öňündäki şatlyk” – Onuň bilen gatnaşmakdan duýulýan şatlyk. Bize şatlygy Ol berýär!

Dileg otagymyzda Onuň huzuryny duýmaýanlygymyz Onuň bizi ret edendigini aňlatmaýar. Şoňa görä-de, biziň şatlygymyz biziň duýýan zatlarymyza esaslanmaýar. Ol Hudaýyň Şahsyýetine we Onuň bilen gatnaşmakdaky aýratyn hukugymyzda esaslanýar. Şunlukda, biz özümiziň ret edilendigimiz baradaky ýalandan has uzagy görýäris we hakykatda Onuň bizi... has çuň gözbaşlara çekýändigine düşünýäris!

## Gömlen guýulary açmak

Günleriň birinde gudrat arkaly doglan Ybraýymyň ogly Yshak gurakçylyklyk döwrüni başdan geçirdi:

> “Ýurda Ybraýymyň döwründäki ýaly başga bir açlyk düşdi...Reb Yshaga görnüp, oňa şeýle diýdi: ‘Sen Müsüre gitmän, Meniň saňa görkezjek ýurdumda gelmişek bolup ýaşaber. Men seniň bilen bolaryn we seni ýalkaryn” (Gelip çykyş 26:1-3).

Hudaý Yshaga Müsüre – amatly ýaşaýşa gaçmagy däl-de, şol ýerde Onuň goýan ýerinde ýaşamagy buýurdy. Biz gurakçylyk ýere düşenimizde, köplenç ilki bilen pikir edýän zadymyz: “Men bu ýerden gitjek!” eger biz irdenki dilegimizde Hudaýyň huzuryny duýmasak, aňymyz şol gün edilmeli işleriň bary barada pikir edip, bulaşyp başlaýar. Biz dilegimizi çalt tamamlap, aňymyzda edilmeli işleriň sanawyna geçýäris.

Eger biz gatnaýan ýygnagymyzda gurakçylyk duýsak, onda hatda Hudaýdan soraman: “*Men ruhy galkynyşyň we täsirli wagyzlaryň bar bolan ýygnagyna gitjek*!” diýip karar edýäris.

Şeýle-de, eger jemgyýetçilik ýa-da iş çäklerinde guraklyk duýsak,

biz gitmek we ykdysadyýeti çalt ösýän şäheri tapmak barada pikirlenip başlaýarys. Biz: “*Eger men şu ýerde galsam, guraryn, onsoň Hudaýyň men babatdaky meýli başa barmaz*” diýip pikir edýäris.

Amerikan mesihileriniň köpüsi şeýle pikir edýär. Olar gurakçylygyň bolmadyk ýerini tapjak bolup bir jemgyýetçilik torundan beýlekä, bir ýygnakdan başga ýygnaga, bir şäherden başga şähere ylgaýarlar. Olar öz gurak ýerlerine sowuk suwy ýetirmek üçin guýy gazyp, Hudaýa özlerini ulanmaga ýol bermäge derek, aňsat we ýeňil durmuşy gözlemek üçin “Müsüre ugraýarlar”.  Olaryň dogrudan-da düşünmeýän zady – şu gurakçylyk döwürleriniň köpüsiniň dowamynda Hudaýyň özlerine beren görnüşlerini amal etmekçi bolýandygy. Men munuň hemişe şeýle däldigini bilýärin, sebäbi käwagt Hudaý bizi täze ýere taýynlap, könäniň guramagyna ýol berýär. Esasy zat – Hudaýyň Ruhunyň ugrukdyrmasyna eýermek! Eger Ol hiç zat diýmeýän bolsa, onda şol ýerde galyň we söweşiň!

Yshak Hudaýa gulak asyp, açlyk düşen ýurtda galansoň, şeýle zatlar boldy:

> “Yshak ol ýurtda ekin ekip, şol ýylda hem ýüz esse artyk bugdaý hasylyny aldy, çünki Reb ony ýalkapdy. Yshak gitdigisaýy baýap, döwletli adam boldy. Onuň süri-süri ownukly-irili mallary we köp sanly hyzmatkärleri bardy. Şol sebäpli hem piliştliler Yshaga görübilmezçilik etdiler. Kakasy Ybraýymyň öz döwründe gullaryna gazdyran ähli guýularyny piliştliler toprakdan dolduryp, gömüp taşladylar... Yshak kakasy Ybraýymyň döwründe gazylyp, ol ölenden soň piliştliler tarapyndan gömlen guýulary täzeden gazyp, olary kakasynyň dakan atlary bilen atlandyrdy” (Gelip çykyş 26:12–15, 18).

Yshak öz hasylyny ýetişdirmek üçin gerek bolan suwy atasynyň guýularyny – piliştllileriň gömen şol guýularyny gazyp aldy. Yshagyň ýagdaýynda bolşy ýaly, Hudaýyň ebedi tohumynyň ýüregimizde ösüp ýetişmegi üçin şeýle mätäç bolan suwumyzy köplenç gömlen guýulardan almaly bolýarys. Piliştliler bu dünýäden we onuň ulgamyndan bolan adamlardy. Biz bu dünýäniň ulgamy bilen juda ýakyn gatnaşanymyzda,

guýularymyzyň gömülýändigini köplenç aňman galýarys. Janymyz üçin şeýle gerek bolan suwy almak üçin guýularymyzy açmak örän wajypdyr.

Men medeni gymmatlyklaryň Isa Mesihiň bedenine bosup girmegi biziň döwrümizde köp guýulary "gömendigine" ynanýaryn. Akar suwuň gözbaşy bolmaly ýygnagyň özüni duşmana aldadyp, öz guýularyny gömüp, gurakçylyk ýerine öwrülmegi, heý-de, mümkin zatmy?

Biz şeýle soragy orta atmaly: "Hudaý Öz ýygnagyny täze suw bilen dikeldip bilýärmi?" Elbetde bilýär! Işaýa bu barada ajaýyp tärde şeýle diýýär:

> "Reb hemişe size ýol görkezer,
> gurak ýerlerde sizi kanagatlandyrar,
> süýegiňize kuwwat berer.
> Siz suwarylan bag kimin,
> suwy egsilmeýän çeşme kimin bolarsyňyz.
> Köne harabalaryňyz täzeden dikeldiler,
> köp asyrlardan galan
> harabalaryň düýbüni gaýtadan tutarsyňyz;
> olar size: 'Jaýryklary bejerýän,
> ýaşamak üçin köçeleri düzedýän' diýerler" (Işaýa 58:11-12).

## Çölden nädip geçmeli

### #10 Şatlanmak üçin gizlin serişde

Siz çöldekäňiz, ähli ünsüňizi diňe öz ýagdaýyňyza gönükdirmek aňsat bolýar. Men size çöl möwsüminde diri galyp, pajarlap güllemäge kömek eden kiçijek syrymy açasym gelýär. Men ony "Şatlanmak üçin gizlin serişde" diýip atlandyrýaryn.

Durmuşymda hiç zat meni ruhlandyrmaýan wagty, hiç zat bolmaýan ýaly bolup görünýän wagty, dileg etsem-de, netijeleri görmeýän wagtym men pikirlerimde Isa Mesihiň edenlerine dolanyp barýaryn. Men Onuň meni dowzahdan halas edendigini ýatlaýaryn; ol ýerde ot asla sönmeýär, kükürdiň ysy asla

Yshak öz ýollaryny agtarmazlygy, oňat şertleri bolan ýurda ugrap, lezzetlere ymtylmazlygy karar etdi. Eger biz hem öz ýollarymyzy agtarman, lezzetlere ymtylman, özümizçe ýaşaman, tersine, Rebbi sylasak, suwarylýan bag we akmasy kesilmeýän diri suwuň göşbaşy bolarys. Eger biz Hudaýyň isleýşi ýaly hereket etsek, Ol guran we teşne adamlara biz arkaly dirilik suwuny berer.

Hudaý bizi şu dünýäniň gömen guýularyny gaýtadan gazmaga alyp barýar. Bu erjelligi talap edýär we birnäçe güni, hepdäni, aýy, hatda ýyllary alyp biler.

## Ymtylyşyň ýitmegi

Çöl – bu köp dürli ýagdaýlary suratlandyrýan metafora; men muny size şu kitapda aýdyň görkezendigime ynanýaryn. Bu ýagdaýlaryň umumy bir tarapy – ýitgi we gurakçylyk ýagdalara düşmegimiz bolup durýar. Güýçden düşmek, öz çakylygymyza, hatda Hudaýa bolan höwesimizi we ymtylyşymyzy ýitirmek ýaly zatlar käwagt gurakçylygyň ilkinji habarçylary bolup durýar.

aýrylmaýar. Dowzah meniň üçin däl-de, iblis üçin döredilipdi. Ýöne iblis adamzady aldady, indi bolsa ony yzy bilen şol ýere alyp barýar. Emma Isa Mesih Öz janyny – ***meni*** halas etmek üçin, Ýaradanym Öz janyny berdi.

Men bu barada oýlanyp başlanymda, nazarymy Oňa gönükdirenimde, durmuşa şükür edenimde, oňa bakylyk nukdaýnazaryndan seredip başlanymda, ýagdaýym o diýen ähmiýetli bolup görünmeýär. Bu meniň Şatlanmak üçin gizlin serişdämdir: şükür edýän ähli zatlarymy ýatlamak we nazarymy Isa Mesihe gönükdirmek.

Men ýaşlar toparynyň çopany bolup hyzmat eden döwrümde çölde ikinji gezek edinen ähmiýetli tejribäm barada size gysgaça gürrüň bermegi ygtyýar ediň.

Floridadaky bu ýygnakda geçiren ilkinji dokuz aýymyz akyla sygmajak derejede oňatdy – hyzmat ýaýbaňlanýardy, ýaşlar topary ösýärdi. Men ruhlanyp, güýçden we ymtylyşdan doludym. Soňra bolsa birhili güýç almagymy bes edip, ymtylyşlarym we höweslerim ýiten ýaly boldy.

Men dilegde öňde-soňdakymdan köp wagt geçirýärdim, ýöne hiç zat bolmaýan ýalydy. Mundan başga-da, ýaşlar hyzmaty üçin alan görnüşim kem-kemden gowşaýardy (köne şerap dökülýärdi). Men köp dileg etdigimçe, ol şonça-da köp öçýärdi. Daşymdan hemme zat öňki-öňkülikdi, emma içimde birzatlar üýtgeýärdi.

Munuň üstesine-de, biz öňde-soňda görmedik daşky synaglardan geçmeli bolupdyk. Synaglaryň iň ulusy – meniň gönüden-göni başlygym maňa garşy iş taýýarlap, meni işden çykarjak bolýardy. Onuň ogly biziň ýaşlar hyzmatymyzdady we günleriň birinde ýaşlaryň ýygnagyndan soň agşam aýalymyň ýanyna baryp şuny sorapdyr:

- Missis Liza, eger meniň ene-atam....edýän bolsa (olaryň edýänlerini aýtmak gerek däl, ýöne onuň erbet zat bolandygyny aýtmak bilen çäkleneýin), men Jonuň wagyz edýänlerine laýyklykda nädip ýaşaýyn?

Liza örän geň galdy, ýöne paýhasly maslahat berdi:

- Hudaýyň Sözüne wepaly gal we Hudaýa ene-ataň bilen işlemäge ygtyýar et.

Şol günden başlap, ýolbaşçym meniň abraýymy döküp, menden dynmagyň kül-külüne düşdi. Ol assyrynlyk bilen aýgytly hüjüme başlady. Oňa baş çopanymyz bilen meniň arama çöp atmak başartdy. Men on alty hepdäniň dowamynda çopanym bilen ne görüşdim, ne-de gürleşdim.

Bu adamyň birnäçe aýlap gurnan hilerinden soň, baş çopan meni işden çykarmak kararyna geldi. Ol ýekşenbe gününiň irdenki ýygnagynda ýaşlar hyzmatynda düýpli çalşyrmalaryň boljakdygyny habar berdi. Iki çopan doganymyz maňa duşenbe güni işden çykaryljakdygym barada habar berdiler.

Emma Hudaý gudraty amal etdi, baş çopanymyz pikirini üýgetdi. Hudaý şol ýekşenbe güni ýygnak wagty habar edeni bilen duşenbe güni bellenilen duşuşygymyzy wagtyna çenli aralykda oňa gürledi. Biz duşuşanymyzda, ol maňa şeýle diýdi:

- Jon, seni bize Hudaý iberdi. Şonuň üçin-de, Ol saňa gitmäge wagt boldy diýip aýdýança, gitmersiň.

Alty aýdan meniň ýolbaşçymyň pyssy-pujurlyklary ýüze çykarylyp, ol ýygnakdaky wezipesinden şobada boşadyldy. Onuň edenleri käbirimiziň pikir edişinden-de has çynlakaý eken.

Şol möwsümiň dowamynda men diňe daşky hüjümlere däl, eýsem öňde-soňda görmedik içki hüjümlere duçar boldum. Men ýene-de mesele mendedir öýdüp, ýadyma düşen her bir günäm barada toba edýärdim, ýöne durmuşyma edilýän hüjümlerden we guraklygymdan ýaňa ýeňillik duýmaýardym.

Günleriň birinde nähili günä edendigimi ýatlajak bolup dyrjaşýarkam, Reb maňa: “Sen bu çöle günä edeniň üçin düşmediň. Men seni ýetip gelýän täze özgerişiklere taýynlaýaryn” diýdi. Bu meniň 5-nji bapda aýdan “täze şerabymdy”.

Bu çölde bir ýyl ýaly wagt geçenden soň, Reb agzymy beklemegi buýurdy. Birnäçe günläp agyz beklänimden soň agzymdan dileg sözleri çykdy, men onuň sözlerini diňe aýdyp bolanymdan soň eşidip galdym. Ýüregimiň bu joşguny aňymyň deňinden sowa geçipdi. Men ýürekden: “Ýa Reb, men hiç kimiň bolmadyk çölünde bolsam-da, millionlarça adamlara wagyz etsem-de, tapawudy ýok, men şu iki ýerde-de şol bir edýänimi ederin. Men Seniň ýüregiňe ymtylaryn!” diýip gygyrdym.

Birdenkä içimde jaňlaryň sesi ýaly sesler ýaňlandy we men Onuň mende nämeleri amal edýändigine aň ýetirdim! Men şeýle diýdim: “Eý, Hudaý, Sen muny hut mende etdiň. Sen meni mirasymyň we ilkinji söýgimiň hyzmat ýa-da haýsydyr başga bir zat däl-de, diňe Sen bolan ýagdaýyna getirdiň. Şonuň üçin-de, özgerişlikler gelende, men ony but etmerin. Men Seni – ilkinji söýgimi taşlamaryn we hyzmatymy Senden artyk söýmerin. Meniň ýüregim dogry garaýyşda galar”.

Birdenkä Hudaýyň Dawut barada aýdanlary ýadyma düşdi:

“Hudaý Şawuly tagtdan düşürenden soň bolsa, olara Dawudy patyşa etdi we ol hakda şaýatlyk edip: ‘Göwnümden turýan bir adamy, Ýyşaýyň ogly Dawudy tapdym. Ol Meniň ähli islegimi berjaý eder’ diýdi” (Resullaryň işleri 13:22).

Şu möhüm delili ýene bir gezek agzamaga ygtyýar ediň: Şawul patyşa çölden hiç haçan geçmändi. Pygamber ony patyşa yglan edende, ol arabada gizlenip, başda pespäl görnüpdi. Emma birnäçe üstünlikden soň ondaky garyndylar ýüze çykyp başlady. Ol uly söweşde ýeňiş gazandy, ýöne muny özüçe edip, Hudaýyň buýruklaryna boýun bolmady. Bulary hem az gören ýaly, öz ýadygärligini dikdi. Bu onuň ýüze çykyp başlan erbet işleriniň diňe başlangyjydy. Ahyrda ol şol asla üns bermedik garyndylary ýa-da ýetmezçilikleri zerarly öz janyny ýitirdi.

Içiňizdäki zatlary ýüze çykarýan iki ýagdaý bar. Olaryň biri, ozal aýdyp geçişimiz ýaly, arassalaýjy ot. Ikinjisi – üstünlik. Üstünlik siziň garyndylaryňyzyň ählisini daş-töweregiňizdäki adamlara aýan eder, özüňiz welin olara heniz-de kör galarsyňyz. Hyzmatçylaryň köpüsi arassalaýjy oda özlerini päklemäge ýol bermediler. Ýöne şonda-da, Şawul kimin, olar ahyrda hyzmata girişmeli boldular. Gynansak-da, olar degişli taýýarlygy geçmediler. Üstünlik olaryň içindäki garyndylaryny ýüze çykaranda, bu olaryň çagyrylan işlerini weýran etdi.

Şawul öz “hyzmatyny” örän söýýärdi, ol hatda ony elinden gidermezlik üçin öldürmekden-de gaýtmaýardy. Dawut şa tagtyna ymtylmaýardy; ol Hudaýyň ýüregine ymtylýardy. Dawut çölde şatlygyň hakyky gözbaşyny tapdy, bu gözbaş Hudaýyň hut Özüdi. Dawudyň Şawuly öldürip, tagty eýelemäge iki gezek mümkinçiligi boldy, onuň ýanyndaky adamlar ony hatda muňa yrjagam bolupdylar. Eger Dawudyň niýetleri hem Şawulyňky ýaly bolsady, onda ol Hudaýyň Şamuwel pygamber arkaly wada edenini almak üçin Şawuly öldürerdi.

Häzirki döwürde Hudaýyň özlerine wada edenlerini aljak bolup,

ýamanlamaga, gybat etmäge ýa aldama taýýar erkekler we aýallar bar; munuň nähili ýaňsylaýjydygy babatda oýlanyň-a! Olar Şawula meňzeýärler; olar miraslaryny alyp, ony saklamak üçin hemme zada diýen ýaly taýýar. Hudaý wezipä, abraýa, pula we şöhrata däl-de, Onuň ýüregine ymtylýan “Dawutlary” agtarýar. Köne meşigi dikeltmek – içimizde Hudaýyň häsiýetini çuňlaşdyrmak. Ruhuň täze şerabynyň basyşyny (Onuň mesh etmesini we huzuryny) hut Hudaýyň häsiýeti sygdyryp biler.

Siz: “Munuň üçin näçe wagt gerek bolar?” diýip sorap bilersiňiz.

Meniň jogabym şeýle bolar: “Sizi wagt gyzyklandyrmaly däl; tä suw akýança gazmagy dowam ediň”. Köplenç jogap bir dilegden soň gelmeýär. Indiki dileg wagtynda we, belki, indiki ençeme dilegleriňizde, geçen gezek gutaran ýeriňizden başlamaly bolarsyňyz.

Men Dallasda ýaşap, baş çopana we onuň aýalyna kömek eden döwrümde, ýakyn dostlarymyň biri – çopanyň kömekçisi we ýygnagyň işgärler ştatynyň ýolbaşçysy bilen her gün irden dileg edýärdik. Biz dilegler otagyna irden sagat 7:00-de gelip, dileg edýärdik we köplenç Hudaýyň huzuryny we Onuň biz üçin hereket edişini duýýardyk. Ýöne köp gezek, 8:30 bolup (iş güni başlanda), iş ýerimize gitmeli bolanymyzda, özümizi sustupes duýýardyk, sebäbi hiç böwsülmeleri, täze suwlary duýmaýardyk. Guýular heniz açylan däldi!

Ertesi gün gelip, şol soňky gezek galan ýerimizden dilegi dowam edýärdik. Käwagt bu iki gün, käwagt üç gün dowam edýärdi, bir gezek bolsa tutuş hepde tämizleýän suwsuz geçdi! Emma böwsülmeler bolanda, biz güýç bilen terligi alýardyk.

Tutuş Amerikanyň ýygnaklaryna aýlananymda, men guýularynyň gömülmegine ýol berip, şol ýagdaýda amatly ornaşan köp mesihilere duş gelýärin. Alada goýýan zat – men şeýle ýagdaýda ornaşan mesihileriň azlyk däl-de, köplükdigini duýýaryn. Eger bu adamlar özlerindäki gökler peşgeşini gyzdyryp, oňa özleri arkaly hereket etmäge ýol berseler, näme bolardy? Adamlar, maşgalalar, ýygnaklar – tutuş Amerika özgererdi!

Hudaýyň peşgeşi juda köpleriň durmuşynda herekete getirilmedik. Ýöne guýular gömlen ýaly bolup görünse-de, Ruh garaşýar.

Gazmagy dowam ediň! Siz çölde täze suw taparsyňyz!

11

# REBBE ÝOL TAÝÝARLAŇ

*“Kynçylyk hemişe oslagsyz gelýär we halanylmaýar. Kynçylyk – bu zandyýaman ogry, ýöne Hudaýyň elinde ol Onuň gudratly gýjüni aýan edýän serişdä öwrülýär”.*

**– Çarlz Stenli**

*“ Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony edýändir”.*

**– Ýohanna 5:19**

Çöl – bu Rebbiň ýolunyň taýýarlanylýan ýeri, ol ýerde her bir dag peselýär we her bir dere beýgeldilýär. Işaýa muny meşhur parçada ýatda galjak şekilde suratlandyrýar:

Bir ses gygyrýar:
“Sährada Rebbe ýol taýynlaň,
çölde Hudaýymyz üçin şaýol açyň.
Ähli dereler beýgeldiler,
ähli daglar we depeler peseldiler,
aňňat ýerler tekizlener,
beýikli-pesli ýerler düzlüge öwrüler.
Şonda Rebbiň şöhraty aýan bolar,
ähli ynsanlar ony birlikde görerler,
muny aýdýan Rebdir”.

“Jar et!” diýýär bir ses.
Men: “Nämäni jar etmeli?” diýdim.
Ähli ynsanlar otluk kimindir,
olaryň gözelligi meýdan güli kimindir.
Reb demini üflände,
ot guraýar, gül solýar.
Hakykatdan hem, halk otlukdur.
Ot guraýar, gül solýar,
emma Hudaýymyzyň sözi ebedi galýar (Işaýa 40:3-8).

Şu wagt çöl möwsüminde bolanlarymyz üçin bu parça näme aňladyp bilýär?

Isa Mesihiň bedeninde biziň ählimiziň etmeli işlerimiz bar, olary bize Reb tabşyrdy. Ýöne Hudaý şolary amal etmegä ygtyýar etmezden öň, biz çölde synagdan geçmeli we türgenleşmeli; şol çölde biziň tenimiz “haça çüýlenmeli”. Şeýle-de biz çölde Rebbe garaşmagy öwrenýäris; tä Onuň sesini eşidýänçäk, tä Onuň yradasyny tabynlyk bilen ederimiz ýaly Onuň nämeleri edýändigine düşüýänçäk, dymmany öwrenýäris.

Men size çöldäki ýoluň nähili bolup bilýändigini görkezmek üçin, durmuşym barada has köpräk gürrüň beresim gelýär. Çölden geçýän ýol hemişe ugraýyş nokatdan barylmaly nokada çenli göni bolmaýar, ol başyňy çaşyrýan aýlawlardan we meýilleşdirilmedik duralgalardan hem ybarat bolup bilýär.

1979-njy ýylda, “Perdýu” uniwersitetinde talypkam, men uniwersitetimiziň oglanlaryň umumy ýaşaýyş jaýynda gaýtadan doguldym. Dört aý geçenden soň, men Mukaddes Ruhdan doldum we Hudaý meni Özüne hyzmat etmäge höweslendirip başlady. Maňa ynanaýyň, hyzmat etmek asla niýetimde ýokdy; men muňa hiç şärikli bolasym gelenokdy. Men çagalykdan bäri tanap gelýän hyzmatçylarymyň birinine-de meňzäsim gelenokdy. Men garaýşymyň ýalňyş bolandygyny bilýärin, ýöne olar meniň üçin “bu dünýäniň adamlary däldi”, olaryň çagalary birgeňsidi we olar çagşap duran jaýlarda ýaşaýardylar. Elbetde, soňra men öz täsirlerimiň ýoýulandygyny bildim: aslynda ajaýyp çagaly we oňat öýlerde (!) ýaşaýan paýhasly hyzmatçylaryň bardygyny bildim. Ýöne ýaş imanlykam, men hyzmatçy bolmaklyk doly däl durmuşda ýaşamak, Afrika düşmek, ol ýerde hatda ýeke jübüt köwşiňem bolman, çatmada ýaşamaklykmyka öýdýärdim.

Men 3000 adam ilaty bolan kiçijek şäherde ösüp-ulaldym. Meniň tanaýan ýeke-täk hyzmatçylarymyň biri katolik ruhanysydy (bu meniň üçin wariant däldi, sebäbi olara öýlenmek gadagan) we kiçijek ýygnagyň çopanydy. Onuň meniň ýaşlarymdaky iki çagasy bardy; olar birgeňsidi we men olaryň öýlerine gatnanymda, bir erbet ysy duýýardym! Bir

gezek olara baranymda şol ys şeýle bir erbetdi welin, gitmäge bahana tapýançam, demimi zordan saklap çydadym! Şonuň üçin-de, meniň hyzmata näme üçin örän gyzykmandygyma düşünýänsiňiz. Şeýle-de men Afrika missionerlige gidip, ömrümi çatmada tamamlasym gelenokdy.

Şol döwürde *men* Perdýu uniwersitetinde maşyn gurluşygy bölümini tamamlap, soňra Garwardda iş dolandyrmak hünäri boýunça Master derejesini almagy meýilleşdirýärdim. Soňra men amerikan korporasiýalaynyň birine işe girip, wezipe basgançagyndan galmagy we köp pul gazanyp, ýygnagy sadakalar bilen goldamagy niýetleýärdim. Meniň meýilnamam şeýledi we Hudaýyň maňa hyzmat barada pyşyrdaýan zatlarynda gaça durýardym (bu meýilnamada hiç erbetlik ýok, bu Hudaýyň meniň durmuşym üçin niýetlen meýilnamasy däldi).

Dört aýdan, ýekşenbe günleriniň birinde ýygnakda çopanyň wagzyny diňläp otyrkam, Mukaddes Ruh maňa: “Men seni wagyz etmäge çagyrdym! Sen näme etmekçi?” diýip has berk ýüzlendi.

Bu gezek men muny aýdyň eşitdim we: “Ýa Reb, eger ömrümi Afrikada köwüşsiz we saman çatmada  tamamlamaly bolaýsam-da, men wagyz etjek, men Saňa gulak asjak!” diýip jogap berdim (Hudaý ünsümizi nädip çekmelidgini bilýär. Geçen aýlarda men eýýäm Onuň kiçi ýatlatmalary wagtyndaky harajatlaryň bahasyny hasaplapdym). Indi, nämä ylalaşýandygyma doly aň ýetirip, men bahasynyň näçe boljakdygyna garamazdan, Ony hoşnut edesim gelýärdi!

Reb meni taýynlap başlady. Meniň içimde ot ýanyp başlady; men umumy ýaşaýyş jaýymyzdaky talyplara Isa Mesih barada aýdyp başladym we köp adamlar halas bolýardylar. Takmynan bir ýarym ýyldan men umumy ýaşaýyş jaýymyzda Mukaddes Ýazgylary öwrenmek okuwyny başladym; oňa uniwersitetiň tutuş şäherçesindäki talyplar gatnaýardylar. Her hepde täze adamlar şypa tapyp, azatlyk alyp, durmuşlaryny Isa Mesihe tabşyrýardylar.

Men ähmiýetli we ähmiýetsiz zatlar babatdaky garaýşymy bütinleý üýtgetdim! Wagyz etmek islegim şeýle güýçli bolansoň, men maşyn gur-

luşyk bölümindäki okywymy soňky kursunda taşlap, Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdebe gidesim geldi. Men şeýle pikir ýöredýärdim: adamlar ölüp, dowzaha barýan bolsalar, menem wagyz etmäge çagyrylan bolsam, hasaplamalary we fizikany öwrenmek näme gerek? Isa Mesih tizara dolanyp geler, şonuň üçin-de, men hasyl meýdanlaryna mümkin boldugyndan çaltrak gitmeli.

Agşamlaryň birinde, eýýäm ýigrenýän öý ýumuşlarymy edip otyrkam, men nazarymy okuw kitabymdan tekjede duran Mukaddes Kitaba gönükdirdim. Men şeýle doýupdym! Men termodinamika boýunça kitabymy diwara zarp bilen zyňdym. Men mundan buýana garaşmazlygy karar etdim: men uniwersiteti taşlap, Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdebe girjek.

Men öz maslahatçyma jaň etdim, ol Perdýu uniwersitetinde ylmy-barlagçy bolup işleýärdi we meniň ýakyn dostumdy. Men batyrgaýlyk bilen:

- Don, men Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdebe girmek üçin, uniwersiteti taşlaýan! – diýdim.

Ol maňa paýhasly jogap berdi:

- Şu gün agşam gezelenje çykyp, bu barada dileg etsek näder?

Biz şeýle hem etdik. Şonda Hudaý maňa: “Meniň bellän wagtymda, hyzmat edersiň... Maşyn gurluşygy çäklerindäki okuwyňy tamamla” diýdi.

Soňra, Rebbiň neneň edip şäherçeden bolan oganjygy dünýä halkalryna wagyz etmäge iberip bilýändigi babatdaky pikirlerim bilen söweşýärkäm, Ol maňa şeýle diýdi: “Seniň çagyrylan hyzmatyňy kim niýetläp berkarar etdi; senmi ýa Men?”

-Sen, - diýip jogap berdim.

Reb: “Bu hyzmatyň dogulmagy barada Men senden az alada edýändirin öýdýäňmi?” – diýip sorady.

Şunlukda, men köşeşdim we maşyn gurluşygy bölümini tamamladym. Okuwy gutaranymdan soň “Rokwell Interneşenel” kompaniýasyna ABŞ-nyň Harby-deňiz flotunyň taslamalaryy üçin inžener-tehnolog hök-

münde işe alyndym. Şu wezipäni alyp, örän oňat ýygnagy tapdym. Bir ýyldan Liza ikimiz öýlendik.

Men bu ýygnaga heniz öýlenmänkäm gelipdim we gerek ýerleriň barynda hyzmat edýärdim. Bu öýlenenimizden soň hem dowam etdi. Men tertip-düzgün hyzmatçysydym, türmelerde, çagalary okatmakda, çopanyň çagalaryna tennis oýnamagy öwretmekde we beýleki çäkleriň köpüsinde kömek edýärdim. Ýygnakda Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdep hem bardy, men onuň agşamky sapaklaryna gatnaşýardym.

Iki ýyldan ýygnak meni çopanyň we onuň maşgalasynyň kömekçisi hökmünde işe aldy. Men çopana we beýleki liderlere wagyz etmäge çagyrylandygym sebäpli diňe bir ýyllyk galyp bilýändigimi aýtdym. Meniň işim: olaryň maşynlaryny ýuwmak, benzin guýmak, çopanyň köwüşlerini arassalamak, dürli tabşyryklary ýerine ýetirmek, mekden ýaşly çagalaryny suwda ýüzmegi öwretmek, ýygnagymyza gelýän hyzmatçylary kabul etmek we beýleki köp işlerden ybaratdy. Men ol ýerde bir ýyla derek dört ýarym ýyl galdym.

Hudaýyň çakylygyna "hawa" diýip jogap berelim bäri ýedi ýyl geçipdi. Men uniwersitetde talyplaryň halas boluşlaryny, şypa alyşlaryny we azat boluşlaryny görenimde, doly wagt hyzmatyma çenli sanlyja günler galdy diýip pikir edýärdim. Hudaýyň meni äkiden ýoly babatda asla düşünjäm ýok eken.

Ýygnakda hyzmat eden şol döwrümde men üç gezek dagy doly wagt hyzmatyna girişmekçi boldum, ýöne bu başa barmady. Men Aziýadan yzyma Dallasa uçup barýarkam (Hudaýyň bu ýeri meniň üçin belläp-bellemänligini aýdyňlaşdyrmak üçin üçünji synanyşygymdan soň) Ýohannanyň hoş habaryny okap otyrdym; şonda şu aýady gördüm, ol edil sahypadan böküp çykan ýalydy: "Hudaý tarapyndan Ýahýa atly bir adam iberildi" (Ýohanna 1:6). Men Hudaýyň sesini eşitdim: "Sen Jon Biwer tarapyndan iberilmek isleýäňmi ýa-da Men tarapdan?"

"Men Sen tarapdan iberilmegimi isleýän".

Reb şeýle jogap berdi: "Bolýar, sebäbi, eger sen Jon Biwer tarapyndan iberilseň, sen Jonuň ygtyýarlygynda gidersiň, emma Men tarapdan

iberilseň, Meniň ygtyýarlygymda gidersiň!”

Şondan soň men köşeşip, ünsümi Hudaýyň meni ýerleşdiren ýerinde jemledim. Emma birnäçe wagtda rahatsyzlygym dolanyp geldi. Meniň çöldäki okuwym heniz tamamlanmandy; men heniz-de taýýarlyk tapgyryny geçýärdim.

Hudaýyň meni hyzmatda haýsydyr bir boş ornuň açylaryna garaşyp, meni ýedi ýyllap tekjede goýdy diýip aýdyp bolarmy? Ýok, müň gezek ýok! Men bu çöle *Onuň ýolunyň taýýar edilmegi* üçin, dogrulyk häsiýetlerimi ösdürmek üçin getirilipdim. Men çagyrylan hyzmatymda netijeli bolmagym üçin, häsiýetim kämilleşmelidi. Wagt geçenden soň men her bir täze ruhy derejäniň öňünden degişli taýýarlygyň bolýandygyna düşündim.

## Öz güýjüňiz bilen hyzmat etmegi unudaýyň

Biziň niýetlerimiz her näçe gowy bolsa-da, Hudaýyň olara gatnaşmadyk ýagdaýynda bakylyk üçin, hatda Isa Mesihiň hatyrasy üçin-de ähmiýetli hiç zady edip bilmeris! Rebbiň Özi şeýle diýdi: “Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony edýändir” (Ýohanna 5:19). Nähili aýdylan! Isa Mesih, ýagny göreldeli, Hudaýyň mesh edilen Ogly, Öz-Özünden *hiç ähmiýetli zady edip bilmeýändigini* aýtdy. Men göz öňüme tutýan zadymy düşündirmek üçin birnäçe mysaly gürrüň bereýin.

Isa Mesih Beýtaniýada ýaşaýan Lazary we onuň iki uýasy: Marta bilen Meryemi söýýärdi. Ýöne Lazar güýçli kesellände, ine, şeýle zatlar boldy:

> “Şeýlelikde, uýalar: ‘Agam, Seniň eziz dostuň kesel ýatyr’ diýip, Isa habar ýolladylar. Isa muny eşidip: ‘Bu kesel onuň ölmegi üçin däl-de, Hudaýyň şöhratlanyp, bu arkaly Hudaýyň Oglunyň şöhrat gazanmagy üçindir’ diýdi. Isa Martany, onuň uýasyny we Lazary gowy görýärdi. Emma Lazaryň kesel ýatandygyny bilse-de, Isa öňki bolýan ýerinde ýene iki gün galdy” (Ýohanna 11:3-6).

Isanyň Mesih bolandygyna garamazdan, Onuň ýakyn dostlary bardy. Ol Lazary söýýärdi we onuň maşgalasy bilen wagt geçirmegi halaýardy. Emma biz Isa Mesihiň dostunyň keseli barada bilenden soňam iki günläp hiç zat etmändigini görýäris. Ol näme üçin şobada Beýtaniýa gitmedi? Sebäbi Ol bu babatda Hudaýdan degişli görkezmeleri almandy. Isa Mesih tä Mukaddes Ruh Özüne gitmek barada görkezme berýänçä garaşdy. Ony alan badyna, Isa Mesih şol ýere ugrady.

Günleriň birinde Hudaý maňa eger Lazar dostlarymyň biri bolan ýagdaýynda, özümiň hatda Ruhuň gönükdirmesini soramagy pikir-de etmän, şobada maşyna münäge-de, onuň öýüne baryp, üstüne el goýardygymy açyp görkezdi. Gynansak-da, biziň köpimiz şeýle pikir edýäris. Biz Hudaý hemişe biziň bilen bolansoň, şeýle ýagdaýlarda Onuň ugrukdyrmasyny soramak-da gerek däl diýip hasaplaýarys. Emma biz säginmeli we Hudaýyň Ruhuna duýgur bolmaly. Hudaý Öz isleýänini bilýär, eger biz Ondan görkezme almak ýa-da Onuň ýüregindäkini bilmek üçin garaşsak, Ol bize näme etmelidgini aýdar.

Biz eger hatda Ruhuň ugrukdyrmasynyň bolmadyk ýagdaýynda hem syrkawlaryň üstüne el goýýan bolsak, Hudaý olary şobada sagaldaýmaly diýip pikir edýän bolmagymyz ahmal. Eger bu şeýle bolsa, onda biz ähli hassahanalara gidip, olary boşadyp gaýtmaly dälmi?

Mukaddes Ýazgylar käbir ýagdaýlarda Isa Mesihiň "hemmelere şypa berendigini" (Matta 15:30), habar berýär, ýöne bu hemişe şeýle bolmaýardy. Mysal üçin, Isa Mesih näme üçin Beýtzata howzunyň gyrasyndaky ähli syrkawlara, körlere, agsaklara we ysmazlara şypa bermän, diňe otuz sekiz ýyllap ysmaz ýatan bir adama şypa berdikä (Ýohanna 5)? Mukaddes Ruhuň Ony beýlekilere şypa bermäge gönükdirmändigi mümkinmi?

Dogabitdi agsak munuň ýene bir mysaly bolup biler. Ony her gün ybadathananyň girelgesiniň agzynda goýup gidýärdiler. Isa her gezek Ybadathana girende, elbetde onuň ýanyndan geçýärdi. Isa Mesih näme üçin oňa şypa bermeýärdi? *Sebäbi Atasy Oňa bu barada görkezme bermändi*.

Soňra, Isa Mesih asmana galandan soň, Petrus bilen Ýohanna ybadathana gitdiler we Ruhuň gönükdirmesinde bu adama şypa berdiler, şeýdip, ruhy galkynyş başlandy (Resullaryň işleri 3).

Isa Mesihiň hyzmatynda kesgitli bir formulalar ýokdy; Ol käbirlerine biperwaý garaýardy, käbirleriniň üstünde ellerini goýýardy, başgala bolsa ýöne söz aýdýardy. Bir adam üçin Ol palçyk ýasap, ony şol adamyň gözlerine çaldy, başgalary bolsa ruhanylaryň ýanyna iberýärdi we ş.m. Şeýle täsin dürli-dürlüligi Isa Mesihiň edýän Atasyndan diňe görýänlerini edendigi bilen düşündirip bolýar! Hudaý her bir adama haçan we nädip şypa bermegiň iň oňat wagtyny we tärini bilýärdi.

Bu Hudaýyň Öz hyzmatçylarynyň ählisi üçin isleýän zadydyr. Ol bizi öz pikir edýän ýa isleýän zadymyzy etmän, eýsem Isa Mesihiň eden zatlaryny görüp edýän we Onuň ugrukdyrmasyna görä hereket edýän adamlar etmek isleýär. Isa Mesih Ýohannanyň hoş habarynda şeýle diýýär: “Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin” (20:21). Isa Mesih Öz Atasynyň ugrukdyrmasyndan daşary hiç zat etmeýärdi. Biz hem şeýdip, Isa Mesihiň göreldesine eýermeli. Biz Ol ýaly ýaşamaly, ýagny Hudaýyň Ruhunyň ugrukdyrmasyna eýermeli, Onuň ugrukdyrmasynda gezmeli. Munuň üçin tenimiziň Mukaddes Ruha – Isa Mesihiň Ruhuna tabyn bolmagy talap edilýär. Çöl Ruhuň ugrukdyrmasyndaky durmuş üçin iň oňat türgenleşik meýdançasy bolup durýar. Bu gurşaw kynçylyklardan doly bolup, Rebbiň ýolunyň taýýarlanylýan ýeri bolup durýandyr.

Musa kyrk ýyl çölde taýýarlanandan soň, Hudaý oňa şeýle diýdi:

> “’Häzir bolsa Men seni Öz halkym bolan ysraýyllary Müsürden alyp gaýtmak üçin faraonyň ýanyna ibereýin’ diýdi. Musa bolsa Hudaýa: ‘Faraonyň ýanyna gidip, ysraýyllary Müsürden çykaryp getirer ýaly, men kim bolupdyryn?’ diýdi. Hudaý oňa: ‘Seniň bilen boljak Mendirin’” (Müsürden çykyş 3:10-12).

Indi bolsa muny Hudaýyň öz-özlerini iberen adamlar barada diýýänleri bilen deňeşdiriň:

"'Bu pygamberleri Men ýollamadym, olaryň özleri ylgadylar. Olar bilen gepleşmedim, özlerinden pygamberlik etdiler'... Reb şeýle diýýär: 'Men ýalan düýşler bilen pygamberlik edýänlere garşydyryn. Olar bu düýşleri aýdyp, ýalan sözleri we boş öwünmeleri bilen Meniň halkymy azdyrýarlar. Olary Men ýollamadym, olara Men tabşyryk bermedim. Olaryň bu halka asla peýdasy ýok'. Muny Reb aýdýandyr" (Ýermeýa 23:21, 32).

Nähili ýowuz! Biziň hiç haýsymyz Rebden şeýle habary eşitmek islemez.

Musa kyrk ýaşyndaka, ýýraýyllary ilkinji gezek boşatjak bolanda, olara ne kömek edip, ne-de *peýda berip bildi*, sebäbi *Hudaý ony heniz ibermändi*. Müsürde alan ýokary derejeli biliminiň, liderlik häsiýetleriniň we paýhasynyň bolandygyna garamazdan, Hudaýyň ýardam bermänliginde we Onuň bellän wagtyndan daşarda Musa Hudaýyň özüni çagyran işini (ol nämä çagyralandygyny bilýärdi) berjaý edip bilmedi. Onuň boş ýere eden yhlasy diňe bir müsürli ezijiniň ölümine eltdi. Musanyň niýetleriniň oňat bolandygyna garamazdan, öz çakylygyny amal etmekdäki ilkinji synanyşygynyň peýdasyndan zyýany köp boldy. Göze ilmeýän çöldäki kyrk ýyllyk taýynlykdan soň täze Musa peýda boldy, ol Hudaýyň aýdanlaryndan başga zatlary etmekçi däldi. Şunlukda, Hudaýyň bellän wagtynda, Musanyň öňbaşçylygynda Müsüriň bütin goşuny Gyzyl deňziň düýbünde galdy. Biziň güýjümiz bilen Hudaýyň güýjüniň arasyndaky tapawut, ine, şeýledir – ýekeje bir esger bilen deňeşdireniňde – tutuş goşun.

Ýahýa Çokundyryjy diňe alty aý dowam eden hyzmatyna otuz ýyl taýynlyk gördi, ýöne Isa Mesih Ýahýanyň aýaldan doglan pygamberleriň iň beýigidir diýip aýtdy.

Hut şeýledir! Hudaý Öz iberen adamy arkaly alty aýyň dowamynda öz güýji arkaly altmyş ýyllap işleýän adamyňkydan has köp edip bilýär.

Isa Mesih: "Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony

edýändir" diýip aýdanda, hut şony hem göz öňüne tutupdy.

Geliň, Işaýa pygamberiň sözlerini ýene bir gezek okalyň:

Bir ses gygyrýar:

"Sährada Rebbe ýol taýynlaň,
çölde Hudaýymyz üçin şaýol açyň.
Ähli dereler beýgeldiler,
ähli daglar we depeler peseldiler,
aňňat ýerler tekizlener,
beýikli-pesli ýerler düzlüge öwrüler.
Şonda Rebbiň şöhraty aýan bolar,
ähli ynsanlar ony birlikde görerler,
muny aýdýan Rebdir".

"Jar et!" diýýär bir ses.
Men: "Nämäni jar etmeli?" diýdim.
Ähli ynsanlar otluk kimindir,
olaryň gözelligi meýdan güli kimindir.
Reb demini üflände,
ot guraýar, gül solýar.
Hakykatdan hem, halk otlukdur.
Ot guraýar, gül solýar,
emma Hudaýymyzyň sözi ebedi galýar" (Işaýa 40:3-8).

Hudaý çölüň Rebbiň ýolunyň taýýarlanylýan ýeridigi barada aýdýar. Rebbiň ýoly ynsanyň güýjünde däl. Ol ten tekepbirliginiň peselmelidigi, pespälleriň (Rebbe garaşýanlar) beýgeljekdigi, aňňatlaryň (ýalançy, nädogry, ikiýüzli çäkleriň) dogrulanjakdygy we beýikli-pesli (söýmeýänler, gödekler, gyzmalar) ýerleriň tekizlenjekdigi barada aýdýar.

Uniwersitetde okaýan we Isa Mesihe täzelikde iman eden döwrümde men köp ýalkanyşlary aldym we başgalara hyzmat etmek bilen, "üstünlige" eýe boldum. Emma meniň durmuşymda peselmeli daglar bardy, dogrulanyp, tekizlenmeli egri we aňňat ýerler bardy. Hudaý käbir ýet-

mezçiliklerimi ýylmamak üçin, çölde wagt geçirmelidigimi bilýärdi.

Islendik çöl möwsüminde Hudaýa durmuşyňyzda Öz isleýşine görä hereket etmäge ýol bermek örän wajypdyr. Günleriň birinde, Dallasdaky çopanyma hyzmat edýän döwrümde, Reb maňa şeýle diýipdi: “Jon ertir geljek wagyz hyzmatyna garaşyp, Meniň saňa şu gün etjek bolýanlarymy sypdyraýma”. Dogrymy aýtsam, men wagyz etmegi şeýle güýçli isleýänligim sebäpli ömrümiň şol möwsümini wagty boş geçirmek diýip hasaplaýardym.

Size bu duzaga düşmek gerek däl! Düşüniň, Hudaý *wagty biderek sarp etmeýär! Ol wagty Ödeýän!* Siziň şindiki bolýan ýeriňiz ýönelýän ýeriňiziň aýrylmaz bölegi bolup durýandyr. Bu siziň türgenleşik meýdançaňyz. Bu wada berlen zatdan öňe, ýagny onuň berjaý bol-

## Çölden nädip geçmeli

### #11 Goşuňyzy jemläp goýuň

Siziň çöldäki wagtyňyz uzap, eýýäm bakylyk kimin görünýän ýaly bolsa, siz goşlaryňyzy çemodanlardan çykaryp, şol ýerde ornaşmagy karar etmegiňiz mümkin, ýöne men welin beýtmegi asla maslahat bermezdim. Maňa ynanaýyň, Hudaý hereket etmäge wagt boldy diýip çözse, Ol muny örän çalt edip biler. Ýusup barada pikir edip görüň: ol zyndanda ömrüniň ahyryna çenli galjak kimin görünýärdi, ýöne birdenkä, hiç bir duýduryşsyz, ol Hudaýyň beren arzuwyna bary-ýogy bir günüň dowamynda ýetdi!

Meniň çöllerimiň birinde men şol ýerde indiki kyrk ýyl galaryn öýdýärdim. Ýöne Reb birdenkä şol wagtky hyzmatymy taşlap, syýahat edýän wagyzçy boljakdygymy aýtdy. Bu üýtgeşme bir sagadyň içinde bolmady, ýöne ol gelende, edil tüweleý kimin geldi. Men hem öz çakylygymyň indiki möwsümine geçmäge taýyndym. Meniň goşlarym jemlengidi.

masyna geçiş tapgyrydyr. Hemme zadyň amal bolup, bir ýere jemlenmeginiň aladasyny Oňa tabşyryň... Onuň ýanyndan ýöne ýöräp gidiň! Ol Hudaý – Başlyk we Amal Ediji. Biziň bar etmeli zadymyz – Oňa ynanmak we Onuň *şu gün görkezýänlerine tabyn bolmak!*

Men her gezek Hudaýyň meni wagyzçy hyzmatyna nädip tassyklajakdygyna indi-hä düşündim diýip pikir edenimde, Ol maňa söýgi bilen: "Jon, sen munuň bolmajak ýene-de bir ýoluny tapdyň!" diýýärdi. Bu hakykatdy; Ol maňa bu hyzmaty bütinleý oslanylmaýan tärde berdi. Häzirki wagtda manyly durmuşda ýaşamagymyz üçin, Hudaý bizi (özümizden wagty hoş adamlary däl-de,) şükürli edýär.

## Hudaýyň isleýşi ýaly hereket ediň

Hudaý Öz ygtyýarlygyny we güýjüni adama berende, oňa berlen ygtyýarlyk bilen güýç näçe köp boldugyça, Rebbiň Ruhuny bitabyn bolany üçin şonça-da köp jeza berilýär. Musa kyrk ýaşyndaka öz işleýşi ýaly hereket edeni üçin Hudaý oňa jeza bermedi, sebäbi Hudaýyň ygtyýarlygy we güýji heniz onuň üstünde däldi. Soňra welin hemme zat üýtgedi. Sin çölünde halk Musa garşy çykyp, onuň getiren ýeri barada zeýrendi. Olar suwsap, suw islediler. Şonda Hudaý Musa näme etmelidigini aýtdy:

> "Hasany al we doganyň Harun bilen halky ýygna. Onsoň olaryň gözüniň alnynda gaýa: 'Suw ber!' diýip buýruk ber. Şeýdip, halka gaýadan suw çykaryp berersiň we olaryň mallaryny suwa ýakarsyň" (Çölde 20:7-8).

Hudaý Musa gaýa aýtmagy buýurdy. Emma Musanyň näme edendigi barada okaň:

> "Soňra Musa elini ýokary galdyryp, hasasy bilen gaýany iki gezek urdy welin, gaýadan şaglap, suw akyp başlady. Bütin halk we olaryň mallary suwdan gandylar. Emma Reb Musa bilen Haruna:

‘Maňa doly ynanman, ysraýyllaryň gözüniň alnynda Meniň mukaddesligimi ykrar etmändigiňiz üçin, siz bu jemagaty olara beren ýurduma getirip bilmersiňiz’” (Çölde 20:11-12).

Hudaýyň muňa seredip duran millionlarça adama suw berendigine üns beriň. Täsin zat! Gaýadan suw akýar – ýigrimi birinji asyrda şeýle gudrat barada eşiden barmy? Şunlukda, Musa Hudaýyň suwy gaýadan nädip çykarmalydygy baradaky sözlerine gulak asmadyk hem bolsa, bu beýik gudrat amal boldy. Suw adamlaryň mätäçligine jogap hökmünde berlipdi. Hudaý Musany jezlandyrmak üçin adamlary suwsuz goýmady. Ýöne onuň bitabynlygynyň soňy bardy: Hudaý Musa adamlary wada berlen Topraga alyp girmäge ygtyýar etmedi.

Bu waka Hudayň gudratly mesh etmesiniň onuň berlen adamyny beýgeltmek üçin däl-de, adamlaryň hajatlary üçin edilýändigini görkezýär. Belki, Musa şeýle boýnyýogyn halky äkitmeli bolandygy üçin halkdan we Hudaýdan biraz göwni geçendir. Belki, Musa Sin çölünde ozal edişi ýaly, hasasy bilen gaýa urdy (Çölde 17:1-7). Ýa-da Musa öz liderligine ýüzleý garap başlan bolmagy ahmal; belki, ol öz dogry hasap eden zatlarynyň ählisini Hudaý oňlar öýdendir. Ol ýene-de öz isleýşi ýaly hereket etdi, ýöne bu gezek netijeleri has çynlakaý boldy. Musa Hudaýyň güýjünde we ygtyýarlygynda gezýärdi; onuň ähli güýji Hudaýa garaşlylykda ýüze çykýardy. Şindi bolsa, halkyň öňünde Hudaýa garaşsyz halda çykyş edende, Musa jezasyny tiz aldy.

Hut şu sebäpden Ýakup 3:1-de şeýle ýazylan: “Eý, doganlarym, hemmäňiz ýygnakda öwrediji bolmaň! Sebäbi biz öwredijileriň has berk höküme duçar boljakdygymyzy bilýänsiňiz”. Jogapkärçilik bilen şöhrat näçe köp bolsa, jeza şonça-da köp bolýar.

Çöl bizi Rebbiň güýjünde we ygtyýarlygynda gezmäge taýynlaýar; ol muny bitabynlyk zerarly höküme duçar bolmazymyz ýaly tärde öwredýär. Gurak çölde tekepbirlik peselýär, pespällik bolsa beýgelýär. Hakykatdan-da, pespäl adam  Isa Mesihiň gezişi ýaly gezip: “Muny Rebbiň Ruhunyň edýändigini görmesem, asla hiç zat etmen. Men öz güý-

jümde we başarnyklarymda hiç zat” diýip janygyp aýdýar.

Bizi has uly jezadan goramak üçin, Hudaý häzirki döwürde şeýle köp ýygnaklarda Öz güýjüni we ygtyýarlygyny aýan etmekden saklanýan bolmagy ahmalmy? Men Onuň hut çölde ten tebigatyny ruhy tebigatdan aýyrýandygyna ynanýaryn; Ol çölde bizi Özüni çagyrmaga we Oňa gulak asmaga höweslendirýär, Onuň şöhraty aýan bolanda, Onuň adyna öwgi aýtmagy, diňe *Onuň isleýşi ýaly* hereket etmegi öwredýär.

Ruhuň sesini eşidiň. Goý, Ol siziň üçin taýýarlan işini nädip etmelidigiňizi size görkezsin. Rebbiň aýdýanlaryny we edýänlerini görüň we eşidiň:

> “Gözegçilik edýän ýerimde duraryn, diňiň üstüne çykaryn. Rebbiň maňa näme diýjegini bileýin, şikaýatyma näme jogap berjegini göreýin. Reb maňa şeýle jogap berdi: ‘Aýanlygy ýaz, habarçy bir nazarda okar ýaly, ony düşnükli hem aýdyň edip ýaz. Aýanlyk bellenen wagt üçindir, ol soňky günleriňiz hakda aýdýar, bu ýalan däl. Haýal bolsa-da, sen oňa garaş, ol wagt hökman geler, eglenmez. Sered-ä olaryň tekepbirligine! Olaryň niýeti betpäl, emma dogruçyl iman bilen ýaşar” (Habakuk 2:1-4).

Pygamber şeýle diýýär: “Gözegçilik edýän ýerimde durup, Rebbiň maňa näme diýjegini bileýin” Hudaýyň Ruhunyň gürleşýän usullarynyň biri – görnüşler. Isa Mesih diňe Atasynyň edýänlerini *görüp* edendigi barada aýtdy. Habakuk onuň öz görenlerini ýazjakdygyny we bellenilen wagtda görenleri bilen ylgajakdygyny aýdýar. Ol sözüni dowam edip, tekepbir janyň köşeşmejekdigini (bu Rebbden bolan Söze garaşman, Hudaýyň aýdýanlary barada görnüş alman ylgaýan adamlar barada) aýdýar. Ýöne dogruçylyň başga biriniň däl-de, öz imany bilen ýaşajakdygyny aýdýar!

Iman Hudaýyň aýdaýanlaryny eşidip, olara tabyn bolanymyzda gelýär. Hut şu sebäpden Hudaý adamyň “diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem, Rebbiň agzyndan çykýan her bir sözi bilen hem ýaşaýandygyny” (Kanun taglymaty 8:3) görkezmek üçin, ysraýyllary çöle äkitdi. Onuň “çykýan” diýip, geçen zamany däl-de, häzirki wagty göz öňüne tutýan-

dygyna üns beriň.

Hudaýyň Sözi bize öwüt berýär: “Üns beriň, özüňize gepleýän (häzirki zaman) Hudaýdan ýüz öwürmäň! Özlerine ýerde Gepläni ret edenlerinde, gaçyp gutulyp bilmedik bolsalar, onda biz gökde Gepleýänden ýüz öwräýsek, jezadan asla gutulmajakdygymyz mese-mälim görnüp dur ahyry” (Ýewreýler 12:25). Ýöne şu hemişe ýadyňyzda bolsun: Onuň aýdýanlarynyň hemmesi Mukaddes Ýazgylara laýyk gelýändir.

Emma siz öz pikiriňizi tassyklamak üçin Mukaddes Kitapda parçalar agtarýan bolsaňyz, bu Hudaýyň ýoly däldir. Isa Mesih Özüne şeýle diýip bilerdi: “Men syrkawlara şypa bermäge mesh edilen; şonuň üçin-de, Men ozal edişim ýaly, gidip, Lazaryň üstüne elimi goýaryn”. Emma muňa derek Ol Hudaýyň Ruhunyň hereket edip başlamagyna garaşyp, diňe şondan soň ýola düşdi.

Çöl – bu haýsydyr bir zady Özüniň ýa-da Onuň ugrukdyrmasynyň bolmadyk ýagdaýynda etjek bolýan synanyşyklarymyzyň biderek bolýandygyny öwretmek üçin bizi getirýän ýeridir. Biz teniň bakylyk üçin hiç ähmiýetli zady edip bilmeýändigine hakykatdan-da aň ýetirenimizde, Onuň bize ynanan arzuwlaryny we meýillerini amal etmäge taýyn bolýarys. Çöl – bu taýýarlyk ýeri, bu wadanyň berjaý ediliş prosesi. Geliň, Isa Mesihiň göreldesine eýereip, öz isleýşimiz ýaly däl-de, Hudaýyň isleýşi ýaly etmek üçin, Ruhuň ugrukdyrmasyna eýereliň.

12

# ÇÖLDÄKI ÝEŇIŞ

*“Biziň ähli gaýgy-hasratlarymyz-da biz ýaly ölümli. Başy ölümsiz adamlar üçin ölümsiz gaýgy-hasratlar ýok. Olar gelýärler, ýöne Hudaýa şükür, olar gidýärler hem. Olar gökdäki guşlar kimin başymyzyň üstünde uçýarlar, ýöne janymyzda mesgen tutup bilmeýärler. Biz şü gün hasrat çekýäris, ertir bolsa şatlanarys”.*

**– Çarlz Sperjen**

*“ Gökden aýanlyk bolmasa, halk jylawsyz bolýandyr. Kanuny berjaý edýän bolsa bagtlydyr”.*

**– Süleýmanyň pähimleri 29:18**



Çöl – bu biziň ahyrky barmaly ýerimiz däl-de, gatnaýan ýerimiz. Eger siz dogry hereket etseňiz, çölde ýeňiş gazanyp, onuň çäklerinden çykarsyňyz!

Meniň çöllerimiň birinde ymtylyşym gutardy. Men ýaşlar çopanydym we çöl juda uzyn bolup göründi. Men ýagdaýym aslynda üýtgejekmikä beri diýip oýlanyp başladym. Emma günleriň birinde, meniň gönüden-göni başlygym bilen bagly ýaramaz ýagdaýlaryň başlamazyndan biraz öň Hudaýyň Ruhy durmuşymda özgerişlikleriň boljakdygyny maňa görkezdi. Hudaý şut şol döwürde meni "Amerikanyň günbatar kenarýakalaryndan tä gündogar kenarýakalaryna, Kanadanyň serhedinden tä Meksika çenli, Alýaska we Gawaýa... ýurtlarynyň ýygnaklaryna we şäherlerine" iberjekdigini aýan etdi.

Ýöne eýýäm aýdyşym ýaly, bu ertesi gün ýa-da hatda hepdäniň dowamynda bolmady. Hakykatda, hiç bir goşmaça tassyklamasyz alty aý geçdi. Soňra meniň baş çopanym ýygnaklaryň birinde Hudaýyň oňa bir çopanynyň (ýygnagyň ştatynda biz on bir çopandyk) tizara syýahat edýän we doly iş günündäki wagyzçy boljakdygyny we ýygnagymyzyň ştatynda mundan beýläk hyzmat etmejekdigini aýan etdi.

- Jon Biwer, şol adam – sen, - diýip aýtdy.

Ýene-de wagt (has anyk aýtsam, ýene alty aý) geçdi; çölde sergezdan bolmagymyň wagty ýene uzady. Onsoň birdenkä, bary-ýogy üç hepdäniň dowamynda men wagyz etmek üçin ýedi çakylyk aldym.

Bir ýygnak Kanadanyň serhetýakasyndan bir sagatlyk ýol aralygynda, beýlekisi gündogar kenarýakada – Floridada, üçünjisi Ýuwaş okeandan bir sagatlyk ýerde, üçünjisi Meksikanyň serhetýakasynda ýerleşýärdi! Men bu çakylyklar bilen näme etmelidigimi soramak üçin, çopanymyň otagyna girdim, ol bolsa gülüp, şeýle diýdi:

- Jon, men saňa Rebbiň maňa görkezendigini aýtdym-a. Seniň bu ýerdäki hyzmatyň tamamlanaýdy öýdýän.

Şondan köp wagt geçmänkä (1990-njy ýylyň ýanwarynda) ýygnakda çopan men bilen Lizanyň üstüne ellerini goýup pata berdi we şondan bäri biz doly iş wagtynda syýahat edýäris! Men durmuşymyzdaky netijeleriň *has köp* (“has köp” sözüne mundan artyk baha berip bilemok) bolmagyny Hudaýyň wagtyna garaşandygymyz sebäpli boldy ynamly aýdyp bilýän. Eger biz özümiň eýýäm taýýar bolandyryn öýden wagtym başlan bolsak, beýle netijeler bolmazdy.

Men size öz çakylygyňyzda şeýle köp netijeleri görmegi tüýs ýürekden arzuw edýärin. Hut şu sebäpden men, eýýäm altmyş ýaşap barýan, Hudaýy örän söýýän adam siziň bilen şeýle göwnaçyk, dogruçyl we açyk boldum. Men siziň öz çakylygyňyzda üstünlikli bolmagyňyzy isleýärin! Şonuň üçin-de, kitabymyň ahyrynda size birnäçe wajyp pikirleri maslahat bermäge rugsat beriň.

## Dogry maksat we niýet

Biziň ünsümiz Hudaýyň maksadyna ýetmekde bizi yza çekjek bolan garşylyklara däl-de, hut şol maksadyň özünde jemlenmeli. Eger biz dogry bellenilen punkta barmakçy bolsak, biziň görnüşimiz dogry bolmaly. Uzak aralygy geçip-de, nädogry pellehana ýetmek diýseň erbet bolardy! Ýaragy nädogry nyşana tutup atmak heläkçilik bolardy!

Fariseýler örän yhlasly we erjeldi, ýöne olaryň maksady egoistikdi. Olarda dogry görnüş ýokdy, şonuň üçin-de, olar nyşana düşmediler.

Hudaýyň biz, ýagny Öz halky üçin maksady we niýeti nähili? Ol Efesliler hatynda: “Hemme zady Öz islegine laýyklykda ýerine ýetirýän

Hudaý Öz niýetine görä bizi öňden belländigini” aýdýar (1:11).

Köp adamlar “öňden bellemek”, “öňden bellenilmek” diýen sözleri eşidenlerinde kesgitsizligi duýýarlar. Bu pikire düşünmek üçin, geliň bu jümläni böleklere böleliň. “Öňden” diýmek haýsydyr bir zatdan “öň”, “başdan” diýmegi aňladýar. “Bellenilen” bolsa “bellik edilen”, “ahyrky ýetilmeli ýer” diýmegi aňladýar. Bu iki manyny birleşdirsek, “ahyrky ýetilmeli ýeri öňden kesgitlemek, bellemek” diýen manyny alýarys. Şunlukda, Efesliler 1:11 bize Hudaýyň Öz maksadyny berjaý etmekde adamzat üçin niýetini bizi ýaratmazyndan öň belländigini görkezýär.

Rimliler 8:28-29-de şeýle ýazylan:

> “Biz Hudaýy söýýänler we Onuň maksadyna görä çagyrylanlar üçin hemme zadyň olaryň peýdasyna edilýändigini bilýäris. Çünki Hudaý olary ezelden saýlap-seçdi we Ogluna meňzetmegi owaldan karar etdi. Ol muny Isa Mesihiň köp sanly doganlarynyň arasynda nowbahar bolmagy üçin amal etdi”.

Hudaýyň biziň üçin ilkibaşdan bellän maksady – Hudaýy söýmek we Isa Mesihe meňzemek. Durmuşymyzda ýa-da hyzmatymyzda eden zatlarymyzyň bary şu maksada ýetmäge gönükdirilmeli! Sizi döredende, Hudaýyň ilkinji maksady siziň üstünlikli hyzmata goşulmagyňyz, Hudaýyň Şalygy üçin millionlarça dollary sadaka bermegiňiz, meşhur suratkeş bolmagyňyz ýa-da beýleki işlerde wezipe gazanmagyňyz däldi. Onuň maksady hatda sarkawlara şypa bermek, ynsanperwerlik kömegini bermek, adamlary jyns gulçulygyna satýanlaryň pidalaryny halas etmek, erbet endiklerden halas etmek we azaşanlary Isa Mesihe getirmek hem däldi. Bu işler her näçe abraýly we dogry bolsa-da, biz olary edýän köp adamlaryň pellehana ýetmändigine düşünmeli. Olar öz ylgawlaryny şowsuz gutardylar, sebäbi ähli ünsüni hyzmatlarynyň asyl maksadyna däl-de, hyzmatyň diňe özüne gönükdiripdiler.

Indi bolsa şu soraga jogap bermek gerek: “Biziň Isa Mesiňe meňzemegimizi öňden bellemeginiň maksady näme?” Munuň jogaby

ýönekeý: Ol bizi söýdi we “Isa Mesih arkaly bize eden merhemetiniň we mähremliginiň ummasyz baýlygyny geljek döwürde görkezmek üçin” (Efesliler 2:7) biziň bilen gatnaşmak isledi.

Liza ikimiziň Leksi lakamly itimiz bar. Ol ajaýyp, oýunçy, şadyýan. Ýöne şonda-da, onuň bilen gatnaşygymyz çäkli. Men onuň bilen gürleşip bilmeýänligime käwagt gaharlanman-da duramok. Ýöne ogullarymyz babatda ýagdaý başgaça. Olar ulaldyça, biz olar bilen edýän gürrüňlerimizden alýan lezzetimiz-de artýardy. Olar biziň durmuşymyza köp zatlary getirdiler. Hudaý hem bizi hut şonuň üçin ýaratdy. Ol meniň Leksi bilen gatnaşygym ýaly pes derejedäki gatnaşygy islänok. Ol ogullarynyň we gyzlarynyň Onuň bilen Öz ýüreginiň derejesinde gatnaşmagyny isleýär.

Onuň ilkibaşdaky maksady hut şeýledi. Reb adamy ýaradyp, ony Erem bagyna ýerleşdirdi. Ol Adamatany söýensoň, onuň bilen gezelenç edýärdi we gürleşýärdi. Adamatanyň neslinden biri Hudaýyň niýetinden ýapyşdy we ol barada şeýle ýazylgy: “Hanok Hudaýyň huzurynda gezdi; soňra ol birdenkä gaýyp boldy, sebäbi Hudaý ony Öz ýanyna alypdy” (Gelip çykyş 5:24). Ýewreýlere hatyň awtory: “Hanok ýokary alynmazyndan öňem Hudaýyň göwnünden turupdy” (Ýewreýlere 11:5). Hanok näme üçin Hudaýyň göwnünden turdy? Üýtgeşik hyzmaty bolany üçinmi? Ýok, sebäbi ol Hudaýyň huzurynda gezdi we Onuň bilen ýakyn gatnaşyk saklady.

Hudaý geçmişde edenleri, şindi edýänleri we gelejekde etjekleri hut şu sebäbe görä ediler. Şunlukda, çölüň maksady – Isa Mesihe meňzemegiň ýoluny görkezmek.

Eger biz Hudaýyň biz babatdaky niýetini gözden sypdyrsak, başymyza gidip, ruhy taýdan gowşarys. Ýygnak hökmünde Hudaýyň maksadyny gözden sypdyrsak, bu dünýäniň ugrukdyrýan guramasyna öwrülip, gurap galarys. Biz Isa Mesihiň keşbindäki şägirtlige derek netijeleri – ýygnaga gatnaýanlarynyň sanyny we ullakan binalary nygtaýarys (Matta 28:19).

Geliň, Süleýmanyň pähilmleri 29:18-i ýene bir gezek okalyň: “Gökden aýanlyk bolmasa, halk jylawsyz bolýandyr. Kanuny berjaý edýän bolsa bagtlydyr”.

Hudaý bu aýatda aýanlyk alanymyzda, onuň bize pes derejeli çakylyga, Onuň keşbine we häsiýetine dönmäge ýardam etmeýän çakylyga kanagat etmäge ýol bermejekdigini göz öňüne tutýar. Bu aýanlyk biz tä Onuň keşbine laýyk bolup, Onuň aýan bolan şöhratyny görüp, Ony ýüzbe-ýüz görýänçäk, kanagatlanlanmaga ýol bermez. Aýanlyk bize Onuň kämil erkinden pes bolan zatlaryň birini-de kabul etmäge ýol bermez. Ol bize gaýgysyz-gamsyz bolup, bu dünýäniň ýörelgesine laýyklykda hereket etmäge ýol bermez.

Isa Mesih görnüş barada aýdanda, şuny diýdi: "Bedeniň çyrasy gözdür. Gözüň sagdyn bolsa, tutuş bedeniň hem ýagty bolar. Gözüň şikesli bolsa, tutuş bedeniň hem garaňky bolar. Eger sendäki yşyk garaňky bolsa, onda ol nähili elhenç garaňkylykdyr! (Matta 6:22-23). Ol biziň fiziki gözlerimiz barada aýdanok, Ol ýüregimiziň gözleri ýa-da biziň garaýşymyz barada diýýär.

Siz hakykaty ýüregiňize nähili kabul edýän bolsaňyz, şolar ýaly hem bolarsyňyz, sebäbi "ýüreginde nähili pikir edýän bolsa, özem şoldur" (Süleýmanyň pähimleri 23:7, NKJV).

Düşen kynçylyklaryňyzy nähili görýänligiňiz olardan nähili geçjegiňizi kesgitlär. Wada berlen topragy synlamaga giden on iki içaly şol bir zady – şol bir berk galalary, şol bir pälwanlary, kengan halkynyň şol bir goşunyny gördüler. Emma olardan ikisi – Nun ogly Ýeşuwa bilen Kalep bularyň baryny beýleki on içalydan başgaça gördüler. Bu ikisi ýagdaýy Hudaýyň ony görşi ýaly gördüler, galan onusy bolsa wada berlen Topragy öz tejribeleriniň we başarnyklarynyň esasynda gördüler. Olaryň gözi erbet bolansoň, olaryň hereketleri (ýa-da Isa Mesihiň aýdyşy ýaly, "tutuş bedenleri") hem erbetdi. Olaryň sözleri we hereketleri Hudaýyň erkine garşydy we Ol olaryň habarynyň "erbet" ýa-da "şumdygyny" aýtdy.

> "Olara aýt, Öz barlygymdan ant içip aýdýaryn, Men siziň nalap aýdan zatlaryňyzyň baryny öz başyňyza getirerin. Şu çölde läşiňizi sererin. Ilat sanawynda hasaba alnyp, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary bolup, Menden nalanlaryň hiç biri Meniň size ornaşmaga

söz beren ýurduma girmez. Oňa diňe Ýepunnäniň ogly Kalep bilen Nunuň ogly Ýeşuwa girip biler” (Çölde 14:28-30).

On içalyny şeýle habary – Hudaýyň olara wada beren zadyny görmekden mahrum eden habary getirmäge näme mejbur etdi? Munuň sebäbi olaryň garaýşydy; olaryň görnüşi pygamberlik görnüşi däl-de, tebigydy. Olar ýöne gören zatlaryny gürrüň berdiler.

Çölden ýeňiji bolup çykmak üçin, biz hemme zady Hudaýyň görşi ýaly görmeli. Hudaý wada berlen Topraga on içalyny ibermezinden bir ýyl öň ysraýyllar eýýäm Hudaýa zeýrenip gelýärdiler. Olaryň garaýşy otrisateldi; olaryň aýanlygy ýokdy, olar başyna gidendi. Şonuň üçin-de, Hudaýyň olara süýt bilen balyň akýan ýurduny görkezen wagtynda, olar gören oňat zatlarynyň baryny ret etdiler. Olar diňe şol ýurtdaky daýaw adamlary gördüler.

Diňe çöli (we onuň bilen bagly kynçylyklary) görýän adamlar şol ýerde hem ölerler. Gözüni wada Berenden we Onuň beren görnüşinden sowmaýan adamlar bolsa çölden geçip, mukaddeslenen söweşijiler bolar; olar öňlerinde ýatan wada edeilen Topragy eýelemäge we onda Hudaýy şöhratlandyrmak üçin taýyn bolarlar.

“Şoňa görä-de, biz ruhdan düşmeýäris (gowşamaýarys, başymyza gitmeýäris)... Çünki ýeňil we wagtlaýyn muşakgatlarymyz bize juda ajaýyp, beýik we baky şöhrat gazandyrar. Şonda bu muşakgatlar edil bolmadyk ýaly bolar. Biz nazarymyzy görünýän zatlara däl-de, görünmeýän zatlara (hemme zady Hudaýyň garaýşy ýaly garaýarys) dikýäris. Sebäbi görünýän zatlar wagtlaýyn, görünmeýän zatlar bolsa bakydyr (2 Korintoslylar 4:16-18).

Aljak zatlarymyz bilen deňeşdirilende, çölde geçiren wagtymyz we ol ýerde çeken kynçylyklarymyz gysgawagtlaýyn we ýeňil hasaplanýar. Eger çölden çykanyňyzdan soň size nämäniň garaşýandygy barada görnüşiňiz bolmasa, ol ýerdäki kynçylyklara ýeňil diýip garamak, elbetde, kyn bolýar.

Ozal, guraklyk möwsüminiň möwjeýän döwründe bolanymda, olar,

elbetde, gysgawagtlaýyn bolup görünmeýärdi. Men käwagt: “Bu haçan hem bolsa gutararmyka? Hudaýyň wada bereni berjaý bolarmyka?” diýip pikir edýärdim. Şeýle pursatlarda men bu pikirleri aňymdam basym aýryp, özümi Rebde ruhlandyrmalydym. Men özüme berlen pygamberlikleri ýada salyp, olaryň kömegi arkaly söweşip başlaýardym (1 Timoteos 1:18). Bu pygamnerlikler durmuşym üçin Hudaý tarapyndan berlen aýanlyklardy,  sebäbi olary maňa Hudaý Öz Ruhy bilen Öz Sözi arkaly açypdy.

Çölde söweş meýdany – siziň janyňyz. Siziň janyňyz aňdan, duýgudan we erkden ybarat. Erk – bu janyň Hudaýyň ýoluny ýa-da ten ýoluny saýlamagy çözýän bölegidir. Ol siziň hakykaty Hudaýyň görşi ýaly görmegi ýa-da ähli ünsüňizi öz kynçylyklaryňyza gönükdirmegi çözýär. Petrus şeýle ýazýar: “Eziz dostlar, janyňyza garşy söweşýän günäli höweslerden gaça duruň diýip ýalbarýaryn. Çünki siz bu dünýäde keseki hem gelmişeksiňiz” (1 Petrus 2:11).

Ähli zat üns merkezinde kimiň durandygyna syrygyp barýar – Reb durmy ýa-da özüňiz? Aňyňyzda we duýgularyňyzda söweşýän ten höwesleri egoistik bähbitlere gönüger. Olar sizi Hudaý tarapyndan berlen aýanlykdan ünsüňizi sowar, sebäbi Hudaýyň ýoly egoizm däl-de, özüňi aýamazlyk.

Häzirki wagtda wagyz edilip, köp adamlar tarapyndan kabul edilýän hoş habar ten durmuşynyň gaýgysyz-gamsyz hoş habarydyr.  Köpçülik tarapyndan kabul edilen habarlaryň köpüsi häzirki döwürde bizi öz tenimizi haça çüýlemäge höweslendirenok; tersine, olar tenimizi  näzirtgemäge höweslendirip, isleglerimize geçirimlik edýärler; bu islegler biziň ahyrky maksadymyza – Isa Meshihe meňzemek maksadymyza garşy söweşýärler. Bu habarlaryň esasy pikiri: “Hudaý menden näme almak isleýär?” däl-de, köplenç:  “Hudaý meniň üçin näme edip bilýär?” bolup durýar. Bu gaýgysyz-gamsyzlyk hoş habary Isa Mesihe eýerse-de, yzarlanmalara duçar boljakdygymyz baradaky hakykaty nygtamaýar. Şeýle hoş habar zerarly köp adamlar özlerinden wagtyhoş durmuşda ýaşap başladylar. Şeýle hoş habar imanlylary Hudaýyň söweşijisi bolmaga şaýyny tutanok.

Resul Pawlus şägirdi Timoteosa ýazan hatynda bu mowzugy gozgaýar: “Isa Mesihiň hakyky esgeri bolup, biziň iman ugrunda görýän görgülerimize şärik bol. Harby gullukdaky esger gündelik durmuşa degişli işlere ulaşýan däldir. Ol öz serkerdesiniň göwnünden turmak isleýändir” (2 Timoteos 2:3-4).

Şu “gaýgy-gamsyz hoş habar” zerarly biz ýolumyzda garşylyklara ýa-da kynçylyklara duşanymyzda, olar bilen ýüzbe-ýüz bolup, olary ýeňmäge derek, yza çekilmäge ýol agtaýarys. “Gaýgy-gamsyz hoş habar” taglymatyndan döreýän görnüşler gökden gelen ýa-da pygamberlik görnüşi däl-de, egoistik görnüşdir.

Pawlus şuny hem ýazýar:

> “Şonuň üçin hem, eý, Agrip şa, men gökden gelen görnüşe
> boýnuýogynlyk etmedim. Ilki bilen Damaskda, Iýerusalimde,
> soňra tutuş Ýahudyýada, şeýle hem, keseki milletleriň arasynda:
> 'Günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň, toba edendigiňizi
> oňat işleriňiz bilen subut ediň' diýip wagyz etdim. Şu sebäpden
> ýahudylar meni ybadathanada tutup, öldürjek boldular”
> (Resullaryň işleri 26:19-21).

Bu dünýäde görnüşler köp, emma gökden bolan ýeke-täk bir görnüş bar, ol hem – Atanyň erki. Pawlusyň aýdýanlaryna üns beriň: “‘Günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň, toba edendigiňizi oňat işleriňiz bilen subut ediň’ diýip wagyz etdim. Şu sebäpden ýahudylar meni ybadathanada tutup, öldürjek boldular”. Ol gökden bolan görnüşe ymtylýardy we uly garşylyga duçar bolýardy. Eger ol häzirki döwürde köpleriň wagyz edýän we adamlaryň ynanýan gaýgysyz-gamsyz hoş habaryna ynanan bolsa, öz görnüşini hiç haçan amal edip bilmezdi. Ol hatda Agrippa patyşanyň ýanyna hem ýetmän, duçar bolan garşylykdan ýa-da ýaňa yza çekilmäge ýol tapardy.

Ýermeýa - gökden bolan görnüşe eýeren we öz tabynlygy sebäpli köpsanly dil ýetirmelere we pikir yzarlanmalaryna sezewar bolan Mu-

## Çölden nädip geçmeli

### #12 Bellikleri ünsli ýazyp goýuň

Şindi, şu setirleri ýazyp otyrkam, men eýýäm 59 ýaşymda. Hemme zat nähili bolup geçdi? Yzyma garanymda, men çöl möwsümlerimiň ömrümdäki iň beýk ösüş wagtlary bolandygyna aň ýetirýärin. Ýöne şol döwürde olar maňa öňegidişlik däl-de, yzagaýdyşlyk ýaly bolup görünýärdi. Hut şu sebäpden biziň köne dostumyz Eýýup şeýle diýýär: “Men öňe ýöreýän – Ol ýok,... Emma Ol meniň ýöreýän ýolumy bilýär, meni synaga salanda, altyn deý päk çykaryn” (Eýýup 23:10).

Men şuny ynam bilen aýdyp bilýän: kitaplarymyň (men eýýäm olaryň 20-sini ýazdym) materiallarynyň 90%-ni men bolelinlik döwründe däl-de, çölde geçirilen gurakçylyk möwsümlerimde ýazdym. Şonuň üçin-de, size berjek maslahatym – çölde bolan wagtyňyzda bellikleri ünsli ediň. Şu möwsümlerde bilýän zatlaryňyz köp adamlara (ýyllar geçenden soň, size hem) güýç berer. Onsoň kim bilýär...belki, wagty gelende, öz başdan geçirmeleriňiz barada kitap ýazarsyňyz!

*Eziz dostum, men size hut şu wagt pygamberlik edesim gelýär. Size aýtjak bolýanyma ymyklyja üns beriň. Hudaý Öz bellän wagtynda siziň durmuşyňyzda köpleriň durmuşyna täsir etjek ähmiýetli bir zady amal eder. Bu Oňa çöl möwsümiňiz üçin Öz niýetlänlerini amal etmäge ygtyýar beren ýagdaýyňyzda bolar. Onuň etjek zatlary köp adamlaryň durmuşyna täsir eder we bütin bakylygyň dowamynda öz tabynlygyňyzyň hasylyny görüp, şatlanarsyňyz. Dostum, siz altyn ýaly synagdan geçen, güýçli we sadyk bolup çykarsyňyz.*

kaddes Ýazgylardaky adamlaryň ýene biridir. Günleriň birinde ol şeýle ýagdaýyndan ýadap, biraz zeýrenip, şeýle diýdi. Ol: “Näme üçin erbetleň ýoly rowaçlanýar? Näme üçin haýynlar asuda ýaşaýar?” (Ýermeýa 12:1).

Hudaý oňa duýgadyşlyk bilen jogap bermedi. Ol şeýle diýdi: “Eý, Ýermeýa, pyýadalar bilen ylgap ýadaýan bolsaň, onda atlylar bilen nädip ýaryşjak?” (Ýermeýa 12:5). Başga sözler bilen aýdylanda, “Ýermeýa, eger sen iblisiň pyýada esgerlerinden ýadaýan bolsaň, onuň atly goşunyna duşanyňda näme etjek?”

## Uruş söweşlerden ybarat

Biz uly söweşsiz uly ýeňişleriň bolmaýandygyny ýatda saklamaly. Ýermeýanyň ýagdaýy öňküden-de agyrlaşdy. Dil ýetirmeleriň üstüsine, ony zyndana taşladylar, biraz soň bolsa, guýa sallap, ony şol ýerde ölmäge taşladylar. Ýöne şonda-da, Hudaý ony ähli kynçylyklaryndan we yzarlanmalaryndan dyndyrdy.

Häzirki wagtda Isa Mesihiň Bedenindäkileriň köpüsi Pawlusyň duçar bolan fiziki yzarlanmalaryna däl-de, akyl taýdan edilýän hüjümlere sezewar bolýarlar. Garşylygyň görnüşi üýtgese, biz nähili hereket ederis? Gelejekdäki söweşleriň hötdesinden gelip bilerimiz ýaly, şindiki kynçylyklarymyz bizi berkitmeli.

Çöl - harby okuw lageri we gelejekki söweşleriň türgenleşik meýdançasy. Esgerleri urşa taýynlamak üçin okuw lagerine iberişimiz ýaly, Hudaý Öz esgerlerini Onuň Şalygynda çagyrylan işlerini amal etmäge taýynlamak üçin çöle iberýär. Okuw lagerlerinde esgerleriň böwsüp geçmeli iň uly böwetleri – olaryň gorkusy, ejizlikleri we sustupesligi. Şonuň ýaly, çölde girişýän uly söweşlerimiz hem ruhy çäklerde ýerlerşýär.

Çölde duşýan iň uly böwetlerimiziň biri – *sustupeslik*. Günleriň birinde, dileg edýärkäm, Reb menden batyrgaýlygyň gapma-garşylygynyň nämedigini sorady.

Men: “Elbetde gorky” diýip jogap berdim.

Ol pyşyrdap: “Sustupeslik” diýdi. Men “batyrgaýlyk” sözüne bu nukdaýnazardan garap görmändim. Men Nun ogly Ýeşuwa sekiz gezek batyrgaý, berk we gaýratly bolmak barada aýdylanda (Çölde 13:20; Kanun taglymaty 31:6, 7, 23; Ýeşuwa 1:6, 7, 9, 18), munuň sustupes bolmazlyk baradaky öwütdigine derrew düşündim. Hudaý munuň iň uly kynçylygyň boljakdygyny bilýärdi. Çölde we söweşlerde ünsümizi Hudaýa we Onuň çakylygyna gönükdirmän, özümize gönükdirenimizde, sustupeslik üstümizi basýar.

Duşmanyň maksady – ünsümizi özümize gönükdirmek; ol çölde hut şeýle etmäge synanyşypdy. Isa Mesih ajykdy, sebäbi Ol kyrk gün hiç zat iýmändi; iblis gelip: “Eger Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, onda şu daşlaryň çörege öwrülmegini buýur” diýdi ” (Matta 4:1-11). Synag Isa Mesihiň ten islegini berjaý etmek üçin Hudaýyň güýjüni Onuň üpjün etmek meýlinden daşarda ulanmakdan ybaratdy. Biz şuny ýatda saklamaly: Hudaý ruhy peşgeş berende, şol peşgeş bilen jogapkärçilik hem gelýär, biz ony nädogry şekilde ulanmaly däl-de, ony Hudaýyň isleýşi ýaly ulanmaly. Hudaý Isa Mesihiň mätäçlikleriniň öwezini dolmakçydy, ýöne bu Onuň garamagyna görä bolmalydy. Perişdeler iblis gidenden soň gelip, Isa Mesihe hyzmat etdiler.

Isa Mesihiň Öz hyzmaty barada aýdanlaryny ýene bir gezek okalyň:

> “Isa olara şeýle jogap berdi: ‘Hakykatdan hem, Atasynyň eden zatlaryny görmese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony edýändir’’’(Ýohanna 5:19).

“Görmek” diýen söze üns beriň. Isa Mesih Hudaýyň erkinden daşarda hiç zat etmeýärdi.

Gurakçylyk wagty Hudaýyň ýoluna garaşman, hemme zady özüňçe etmek islegi aldawa salyp bilýär. Ol haýsydyr bir zady Hudaýyň bellän wagtyndan öň almak üçin Hudaýyň güýjüni ulanmagy aňladýar. Söweşde serkerdäniň buýrugyna garaşman urşa girişýän esgeri göz öňüne getirip bilýäňizmi? Bu esgeriň özi we onuň egindeşleri üçin zyýan getirip bilýär.

Okuw lagerinde we taýýarlyk döwrüniň bütin dowamynda esger özüniň we ýoldaşlarynyň janyny söweş wagty biderek howp astyna salmazlyk üçin, buýruklary ýerine ýetirmegi öwrenýär.

Gökleriň bize açan zatlaryny unutmazlyk örän wajypdyr. "*Men hökman jogap bermeli!*" ýa-da "*Men şu wagt hereket etmeli, ýogsa hemme zat dargar*" diýip pikir ediljek ýagdaýlar bolar. Eger Hudaý size jogap bermeýän bolsa, bu Onuň siziň bilen *gepleşmeýändigini* aňlatmaýar! Hudaýň siziň durmuşyňyza köp zat babatda goşulan. Şeýle ýagdaýda Ol size şuny "habar berýär": "Saňa şu wagt hiç zat etmek gerek däl" Şeýle ýagdaýlarda biz ýagdaýy öz güýjümiz bilen üýtgemäge dyrjaşman, Rebbe garaşmaly:

> "Rebbe umyt bagla; mert bol, goý, güýçlensin seniň ýüregiň;
> Rebbe umyt bagla" (Zebur 26:14).

Eger biz ünsümizi Onda däl-de, özümizde jemlesek, ýüreklerimize sustupeslik we agyrlyk geler. Biz ünsümizi sowdurmaga we ähli ünsümizi diňe "ýeňil ejirimize" gönükdirmäge ýol bemeli däl. Muňa derek biz baky şöhratyň çäksiz bolelinliginden nazarymyzy sowmaly däl. Bu bolsa diňe kynçylyklar wagtynda döreýändir (2 Korintoslylar 4:17).

Gelejekki şatlyk, ine, şudur, ol biziň görnüşimize öwrülmelidir.

## Gelejekki şatlyk

> "Eý, doganlar, her hili synaglara duçar bolanyňyzda, muny uly şatlyk hasap ediň. Sebäbi imanyňyzyň synalmagy bilen çydamlylygyňyzyň artýandygyny bilýänsiňiz. Her bir işde ahyryna çenli çydaň, şonda kemsiz-kössüz, berk we kämil bolarsyňyz" (Ýakup 1:2-4).

Şatlyk – bu ruhy güýç; ol bize kynçylyklary we synaglyry geçmäge kömek edýär. "Muny bir tarapdan şatlyk, bir tarapdanam gynanç hasap ediň" diýilmän, "Uly şatlyk hasap ediň" diýip ýazylandygyna üns beriň. Biz ýüregimizde hem şatlygyň, hem-de gynanjyň bolmagyna ýol bermeli däl.

Muňa şeýle tärde garaň: siziň zynjyryňyz bar diýeli; onuň 99 halkasynyň şatlykdan we diňe ýekeje halkasynyň gynançdan bolsa, zynjyryň berkligi hut şol gowşak halka boýunça kesgitleniler. Durmuş ýagdaýlaryňyzda gerek bolan güýjüňiz bolar ýaly, zynjyryňyz ýüz halkadan ybarat bolmaly we onda ýekeje-de gynanç halkasy bolmaly däl.

Biz hemme zadyň oňat bolan ýagdaýynda şatlanmagyň aňsatdygyny bilýäris. Ýöne bärde bu barada aýdylmaýar. "Uly şatlyk hasap ediň" diýilýän wagty – synaglar wagty: çöl, yzarlanmalar, kynçylyklar, ejirler we başga agyr günler. Hudaý şu barada diýýär, sebäbi Ol "Taňrymyzyň öňündäki şatlyk size güýç-kuwwat berer" (Nehemýa 8:10). Onuň bilen ýakyndan gatnaşmakdan döreýän şatlyk bize gujur-gaýrat berýär.

Meniň aýalym we tutuş maşgalam: ogullarym, gelinlerim, agtyklarym maňa şatlyk getirýär! Men öýden uzakda bolanymda, olar bilen düşen suratlarymy açýaryn we bu maňa her gezek şatlyk berýär. Bu maňa gujur-gaýrat hem berýär.

Nehemýa hem öz adamlaryna hut şu barada aýdýar. Olar kyn döwri başdan geçirýärdiler, şonuň üçin-de, Nehemýa şeýle gygyrdy: "Kynçylyklar sebäpli gaýgylanmaň; nazaryňyzy Rebbe gönükdiriň. Sebäbi Oňa ýakynlaşanyňyzda, ýüregiňiz şatlykdan dolup, gujur-gaýrat alarsyňyz" (meniň parafrazym).

Öwgi siziň ünsüňizi Rebbe gönükdirip, özüňizden sowar. Synaglaryň möwjeýän wagty duçar bolýan güýçli basyşlar zerarly Rebbiň güýji barada aňsat unudylýar. Dawut mezmurlarynyň köpüsini synaglar döwründe ýazdy. Hudaýa şükür, ol şeýle kyn ýagdaýlarda hem gujur-gaýratly galmagy başardy.

Işaýa 61:3-de Hudaý bize: "...külüň deregine owadan başatgyjyny, ýasyň deregine şatlyk ýagyny, gamgyn ruhuň deregine alkyş donuny berýändigi" barada aýdýar.

Men güýçli gurakçylygy duýýan döwrümde bu aýda täzeçe düşünşim ýadyma düşýär. Men öýde bir özüm boluň, güýçli agyrlyk duýdum. Men Mukaddes Kitaby elime aldym, ýöne zordan okap bildim. Men dileg edip başladym, ýöne öňküden-de erbetleşdi. Men içimden Hudaýyň Ruhunyň:

“Öwgi nagmaly kompakt-diskleriň birini aýtdyr” diýenini duýdum. Men stereosistamyň duran otagyna baryp, öwgi aýdymlaryny aýtdyrdym we özüm-de şoňa goşulyp, aýdyp başladym. Ýöne bu ýeterelik bolmansoň, men Rebbiň öňünde tans etmäge synanyşdym. Meniň ýüregimde agyrlyk bardy, men edil suwuk gurşunyň içinde tans oýnaýan ýalydym. Meniň göreşendigimi aýtmak-da gerek däl.

Aýdymlar gutarandan soň, men olary gaýtadan aýtdyrmalydygyny duýdum. Men ikinji gezek aýtdyranymda, aýdýan aýdymymy eşidip başladym. Birdenkä, bir pursatlyk, men öz ýüregimde Isa Mesihiň tagtda oturşynyň we Onuň beýik söýgüsiniň ýalpyldysyny gördüm. Meniň ýüregim şatlykdan doldy we men hezil edip tans oýnap başladym. Men nazarymyň özümden aýrylyp, Isa Mesihiň şanlylygyna gönükdirilendigini duýdum. Soňraky ýarym sagadyň dowamynda men kiçi öýümiziň içinde aýdym aýdyp, tans edip, ýabany adam ýaly ylgadym. Agyrlyk gitdi we men bary-ýogy ýarym sagat ozal bolmadyk durmuşdan we güýçden doldum.

Men Ony şöhratlandyranymda, ähli ünsümi ýene-de Onda jemledim. Men Işaýanyň aýdýanlaryny öz başymdan geçirdim: “Şatlyk bilen guýulardan suw çekişiňiz deý, şatlyk bilen-de halas edilersiňiz” (Işaýa 12:3). Men Rebbiň şatlygy arkaly gutulyş gözbaşlaryndan güýç alyp başladym.

Öwgi bize nazarymyzy özümizi gurşaýan ýagdýalara däl-de, gelejekki şatlyga gönükdirýär.

> “Bizi şeýle köp şaýatlaryň gurşaýandygy üçin, päsgelçilik döredýän her hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlalyň-da, öňümizde duran ýaryşda sabyrlylyk bilen ylgalyň. Geliň, gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol geljekdäki şatlyga gowuşmak üçin, masgaraçylygy hiç saýyp, haçdaky ölüme döz geldi we Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy. Siz aryp, ruhdan düşmez ýaly, Isa hakda pikir ediň. Ol günäliler tarapyndan köp ezýet çekip, hemmesine çydady. Günä garşy alyp barýan söweşiňizde, siz entek ganyňyz dökülýänçä garşylyk görkezmediňiz” (Ýewreýler 12:1-4).

Isa Mesih öňde-soňda hiç kimiň duçar bolmadyk we bolmajak kynçylyklaryndan geçende, nazaryny gelejekki şatlyga – haça çüýlenmäniň yzýanyndan gelen direlişe dikdi. Bu Onuň tabynlyk bilen çeken jebirleriniň yzýanyndan gelen şöhratdy. Netijede, köp oguldyr gyzlaryny, şol sanda meni hem Onuň şalygyna getirdi!

Biz Onuň yzyna, ine, şeýle eýerýäris. Özümizi ret edip, tenimizi haça çüýlemäniň yzýanyndan bize direliş durmuşy garaşýar. Ten jepalaryndan soň bize şeýle gerek bolan kämillik ýatyr; biz ol arkaly Isa Mesih bilen has ýakyn gatnaşyklary gurup bilýäris. Çöldäki kynçylyklaryň yzýanyndan uly şöhrat gelýär. Pawlus şeýle ýazýar:

> "Meniň pikirimçe, şu wagtky görgülerimizi bize aýan boljak gelejekki şöhrat bilen deňeşdirip-de bolmaz" (Rimliler 8:18).

Hudaýyň şöhraty ýygnaga Ol gelmezden öň aýan ediler. Onuň gerimi diýseň ägirt bolup, şäherleri we ýurtlary halas eder. Isa Mesihe eýerip, Hudaýa özlerini päklemäge ygtyýar eden şägirtler arkaly mälim bolýan Onuň güýjüniň şeýle aýan bolşuny Ýer ýüzi ozal hiç haçan görmändi. Onuň Ruhunyň dökülmesi bol hasyla äkider, ol ynsan goldawyna mätäç bolmaz. Ony Hudaýyň güýji we şöhraty goldar!

> "Mähribanlarym, sizi synamak üçin başyňyza inen ot belasyna geň zada sataşan ýaly haýran galmaň. Tersine, Mesihiň çeken ejirlerine şärik bolýan ýaly şatlanyň. Onuň şöhraty aýan bolanda, şatlygyňyzyň çägi bolmaz" (1 Petrus 4:12-13).

Şunlukda, gelejekki şatlygymyz näme zat? Bu Isa Mesihe tabyn bolup, ejir çekenlerimizde aýan boljak Onuň şöhratydyr. Üns beriň, siziň jebirleriňiziň ölçegi şatlygyňyzyň ölçegine barabar bolar. Şuny bilip goýuň: garşylyk näçe köp bolsa, şöhrat şonça-da köp bolar!

## Janyňyzy aýamaň

Eý, dostum, garşylyk gelende, Hudaýa eýermegiňizi bes etmäň! Men Onuň sizi kyn durmuş ýagdaýlaryndan geçirjekdigini bilýärin, sebäbi söweş näçe uly bolsa, Hudaýyň Şalygy we siziň üçin ýeňiş şonça-da uly bolýar. Ýöne şu söweşleriň tutuşan wagty hemişe şu aýady ýatda saklaň:

> “Hudaý sadykdyr! Ol siziň güýjüňiziň çatmajak synagyny bermez. Siz synaga düşeniňizde, Hudaý çykalga-da açar, synagdan üstün gelmek üçin gujur-gaýrat-da berer” (1 Korintoslylar 10:13).

Synagyň nähilidigine garamazdan, siziň ony üstünlikli we şöhratly geçmäge güýjüňiz bolar. Eger şeýle bolmasa, siz oňa duçar bolmazdyňyz; Hudaý oňa ýol bermezdi!

Eger siz janyňyzy gowy görýän bolsaňyz, kyn pursatda ýeň berersiňiz. Siz Oňa eýermegi bes edersiňiz we durmuşyňyzyň miwesi bolmaz.

Aýanlyk kitabynda şeýle ýazylgy:”Olar Guzynyň gany arkaly, öz şaýatlyklary arkaly ony ýeňdiler. Hatda ölüm howpy üstlerine abananda-da, janlaryny aýamadylar” (12:11).

Janlarynyň gowy görýan adamlar – bu özleri barada Hudaýyň erkinden has köp alada edýän adamlar. Ýöne Isa Mesih şeýle diýýär: “Kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň ugrumda ýitirse, ony halas eder” (Matta 16:25).

Bize öňde garaşýan kynçylyklara döz gelmegiň ýeke-täk usuly – janyňy ýitirmek. Men sizi tä “üstümize ýokardan Ruh dökülýänçä, çöl hasylly meýdana öwrülýänçä, mes toprakly ýer tokaýa dönýänçä” (Işaýa 32:15) öňe hereket etmäge dyrjaşyň diýip çagyrasym gelýär.

Çöl – bu ýaragymyzy taşlap, ýeň bermeli ýerimiz däl. Biz Hudaýyň yradasyny berjaý etmek üçin, çölde güýçli, batyrgaý we gaýduwsyz bolmaly. Bu biziň Hudaýa çydamlylyk bilen tabyn bolmaly we iblise garşy durmaly ýerimizdir.

Eger siz häzir çölde bolsaňyz, ýüregiňizde nämeleriň bardygyny bilmegiňiz üçin, Hudaý sizi bu ýere getirendir. Meniň köplenç iblisiň hile-

pirimleri diýip hasaplan zatlarym durmuşymyň Isa Mesihe tabym etmeli gizlin çäkleri bolup çykdy.

Gökdäki baýraga ymtylmak bilen, şu aýady ýatda saklaň:

> “Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly ýörişine bizi elmydama şärik edýär...” (2 Korintoslylar 2:14).
>
> “Biz görgüdir muşakgatlary çekýäris, yzarlanmalara, açlyga, mätäçlige duçar bolýarys, howp-hatara we ölüm howpuna sezewar edilýäris. Eýsem bularyň bary bizi Isa Mesihiň söýgüsinden aýryp bilermi? Elbetde, ýok! Ýöne biz özümizi Söýýän arkaly bu kynçylyklaryň baryny ýeňýäris” (Rimliler 8:35, 37).
>
> “Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Rebbimiz Isa Mesih arkaly bize ýeňiş berdi” (1 Korintoslylar 15:57).

Hudaýa eýermegiňizi bes etmäň. Ýagdaýlaryňyzyň nähilidigine garamazdan, Onuň size beren görnüşini sypdyrmaň.

Ýusup çukura oklanylyp, soňra hem keseki ýurtda zyndana taşlananda, bu ýagdaýy umytsyz görünýärdi. Onuň durmuşy gutarana meňzeýärdi. Onuň gelejegi nähili bolardy? Şuny ýatda saklaň: “Ynsanlar üçin bu mümkin däldir, emma Hudaý üçin beýle däl — Hudaý üçin ähli zat mümkindir” (Mark 10:27).

Bu size hem degişlidir – ýagdaylaryň her näçe kynlaşýandygyna garamazdan, şuny ýatda saklaň: “Iman edýän üçin hemme zat mümkindir” (Mark 9:23).

Gelejekde garaşýan şatlygyňyza – Onuň sizde aýan boljak şöhratyna serediň. Bu size duş boljak kynçylyklaryňyzyň ählisini ýeňip geçmäge kömek eder. Ony tutuş ýürekde agtarmagyňyzy dowam ediň we Onuň Öz Sözi arkaly Öz Ruhy bilen size aýdýanlaryny ynanyň. Eger şeýle etseňiz, siz çölde ýeňiş gazanarsyňyz.

"Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn" (Ýahuda 1:24-25).

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

Eger siz şu kitaby “Çölde” atly okuw toplumy bilen utgaşdyryp okaýan bolsaňyz (bu oňat pikir!), men size hepdeleýin wideosapaklara seredip, toparda pikir alyşmaga niýetlenen degişli soraglara jogap bermegi maslahat berýärin. Wideosapaklar şu kitabyň esasy pikirini gaýtalaýarlar we olary ýaýbaňlandyrýarlar. Şonuň üçin-de, gatnaşyjylaryň hemmesi kitap bilen bilelikde bu sapaklara tomaşa etse gowy bolardy.

Lezzet alyň!

## 1-nji sapak

*1-nji baby okaň*

1. Hudaýyň hemme ýere ýetişýän tebigaty bilen Onuň aýdyň huzurynyň näme tapawudy bar? Bu tapawuda düşünmegiňiz näme üçin wajyp?
2. Haýsy möwsümdedigimizi saýgarmak we nirede: çölde ýa-da däl ýerleşýändigimizi bilmek näme üçin wajyp?
3. Näme üçin şeýtan bize bilgeşleýin günä etdirjek ýa-da imandan dändirjek bolup, synaga salýar?
4. Hudaý näme üçin çöldäki wagtymyzyň uzamagyna ýol berýär?

## 2-nji sapak

*2-nji we 3-nji baplary okaň*

1. Çölüň birnäçe maksady bar. Şu sapakda agzalan ýedi maksadynyň haýsy biri size has güýçli täsir etdi? Näme üçin?
2. Çölde Hudaýa gulak asmaklyk näme üçin ruhy ösüşe getirýär? Pikiriňizi paýlaşyň.

3. Çöl – bu öz-özüňi tanamak döwri. Hudaý bilen çölde gezen wagtyňyzda özüňiz barada bilen zatlaryňyzyň käbirini aýdyp beriň.
4. Tabynlygy öwredýän bu möwsümde Hudaýdan gujur-gaýrat tapmagy nädip öwrendiňiz?

## 3-nji sapak

### *4-nji baby okaň*

1. Wadanyň we onuň berjaý bolmaly wagtynyň arasynda hemişe proses bar. Bu proses näme üçin wajyp diýip pikir edýärsiňiz?
2. Taýynlyk prosesiniň siziň durmuşyňyzda amal edýän işine syn edipmidiňiz?
3. Hudaý näme üçin wadany siz taýynlyk prosesini geçmeziňizden öň berýär? Pikiriňizi paýlaşyň.
4. Durmuşyňyzda özüňiziň düzen bäşýyllyk meýilnamaňyz däl-de, Hudaýyň wadasynyň bolmagy näme üçin wajyp?

## 4-nji sapak

### *5-nji we 6-njy baplary okaň*

1. Şawul bilen Dawudy deňeşdirmeklik Hudaýyň çöl arkaly amal edýän päkleýşiniň ähmiýetine düşünmekde nädip kömek edýär?
2. Altyny arassalamak ony has ýumşak edýär; durmuşymyzdaky Hudaýyň arassalamasy bizi Ol babatda has ýumşak edýär. Hudaý babatda has ýumşak bolmak diýmek nämäni aňladýar? Muny beýan ediň.
3. Hudaýyň arassalamasy gizlin günäni ýa-da gowşaklygy ýüze çykaranda, biz muňa nähili garamaly?

## 5-nji sapak

### *7-nji baby okaň*

1. Hudaý näme üçin zeýrenji ýigrenýär? Siziň durmuşyňyzda zeýrenç nähili orny eýeleýär?
2. Malaky pygamberiň kitabyndaky adamlaryň zeýrenji bilen Ýermeýanyň arz-şikaýatynyň arasynda näme tapawut bar? Hudaý näme üçin birinji topara gaharlandy, emma Ýermeýanyň arzyna jogap berdi?
3. Kazylyk höküm edilmäni däl-de, karar çykarmany aňladýar. Kazylyk Hudaýyň öýünden başlananda, Ol Özüne hyzmat etmäge kimiň mynasypdygyny çözýär. Hudaý şeýle karary kabul edende, näme seredýär diýip pikir edýärsiňiz?
4. Hudaý hyzmata ýarajak meşikleri agtarýar. Çagyrylmak bilen saýlanylmagyň arasyndaky tapawudy nädip beýän ederdiňiz?

## 6-njy sapak

### *8-nji baby okaň*

1. Siz jebir-jepanyň peşgeş berilýändigini birinji gezek eşideniňizde, muňa nähili garadyňyz? Sapagyň ahyrynda nukdaýnazaryňyz nähili üýtgedi?
2. Hudaý biziň hötdesinden gelip bilmejek kynçylyklary bermez. Bu hakykat sizi ruhlandyrýarmy? Nädip ruhlandyrýar?
3. Hudaý siziň güýjüňiziň şindiki derejesinde galmagyna ýol bermez. Bu Hudaýyň siziň durmuşyňyz babatdaky meýli barada näme habar berýär?
4. Biz gelejekde käbir basyşlara duş bolarys. Şindi Hudaý şol basyşlara meňzeş synaglardan geçmäge ýol berýär. Hudaý siziň gelejegiňiz barada näme diýdi? Bu şindi başdan geçirýän basyşlaryňyza düşünmekde nähili kömek edýär?

## 7-nji sapak

*9-njy baby okaň*

1. Hudaýa eýermeklik hemişe akyla laýyk görünmeýär. Hudaý biziň adat bolan hereketlerimizi “bozanda”, näme üçin Oňa ynanmak kyn bolýar?
2. Hudaý garaşan wagtyňyzda hereket etmeýän wagtynda siz näme duýýaňyz? Hudaýyň beren wadasynyň yza süýşürilýän ýaly bolup görnende, siz nähili basyşlary we aldaw höweslerini duýýarsyňyz?
3. Siz: “Eger ten haýsydyr bir zady dünýä indirse, ony teniň-de özi goldamaly bolar” diýen hakykata öz durmuşyňyzda göz ýetirdiňiz diýip aýdyp bilýäňizmi? Bu durmuşyňyzda Hudaýyň dünýä indirýän zadyndan nähili tapawutlanýar?
4. Durmuşyňyzda Hudaýyň ýörelgesine eýerýändigiňiz babatda sizi näme ynamly edýär?

## 8-nji sapak

*10-njy baby okaň*

1. Çöl – bu Hudaýyň Özüni aýan edýän ýeri. Onda näme üçin Hudaý çölde şeýle uzak bolup görünýär?
2. Ilki bilen ýalkanyşlara däl-de, Hudaýa ymtylmaly diýen düşünje nämäni aňladýar?
3. Size berlen wadanyň ýa-da çakylygyňyzyň Hudaýyň hut Özünden has ähmiýetli bolup başlan ýagdaýynda bu näme üçin howply bolýar?
4. Hudaý Mukaddes Ýazgylardaky adamlara Özüni aýan edişini göreniňizde, bu siziň çöldäki wagtyňyzdan tama edýän zat-laryňyzy nähili üýtgedýär?

## 9-njy sapak

*11-nji baby okaň*

1. Teselli alýan gözbaşlarymyz, aýratyn hem ruhy gurakçylyk döwründäki gözbaşlar babatda näme üçin seresaply bolmaly?
2. Biz dileglere we Hudaýyň Sözüne has çuň aralaşanymyzda, aýratyn-da bulary edesimiz gelmeýän wagtda, bu ruhy köklerimizi nädip berkidýär?
3. Siziň hasylyňyzyň peýda bolmagynyň edil öňýanynda oňa iň uly hüjümleriň edilýändigi baradaky bilim sizi ruhlandyrýarmy?
4. Hudaýyň sadyklygy baradaky oýlanmalar näme üçin çöldäki wagtyňyzy özgerdýär?

## 10-njy sapak

*12-nji baby okaň*

1. Siziň geçen haýsy hem bolsa bir çölüňiz durmuşyňyzdaky indiki derejä geçmekde sizi nädip taýynlady?
2. Özgerişlikler näme üçin kynlyk bilen amal bolýar? Özgerişliklere uýgunlaşmakda iň uly böwedimiz näme bolup durýar?
3. Meşikleri täzelemek işinde haýsy zat size has güýçli täsir etdi? Bu näme üçin ünsüňizi çekdi?
4. Täze zada eýe bolmak üçin, biz könäni aýyrmaly. Täzäni kabul etmek üçin, siz haýsy köne zatlary aýyrmaly?

# GOŞUNDY
# Hemmelere elýeter bolan gutulyş

*“Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar”.*

**- Rimliler 10:9, 10**

Hudaý siziň doly manyly durmuşa eýe bolmagyňyzy isleýär. Ol sizi tüýs ýürekden söýýär we durmuşyňyz üçin niýeti bar. Ýöne öz ykbalyňyza eltýän ýoly saýlamagyň ýeke-täk bir usuly bar. Bu ýol – Hudaýyň Ogly Isa Mesih arkaly gutulyşy kabul etmek.

Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly Hudaý size, ýagny söýgüli ogluna we gyzyna Öz Şalygyna ýol açdy. Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy arkaly size baky bolelin durmuş elýeter boldy. Gutulyş – bu Hudaýyň size berýän peşgeşi, ony gazanyp bolmaýar, oňa mynasyp bolmak-da mümkin däl.

Bu gymmat peşgeşi almak üçin, öz günäňizi – durmuşyňyzyň Ýaradanyndan garaşsyz halda ýaşandygyňyzy boýun almaly (sebäbi bu öňde-soňda eden günäleriňiziň köki bolup durýar). Toba etmek – halas bolmagyň iň wajyp bölegidir. Petrus bäş müň adamyň halas bolan gününde bu barada aýdyň aýtdy: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň” (Resullaryň işleri 3:19). Mukaddes Ýazgylar her birimiziň günäniň guly bolup doglandygymyzy aýdýar. Bu gulçulyk öz köküni Adamatanyň günäsinden alyp gaýdýar; ol özerlkigiň we bitabynlygyň başyny başlapdy. Toba etmek – bu özüňize we ýalanyň atasy iblise tabyn bolmagy bes edip, mundan beýläk öz täze Hojaýynyňyza, ýagny siz üçin Öz janyny gurban eden Isa Mesihe gulak asjakdygyňyzy aňladýan çözgütdir.

Siz özüňizi Isa Mesihe tabyn edip, Ony öz Rebbiňiz etmeli, durmuşyňyzyň (Oňa ruhuňyzy, janyňyzy we bedeniňizi tabyn etmeli) ýgtyýaryny, tutuş durkuňyzy, özüňizdäki ähli zatlary Oňa bermeli. Şuny eden badyňyza, Hudaý sizi tümlükden boşadar we Öz Şalygynyň nuruna we şöhratyna getirer. Siz ölümden ýaşaýşa geçip, Onuň perzendi bolarsyňyz!

Eger siz Isa Mesih arkaly gutulyşy kabul etmek isleýän bolsaňyz, şu dilegi ediň:

*“Eý, Göklerdäki Hudaý! Men özümiň günälidigimi we Seniň dogrulygyňyň ülňülerine laýyklykda ýaşap bilmeýändigimi boýun alýaryn. Men öz günälerim sebäpli baky jeza mynasyp. Meni şeýle ýagdaýda taşlamaýandygyň üçin minnetdar, sebäbi men Päk gyz Merýemden doglan Öz ýeke-täk Ogluň Isa Mesihi meniň üçin ölmäge, haçdaky günämi Öz üstüne almaga iberendigiňe ynanýaryn. Men Onuň üçülenji gün direlip, şindi Seniň sagyňda ýerleşýändigine ynanýaryn. Ol meniň Rebbim we Halasgärim. Men şu gün Senden garaşsyz ýaşandygyma toba edýärin we öz janymy bütinleý Isa Mesihe tabşyrýaryn.*

*Isa Mesih, men Seni öz Rebbim we Halasgärim hökmünde ykrar edýärin. Meni durmuşyma Öz Ruhuň bilen gir we meni Hudaýyň perzendi edip, özgert. Men şu pursada çenli bolan tümlügimi ret edýärin we şu günden beýläk özüm üçin ýaşamaryn. Men Seniň merhemetiň arkaly Seniň üçin ýaşajak, sebäbi Sen meniň baky ýaşarym ýaly, Özüňi meniň üçin berdiň.*

*Ýa Rebbim, Saňa minnetdar. Meniň durmuşym indi Seniň eliňde we Seniň Sözüňde aýdylyşy ýaly, men utanja galmaryn. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin, omyn”.*

Maşgala hoş geldiňiz! Siziň şu wagt başdan geçirenleriňizi beýleki imanlylar bilen paýlaşmaga çagyrýaryn. Mukaddes Kitaba ynanýan ýerli

ýygnaklaryň birine gatnap başlamagyňyz we sizi imanda ruhlandyrmaga taýýar imanlylar bilen gatnaşmak wajypdyr. Siz biziň hyzmatymyza ýüz tutup bilersiňiz (MessengerInternational.org saýtyna giriň) we biz size ýaşaýan ýeriňizdäki ýygnagy tapmaga kömek ederis.

Siz iň ajaýyp syýahata ugradyňyz. Goý, Hudaý sizi aýanlykda, merhemetde we Onuň bilen dostlukda günsaýyn ösüp bilmegiňiz üçin boldan-bol ýalkasyn!




**“Messenjer Interneşenel”** adamlara, maşgalalara, ýygnaklara we halklara Hudaýyň Sözüniň özgerdýän güýjünde ýaşamaga we amal etmekde kömek bermek üçin döredilendir.
Bu özgerişler adamlaryň durmuşlarynyň güýçden dolmagyna, jemgyýetiň özgerip başlamagyna getirer we dünýädäki güýçli adalatsyzlyga berk jogap berer.

---

CLOUD LIBRARY

**Cloud Library** — bu onlaýn platformadyr. Ol dünýädäki ähli liderlere öz dillerindäki sifrlenen resurslary mugt ulanmaga mümkinçilik berýär.

**CloudLibrary.org** saýtynda siz Jon bilen Liza Biweriň **100-den** gowrak dile terjime edilen resurslaryny tapyp, aňsatlyk bilen indirip bilersiňiz.

**Elektron kitaplar, wideo-we-audiosapaklar, audiokitaplar, Mukaddes Kitaplary....**

Has köp isleýäňizmi? Şu ýerde skannirläň:

**CloudLibrary.org**

# Bakylykdan ylhamlanýanlar

***Şindi we bütin bakylykda manysy bolan durmuş***




Ýer ýüzündäki ýaşaýyş – gözden gaýyp bolýan duman kimin bolsa-da, biziň köpimiz onuň beýleki tarapynda hiç zat ýok ýaly ýaşaýarys. Emma biziň şindiki durmuş ýörelgämiz bakylykdaky durmuşymyzy kesgitleýändir. Hudaýyň Sözi imanlylaryň dürli derejedäki sylaglary aljakdygy, ynsanyň gazanan zatlarynyň onuň gözüniň alnynda ýanyp ýok boljakdygy we hemme zadyň Isa Mesihiň şalyk sürmegi bilen tamamlanjakdygy barada bize aýdýar.

Jon Biwer 2 Korintoslylar 5:9 – 11-de beýan edilen prinsipleriň esasynda bize ähli imanlylaryň Isa Mesihiň öňünde durup, ýerde ýaşan ýaşaýyşlaryna görä sylag ýa-da jeza aljakdygyny ýatladýar. Biziň köpimiz ömrümizi bakylykda hasaba alynmaýan biderek zatlara sarp edendigimizi bilenimizde, ruhy sargynlyga duçar bolarys.

Şunlukda, biz ömrümizi nädip manylandyryp bileris? Siz “Bakylykdan ylhamlanýanlar” atly kitapdan öz çakylygyňyzy saýgarmagy we Hudaýyň size berenlerini artdyrmagy öwrenersiňiz. Durmuşa bakylyk nukdaýnazaryndan garamak bilen, siz şindi berlen zatlaryň üstünde zähmet çekmäge gujur-gaýrat alarsyňyz.

Jon bilen Liza Biweriň şu kitaby we beýleki taglymlary Messenjer hyzmatynyň saýtynda elýeterdir. Siz CloudLibrary.org saýtynda akymlaýyn wideolary görüp, ondan resurslary mugt indirip bilersiňiz.

CloudLibrary.org

## DURMUŞYŇYZYŇ KYNÇYLYKLY TAPGYRYNDAN GEÇENIŇIZDE: “HUDAÝ, SEN NIREDE?!” DIÝIP, ÖZÜŇIZI ALJYRAŇŇY DUÝÝAŇYZMY?

Siz, belki Hudaýyň sesini eşidensiňiz, ýöne indi Ol dymýan ýaly bolup görünýär. Siz, belki imanda hereket edensiňiz, ýöne indi Onuň huzuryny tapyp bilmeýäňiz. Eger şeýle bolsa, çöle hoş geldiňiz – bu ýer Hudaýdan wada almak bilen onuň berjaý bolmagynyň arasyndaky ýerdir.

Ýöne bir oňat habar hem bar: çöl – bu maksatsyz we boş ýer däl. Siz bu çölden dogry geçen ýagdaýyňyzda, Hudaý ony öz çakylygyňyza taýynlamak we ýol şaýyňyzy üpjün etmek üçin  ulanýar. Köp adamlaryň näme pikir edýändigine garamazdan, biz bu möwsümden diňe Hudaýa garaşyp geçmeýäris. Siz çölden geçeniňizde, öz roluňyzy ýerine ýetirmeli; siziň roluňyz ähmiýetlidir. Eger siz wagtyňyzy biderek sarp edip, şol bir ýerlere öwran-öwran aýlanmak islemeseňiz, çölüň nämedigini bilmelisiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer aýanlykdan doly bu kitabynda Mukaddes Kitabyň açary bilimlerini we çuň manyly wakalaryny siziň bilen paýlaşýar. Olar size gurak we kyn möwsümlerden geçip, Hudaýyň siziň üçin taýynlan zatlarynyň ählisine girmäge kömek eder.



**JON BIWER** – halkara wagyzçy we bestselleriň awtorydyr. Ol Hudaýyň Sözi babatdaky berk garaýyşlary bilen tanalýandyr. Jon we onuň aýaly Liza Biwer “Messenjer Interneşenel” hyzmatyny esaslandyryjylardyr. Bu hyzmatyň maksady – Isa Mesihe örän sadyk bolan we dünýämizi özgerdip biljek şägirtleri aýaga galdyrmak. Jon Kolorada şatatynda öz öýünde bolan wagty dört ogly bilen dürli oýunlary oýnaýar we Lizany golf oýnuny oýnamaga yrjak bolýar.

Mugt indirmeler we akymlaýyn wideo-lar üçin **CloudLibrary.org** saýtyna giriň.

Cloud Library

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Bu kitap awtordan sowgat.
Satuwa degişli däl.

Has köp bilmek isleýäňizmi?
Şu ýerde skanirläň:

CLOUD LIBRARY